GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

# MERT ÝIGITLER GAÝRAT ÜÇIN DOGULÝAR

Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

*– Ösüşiň täze belentliklerine ynamly barýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň esasy ulgamlarynyň biri bolan Türkmenistanyň Içeri işler edaralarynyň dürli ugurlarynda gulluk edýän işgärleriň her biri lebzi halallygy, kalby päkligi, watansöýüjiligi, ugurtapyjylygy, başarnygy hem-de adamkärçiligi bilen hemmelere nusga bolmalydyr.*

GURBANGULY
BERDIMUHAMEDOW

# MERT ÝIGITLER GAÝRAT ÜÇIN DOGULÝAR

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 355/359
B 50

Gurbanguly Berdimuhamedow
B 50 **Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

*Türkmenistanyň Prezidenti binýady berk döwletiň hemişe adalata, ynsansöýüjilige daýanýandygyny «Döwlet adam üçindir!» diýen şygary durmuşa giňden ornaşdyrmak bilen dabaralandyrdy. Hormatly Prezidentimiziň «Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar» diýen täze kitabynda şol hakykat açylyp görkezilýär. Okyjy bu kitaby okap, mert pederleriň ýolunyň mynasyp dowam edýändiginiň anyk durmuş mysallary bilen tanyş bolar. Bu kitap jemgyýetiň iň kämil ýörelgeleri – adalata hem-de ynsanperwerlige ruhlandyrýan joşgunly, taryhy taýdan çuň mazmunly pikirlere baý bolup, okyjylaryň giň köpçüligine niýetlenendir.*

TDKP № 218, 2017 KBK 68.49 (Tü)

© G. Berdimuhamedow, 2017.
© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.




**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI,
TÜRKMENISTANYŇ ÝARAGLY GÜÝÇLERINIŇ
BELENT SERKERDEBAŞYSY GOŞUN GENERALY
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## DURMUŞYŇYZ ASUDA BOLSUN!

Zeminiň ýüzünde asuda durmuş höküm sürsün!

Asudalyk şeýle bir çuň düşünje, çünki ol häzirki zamanyň parahatçylygy, Zeminde sagdyn ekologik ýagdaýy gorap saklamak, ykdysady durnuklylygy gazanmak, ekstremistik howplara, terrorçylyga garşy göreşmek, milli demokratiýany kämilleşdirmek, halkara meseleleri babatda gaýragoýulmasyz çözgüde gelmek ugrundaky işleri we şular bilen bagly beýleki köp wezipeleri öz içine alýar.

Häzirki günde döwletimiziň her bir raýaty, Türkmenistana gelýän myhmanlar üçin türkmen durmuşynyň asudalygy ünsden düşürilmesiz hem-de hemişe goralmaly baýlygymyzdyr. Dünýäniň asudalygy, ýurduň asudalygy, öý-ojagyň asudalygy, ine, şular türkmen maşgalasy, dünýäniň her bir ynsany üçinem iň eşretli ýaşaýyşdyr. Asudalyk hakyndaky pikir halk paýhasynda müdimi ýaşaýar. Habarlaşmagyň ilkinji alamatlarynyň arzuwlardan, ýagşy dileglerden başlanmagy hem türkmen maşgalasynyň üýtgewsiz edähedi bolup, asudalygyň gözbaşynyň şol arzuwlardadygyna ata-babadan bäri gelýän ynamymyz synmaýar.

Häzirki döwürde eziz Diýarymyzyň obadyr şäherlerinde, ak merjene deňelýän döwrebap paýtagtymyz Aşgabatda gijeler hem, gündizler hem töweregiňi, daşky gurşawyň tebigy hem-de adam eli bilen döredilen gözelli-

gini isledigiňçe synlamaga mümkinçilik bar. Şu rahatlyk, şu asudalyk jemgyýetçilik tertibiniň kämil ýagdaýyny aňladyp, mähriban Watanymyzda howpsuzlyk bilen bagly işleriň, şonuň bilen bir hatarda Içeri işler edaralarynyň düzümleriniň işleriniň sazlaşykly ýola goýlandygyny hem subut edýär diýip bellemek isleýärin. Sebäbi bu hakykatyň özi halkymyzyň asuda ýaşaýşy, parahat geljegi, agzybirligi üçin jan çeken geçmiş gahrymanlarymyzyň, ynsanperwer ata-babalarymyzyň yhlasynyň gowuşmagydyr.

Ata-babalarymyzyň ýürek yhlasy döwletlilikdedir.

Bu günki Garaşsyz, hemişelik Bitarap Diýarymyz olaryň hakydalarynda müdimilik orun alan ajaýyp durmuş hakyndaky düşünjäniň aýdyň durmuş beýanydyr. Eziz Watanymyzyň şu gününi pähimiňden geçirip, munuň şeýledigine göz ýetirýärsiň. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň manysy hem asuda durmuşymyzyň manysy bilen çuňlaşýar.

Asuda durmuş berkarar döwletli bolmakdan hem iňňän giň düşünjedir. Biziň döwletliligimiziň binýady berkden tutulandyr, çünki bu diňe bir durmuş hal-ýagdaýyňy, gün--güzeran derejäňi gowulandyrmak däldir. Munda «mertebe» diýlen düýpli düşünje bardyr. Halkymyz elgarama bolman, öz rysgalyňy özüň tapmagy, öňi bilen, ynsanlyk borjy hasap edýär. Şonuň üçinem asyrlara nazar aýlaýarsyň welin, ata-babalarymyzyň her hili çylşyrymly ýagdaýlarda hem güzeranyny aýlamagyň ýollaryny halal zähmetden gözländiklerine göz ýetirýärsiň. Kynçylyklar olary özleriniň

ynam-ygtykatlaryny, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny aýap saklap, özüniň azaby, pähimidir zehini, başarnygy bilen ümmülmez sähranyň, dag dereleriniň hakyky eýesi bolup, ynamly, belent ruhly ýaşamaga taplapdyr. Şeýlelikde, adam üçin iň bahasyz baýlyga – tebigata ýakyn bolup, adamyň mümkinçiliklerini giňeltmegiň, şony hem özüňde ýaşatmagyň syrlaryny öwrenipdirler. Ine, owazasy dünýä dolan ahalteke bedewimiz, älemgoşar ýaly halymyz, göräýmäge juda ýönekeýje saz gurallarynda döredýän milli aýdym-sazlarymyz, geçmiş durmuşynyň anyk kadalaryny özünde beýan edýän halk döredijilik eserlerimiz hut şol aýratynlygyň netijesidir. Türkmen sazyny diňlän her bir adam türkmen topragynyň şol saza berýän güýjüne haýran galar. Çünki bu ýerde älemgoşar ýaly aňyňda şekillenýän gözellik bilen aň-üşük, paýhas arkaly dura-bara hakydaňa ornaşýan gözellik hem ýaşaýar. Onuň hakyky durkuny duýup bilen, synlan adam ony soň esli wagtlap ýadyndan çykarmaz. Şular baradaky pikirlerimi men hemişe belleşdirip goýýaryn. Sebäbi öz Watanyň hakynda düýpli duýgyň bolmasa, Watanyň tutuş durky barasynda, onuň tikendir daşlary, çägesi hem akar bulaklary, bularyň barysy hakynda döredijilikli anyk işi kesgitlemek hem öz hakyky manysyna ýetip bilmeýär diýip pikir edýärin.

Biziň üçin esasy baýlyk ýurt asudalygymyzdyr. Ertirki gün Zeminiň geljeginiň eýeleri bolan ýaş nesillere tüsse--tozandan arassa parahat ýurdy, mal-mülki üpjün bolan

asuda durmuşy, kalbymyza entek çaga wagtlarymyzdan bäri ornaşyp galan ýakymly hüwdüleri, aýdymlary, dessanlary, ertekileri, asylly edim-gylymlary, milli medeniýetimiziň nusgasy bolan däp-dessurlarymyzy miras galdyrmaly. Ýene-de sansyz köp zady, parç bolup oturan meýdanlary, daglary, çölleri, durnanyň gözi ýaly arassa suwy, howany, asla bizi gurşap alan ähli zatlary aýamagy, şeýdip, olara öwredýäris. Munuň-da asyl sebäbi tebigata, ene-ata, zähmete, mähriban Watana söýgi ilki şol terbiýeden başlanýar. Şonuň esasynda hem adam özgeleriň ykbaly hakynda oýlanmagy öwrenýär, Zemini, asuda durmuşy goramagyň gymmatyna düşünýär.

Jemgyýetçilik düzgün-tertibini goramak diýmek juda giň manyny aňladýar.

Meniň bulary turuwbaşdan ýatlaýanlygym, «türkmençilik» diýen düýpli sünnälenilen ýörelge arkaly nähili amallaryň adamkärçiligi bezeýändigini, haýsylarynyň bolsa adamyň mertebesine laýyk gelmeýändigini bize çagalykdan ündediler. Indi seredip oturýan welin, şol wagtlarda «türkmençilige gabat gelmeýän» hökmünde sargalan ýagdaýlara duçar bolmazlyk babatdaky kanunlaryň resmi kabul edilmegi bilen berkidilipdir.

Häzirki wagtda Diýarymyzyň tebigatyny gorap saklamak boýunça durmuşa geçirýän işlerimiz hem muny aýdyň subut edýär. Çünki bular bir ýurduň çäginden çykyp, tutuş dünýäniň derejesinde sazlaşykly ýagdaýda çözülmeli me-

selelerdir. Şular hakynda aýdyp, iň abraýly halkara guramasy bolan BMG-niň çäginde alnyp barylýan halkara hyzmatdaşlyklarymyzyň geriminiň giňeýändigi bellenilmelidir. Men Türkmenistanyň howpsuzlygyny üpjün edýän edaralarynyň, has anygy, Içeri işler ulgamynyň öňündäki iň uly wezipe hem şulara aýdyň düşünmekdedir diýip, aýratyn nygtamakçy bolýaryn. Halkymyz ýaş nesilleri ýazylmadyk kanunlar esasynda halallyk hem-de günä işi etmezlik baradaky öwütler bilen terbiýeleýär. Taryhymyz bize şular bilen bagly rowaýatlary, parasatly aýtgylary sapak edip galdyrypdyr. Türkmen: «Aç başym – dynç gulagym» diýýändir. Bu sözüň manysyny şeýle teswirlemek isleýärin. Her bir adamyň içinde öz «meni» bar. Şol «men» sähel nätakyk hereket etseň, şony saňa duýdurýar. Şol hem rahatlygyňy alýar. Türkmençilikde ýaşululara geňeş salnanda, olaryň «Göwnüňe geňeş» ýa-da «Öz ýüregiňi diňle!» diýmekleri hem şonuň üçindir. Türkmen içindäki «menine» «ynsap» diýýär. Her bir amalyny ynsabyna laýyklap edýär. Özüne zelel geljegini, köp bähbidinden galjagyny bilse-de, galp işe ýüz urmaýar. Ynsap – ýaşaýşyň ezeli kanunynyň ölçegi. Türkmençilikde baý bolsun, beg bolsun diýilmezden öňinçä, «Ynsaply bolsun!» diýilýär. Uly adam bir işi nälaýyk etse, oňa öwretmezden, käýinmezden öň «Ynsabyna guýulsyn!» diýilýär. Şol adalat terezisi dürs bolsun diýildigi bu! Ynsaply kişi jemgyýete görelde, onuň ady iliň içinde bellidir. Il ony mertebelär, geňeşdar hasap eder. Iň adalatly çözgüde gelinjek bolsa, oba içinden şolar

ýaly ynsaplylygy bilen ata-baba özüni tanadyp gelýän maşgalanyň ýaşulusyna maslahat salynýar. Ynsap ölçeginiň birligi duýguda, halk kimiň ynsaplydygyny, kime doly ynanyp boljakdygyny duýýar, aňýar, ony aýnada gören ýaly anyk edýär. Hut şeýle duýgy-terbiýe bilen kemala gelen nesilleriň durmuşda adamkärçilik ýörelgelerine berk ygrarly boljakdygyna men ynanýaryn.

Ýöne durmuş bir gämi, adamyň tebigaty hem dürli bolup, onuň şol ýoldaky ýüzüşleri birmeňzeş kabul etmejekdigi hem düşnüklidir. Durmuş tejribesini baýlaşdyrmak üçin häzirki wagtda baý mazmunly kitaplar has-da köp. Ýöne kitapda adamyň ähli ýagdaýyny doly suratlandyrmak mümkin hem däldir. Sebäbi her adam hem açylmadyk dünýä, onuň özi tebigatyň gaýtalanmajak nusgasy diýmek isleýärin. Şonuň üçinem adamyň özi öz dünýäsini açyp, dünýäsine düşünmese, oňa nämäniň derwaýysdygyny öwrenmese, özge birine oňa ýol salgy bermek kyn düşer diýýärin. Nesilleriň borjy adam tebigatynyň umumy kabul edilen we asyrlaryň dowamynda kabul edilýän kanunlaryny geljekki nesillere geçirmekdedir. Ondan özüne esas alyp, her bir kişi soň özüne düşünmegi öwrenýär. Bulary nygtaýanlygym, «Alym bolmak aňsat, adam bolmak kyn» diýen nakyla uýan pederlerimiziň bolandygy üçindir. Men munuň şeýledigini yzygiderli belleýärin. Sagdyn jemgyýeti kemala getirmek babatda durmuşa geçirilýän işleriň wajypdygy şol zatlary hyýalyňa getirýär.

Halal, ynsaba togap edýän, zähmetsöýer, göwnaçyk, myhmana sahawatly halkymyzyň abadan ýaşaýşy döwletimiziň syýasy-jemgyýetçilik ulgamlarynyň hemişe üns merkezinde bolmalydyr. Sebäbi halallyk, adalatlylyk diýmegiň özi juda gymmatly düşünjedir. Halal, saýhally, edep-terbiýeli, zähmetsöýer adamlaryň jemgyýetde öz orunlaryny tapmagy iňňän wajypdyr.

Biz ýurdumyzyň döwrebap ilerlemelerini nazara almak bilen döwletimiziň kanunçylyk namalaryna degişli özgertmeleri girizmek barasynda Türkmenistanyň Mejlisiniň öňündäki wezipeleri kesgitleýäris. Jemgyýetde kanunçylyk düzgün-tertibiniň talabalaýyk berjaý edilmegi, raýatlaryň Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan gelip çykýan erk-isleginiň ýerine ýetirilmegi möhüm bolup durýar. Şular bilen baglylykda, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralary has uly jogapkärçilige eýedirler. Sebäbi il-ulus ilki öz jemgyýetçilik kanuny – türkmençilik ýörelgesi arkaly bolan hadysa babatda öz ynsap terezisinde saldarlap, soň netije çykarýar. Soňra resmi taýdan yglan edilen kanuny netije hem şony tassyklar. Şu düşünjeler esasynda hem jemgyýetimiziň agzybirligi has-da pugtalanýar diýip hasap edýärin. Il-ulsumyzyň arzuwy hem asudalyk, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň düzümindäki gulluklaryň aladasy hem asudalyk. Olar asudalygyň goragynda durýarlar.

Bu gullugyň işiniň özüme has ýakyndygyny şu ýerde ýaňzytsam, dogry bolarmyka diýýärin. Men Türkmenistanyň Içeri işler edaralarynyň gullukçysynyň maşgalasynda terbiýelendim. Şu mazmuna ähmiýet berýänligim, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň düzümleriniň işini has-da kämilleşdirmek babatdaky wezipelere ýardam bermek maksadym, olaryň işini sazlaşykly ugrukdyrmagyň möhümdigine bolan pugta ynamym bilen baglanyşyklydyr. Şol maşgalada terbiýelenmegim hem meni köp zatlara borçly edýär diýip hasap edýärin. Sebäbi halkymyzda iň uly mertebelilik, ilhalar adam bolup ýetişmeklik öz ýakynlaryň ynamyny ödemekdedir. Soňra şol ynam bilen adamkärçiligiň asylly ýörelgesi özleşdirilýär, daş-töweregiňe ýagşy täsir etjek işler durmuşa geçirilýär. Çagalykdan kakamyň: «Ýöräp baryp biljek ýeriňe hiç wagt ylgama» diýen sözlerini şu ýerde hem ýatlasym gelýär. Alňasap alyp biljek galaň ýok, esasy zat wagta many bermek, şöhratlylyk bilen abraýlylygyň çägini kesgitlemekdedir diýýärin. Ine, şol sözleriň manysy ýurdumyzyň düýpli esasly ösüşleri arkaly hem açylýar. Ynsanlaryň ykbalyna biparh garamazlyk biziň maşgalamyzda adaty zada öwrüldi. Bu sözleri aýdýanlygym, elbetde, ilkinji gezek hem däl. Men her bir türkmen maşgalasynda öz öý-ojagyna, ene-atasyna guwanjyň bolmagyny isleýärin. Öz halkymyzyň adamkärçilik mertebesi babatda ruhubelentligine hem ynanýaryn.

Nesillerimiz öz pederleriniň halallykdan galdyran binasyna buýsanmalydyr. Halallykdan galdyrylan binanyň düýbi iňňän berkdir. Oňa hiç bir gara güýç hem täsir edip bilmez. Her bir türkmen maşgalasynyň, dünýäde her bir ynsanyň hem halal, adalatly, ynsabyna laýyk ýaşaýandygyna ynanmagy gerekdir diýýärin. Dogrusy, «Meniň öz durmuşym bar, göwnüme gelenini edýärin» diýip ýaşamagyň şertli ýagdaýda dogrudygyny aýdaýyn. Sebäbi, eger jemgyýetçilik kanunyna laýyk gelýän bolsa, başgalaryň durmuşyna zeper ýetirmeýän bolsa, öz-özüňe näme derkardygyny has gowy bilip, hususy düzgün-tertibiňe laýyk hereket etmegem bolar. Her maşgalanyň, her bir ynsanyň öz şahsy düzgün-tertibi bardyr. Men köpçülige ýagşy görelde ýaýýan adamlar, maşgalalar dogrusynda aýdýaryn. Ýagşy terbiýeli, il-gününe ygrarly, ýiti zehinli, giň dünýägaraýyşly, kämil düşünjeli ogul-gyzlar diňe bir maşgalanyň däl, tutuş Watanymyzyň guwanjydyr. Olar ýurdumyzyň ylym-bilim hem-de terbiýeçilik edaralarynda, şonuň bilen hem jemgyýetiň iň kiçi ülşi bolan maşgalada berlen edep-tälimiň durnuklydygyny aýan edýär. Adam ýaşy näçe bolsa-da, özüniň ýaşlygynda alan terbiýesi, görüm-göreldesi, edep-ekramy esasynda özüni kämilleşdirýär. Ýaşlygyňda, hususan-da çagalyk ýyllaryňda maňzyňa guýlan edep zandyňa ornaýar. Soň durmuşda ol saňa hemişe uly işlere hyjuw berýär. «Şu wezipäni kakam nähili edip çözerdikä?» diýip oýlanýan halatlaryň hem

2*



bolýar. «Bu mesele hakda ol ýeterlik bilermikä?» diýdigiň, eýýäm özüňe göwnüýetijilik başlanýar diýip hasap edýärin.

Ýurdumyzda her ýyl Ýaşulularyň maslahaty geçirilýär. Döwletimiziň durmuşyndaky köpçülikleýin dabaralara hökman ýaşuly nesliň wekilleri gatnaşýarlar. Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda olar bilen öňde duran wezipeler hakynda maslahatlaşýarys. Ýaşulular her bir işde bize pähimdar maslahatçy. Ulynyň sözüne sarpa goýmak, onuň pikirini diňlemek biziň milli terbiýämizde has güýçli hem bolsa ahmal.

Türkmen maşgalasynda ene-ata çagalaryny terbiýelemegi ilkinji borjy hasap edýärler. Irki döwürlerde türkmen döwletlerinde okatmak, tälim öwretmek üçin ýörite atabegleriň bolandygy hakynda aýdylýar. Türkmen dessanlaryndan hem görnüşi ýaly, ene-ata perzendiniň terbiýesine gönüden-göni dahylly adamlar bolup, enekeler hem käbir halatlarda ýardam edipdirler. Perzende söz edebini, hereket edebini, kalp edebini öwretmek, ilkinji nobatda, ene-atanyň borjy bolup durýar. Magtymguly akyldar, ilki bilen, edep-terbiýe, tälim babatda öz atasyna minnetdar bolýar. Geçen asyrlarda ýaşan türkmen han-begleriniň durmuşy hakynda ýaşulular gürrüň berenlerinde, olaryň ene-atadan, soňra halypasyndan mynasyp terbiýe alandygyny aýdardylar. Şu ýerde «Mertler Watany beýgeldýär» diýen kitabymda ýazan käbir setirlerimi ýatlamak isleýärin. Olarda Keýmir serdar barasynda aýdylýardy. Ýeri gelende

Keýmir serdaryň öz pähimi bilen halky kyn ýagdaýlardan alyp çykan ruhubelent watançy, iňňän ýiti paýhasly, akylly il ýaşulusy bolandygyny bellesek, artykmaçlyk etmezmikä diýýärin. Onuň tamdyrtowy alyp gelýän pursadyny beýan edipdim. Serdaryň arkasyna tamdyrtowy alyp gelmegi, hojalygy üçin gydyrdanyp ýörmegi myhmany geňirgendirýär. Şonda Keýmir serdar oňa:

– Men ilimiň hany, serdary bolaýyn, öz öýümiň hemişe hyzmatçysydyryn. Öz maşgalasynyň aladasyny etmeýänden iline serdar bolmaz – diýipdir.

Meniň özüme berlen terbiýe, edep-ekram üçin ene-atama minnetdardygymy şu ýerde ýene-de aýdasym gelýär. Ene-atanyň sözi, ulularyň aýdany ýaşlar üçin mekdepdir. Ulynyň her bir sözi, hereketi ýaşlara nusga bolmalydyr.

Şular dogrusynda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň gurluş düzümleriniň öňünde iňňän uly wezipeler bardyr. Beýle diýýänligimem, olaryň baş wezipesi düzgün bozulmalaryň, jenaýatyň ýüze çykmagyna ýol bermezlikdir. Olar jemgyýetçilik düzgün-tertibiniň kadalarynyň, Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan gelip çykýan talaplaryň berjaý edilmeginde raýatlar, ýurdumyzyň myhmanlary üçin ugrukdyryjynyň hyzmatyny ýerine ýetirmelidirler. Şonuň üçinem bu ugurda iş alyp barýan gullukçylaryň, ýönekeý işgärleriň öz öňündäki anyk talaby aýdyň duýmaklary möhümdir. Olar jemgyýetçiligiň arasynda ýygy-ýygydan bolup, hakyky işiň mazmunynyň nämeler-

den ybaratdygyny, asyl maksadyň nämelerde jemlenendigini raýatlara düşündirmelidirler. Olaryň, aýratyn-da ýaşlaryň mynasyp terbiýe almaklarynda, wagyz-nesihat çärelerinde ýardamçy bolmagy wajypdyr. Sagdyn bedenli, sagdyn ruhly ýaşlary kemala getirmekde olar hemişe görelde bolmalydyrlar. Çünki fiziki taýdan taýýarlykly, halkymyzyň edep-terbiýä gezek gelendäki berk talaplaryndan habarly bolup, milli terbiýämizden gelip çykýan ýörelgeleriň hakyky kanunçylyk resminamalarynda ornunyň bardygyny hem ýakyndan duýmalydyrlar. Her bir durmuş hadysasyna şeýle nazar bilen garap, düýpli düşünmegi başarmalydyrlar. Ýurdumyzyň asuda durmuşy olaryň hünär ussatlygyna, öz öňlerinde duran wezipä nähili derejede düşünýändiklerine baglydyr.

Çaga ýalňyşsa ýa hata iş etse, «Enem-atam näme diýer?» diýip howatyrlanýar, gaýga batýar. Soň ýetginjeklige ýetende adamda: «Il näme diýer?» diýen düşünje döreýär. Şol düşünje oňa oýlanyşykly durmuş ýagdaýyny alyp barmaga itergi berýär. Özi esli ýaşap, agtyk-çowlukly bolan adamlaryň hem ene-atanyň aýtjak sözüne dykgat edýändikleri ýalňyşmazlyk islegindendir. Üns edip görseňiz, biziň her birimizde-de şol häsiýet bardyr.

Häli-häzirlerem enem-atam bilen didarlaşmak, säher bilen olaryň hal-ahwalyny soraşmak edähedimi berk berjaý edýärin. Şolaryň ýürekden aýdan sargytlary ýa-da arzuwlary ýaly mähirli söze dünýäde duşmajagymy-da





bilýärin. Ýöne özüme we özümiň neberäme halkymyň nazary bilen garaýaryn. Sebäbi aňyrsyna seredeniňde-de, halk, diňe halkyň özi biziň her birimize iň hakyky we adalatly baha berýär.

Mähriban kyblamyň ömür ýoly – maňa nusgalyk ýol, onuň asylly, beýik ahlak sypatlary meniň idealym, meniň durmuş uniwersitetim. Men şu durmuş ykrar etmelerimi il-ulsum bilen öň hem paýlaşypdym. Şolardan ýene-de birini ýatlaýyn: Meniň atam-enem öýümizde hemişe myhmansöýerlik ýagdaýynyň höküm sürmegini üpjün edýärdiler. Olar adamlar, dostlarymyz, garyndaşlarymyz bilen didarlaşmaga örän şatdylar we hemişe beýlekileriň kynçylykly meselelerini çözmäge gatnaşýardylar.

Adama hemişe öwrenip gezmek laýykdyr. Durmuşyň manysy soralsa, men muňa «öwrenmekde» diýip jogap bererin. Ene-atadan, ýakynlaryňdan, obadaşlaryňdan, tanyş-bilişleriňden, işdeşleriňden, dostlaryňdan hemişe haýsydyr bir zady sapak edinip alýarsyň, olardan öwrenýärsiň. Olar bilen didarlaşmaga höwesekligiňem öwrenmäge tebigy islegindendir diýlip düşündirilse, dogry bolarmyka diýýärin. Mende ýaşlyk döwrümizde şäheriň etegindäki obalara gezelenje gidýänligimiz, ol ýerdäki ýaşulularyň, dürli gylyk-häsiýetli, täsin ukyply adamlaryň nähili gyzykly söhbet edýändikleri hakynda ýakymly ýatlamalar bar. Häzire çenli durmuşyň sapagyny adamlardan öwrenip, maňa dürli derejedäki, her hili häsiýetli adamlaryň




*«9 Aşgabat komissarlary» ýadygärliginiň öňünde düşürilen surat*

haýsydyr bir ugurdan peýdaly ündew edendiklerini, tymsallar arkaly düşündirendiklerini minnetdarlyk bilen ýatlaýaryn. Sebäbi hem türkmen halkynda ulus-iliň bilen bir bitewi göwre bolmak ynamy berk ahyryn! «Ilim-günüm bolmasa, Aýym-günüm dogmasyn» diýilýändigine salgylanmagy halaýaryn. Eziz kyblam Mälikguly Berdimuhamedowyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynda baý iş tejribesiniň bardygyny aýdanymda, men mähriban kakama guwanýaryn. Onuň henizem käbäm bilen il-ulsuň ýagşy dileginde bolup, jemgyýete nusga bolup ýörmegi meniň üçin taýsyz uly baýlyk! Men bu baýlygy örän ýokarda goýýaryn, mahlasy, kalbymyň ruhy joşguny şolaryň sag-gurgunlygyna hem bagly diýip aýtmak isleýärin. Bu nusgalyk ýoly men köp wagtlap öwrendim. Ýene-de anyklamaly maglumatlarym bardyr. Ýene-de öwrenerin, ýene-de olar hakynda ýazaryn, çünki bu meniň perzentlik borjumdyr. Özüňdäki ýagşy göreldäni ýaýmak, jemgyýete asylly ündewleri etmek borjy hem örän uludyr.

Türkmenistanyň Içeri işler edaralarynyň düzüminde işlän, köpi gören gullukçynyň ömrüniň görelde alarlyk, çuňňur manyly pursatlaryna köp gezek şaýat bolandygym sebäpli, men taryhyň peşgeş eden şol durmuş sahypalaryna ýaňadan göz gezdirmegi halaýaryn. Olaryň Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň şahsy düzüminiň ähli gullukçylary, hünärmenleri, esgerleri üçin gymmatly sapak, durmuş tälimi boljakdygyna ynanýaryn.



*«Abadançylyk» binasy*

## IŇ GYMMATLY MIRAS

Ir zamanlar bir adam dananyň ýanyna maslahata barypdyr.

– Dana, meniň ähli baýlygym bar. Okadym, her dürli tälimleri, hünärleri öwrendim. Ummasyz köp baýlyk topladym. Garaz, göwnümde arman galar ýaly bolmady. Indi özümden soňky nesillere iň gymmatly baýlygymy miras galdyrasym gelýär – diýipdir. Özüniň näçe hazyna, mal--mülk we başga-da nämeleri miras galdyrsa, islegini doly amal edip biljekdigini ondan sorapdyr. Dana oňa perzendi hakynda sowal beripdir. Soňundanam:

– Dünýäde iň gymmatly baýlyk terbiýedir. Terbiýe bilen galdyrylan baýlygyň bahasy ýokdur – diýipdir. Şondan soň ol adam dananyň özüne ähli ýaş nesilleriň geljekki ykbaly üçin her bir ynsanyň jogapkärçiligi duýmalydygy hakynda aýdandygyna düşünipdir. Galan ömrüni çagalary dürli ugurlardan terbiýelemeklige, olara hünär öwretmeklige, çagalar bilen dostlaşmaga bagyşlapdyr. Şu mazmundaky tymsallar bir ýa iki däldir. Olar köpdür. Halk paýhasynda nämäniň has derwaýysdygy hakyndaky tymsallaryň iňňän köp sanlysy işlenilipdir. Adam ömri, durmuşyň manysy hakyndaky köptaraplaýyn düşünjeler umumadamzat mirasyny bezeýär.

Biz dünýä halklary bilen dostlukly gatnaşyklara ähmiýet bermek bilen, adamzat mirasynyň dürdäneleriniň



*«Bitaraplyk» binasy*

ynsanperwer pikirli islendik halk üçinem derwaýysdygyny nazara alýarys. Birleşen Milletler Guramasy bilen strategiki esasda, ýakyndan we köpugurly hyzmatdaşlyk etmegi Türkmenistanyň daşary syýasatynda ileri tutýandygymyz hem şu maksada aýratyn ähmiýet berýändigimizi aňladýar. Birleşen Milletler Guramasy dünýäde iň iri we abraýly halkara guramasy bolandygy üçin, häzirki zaman halkara gatnaşyklary ulgamynyň sazlaşykly işini üpjün etmäge gatnaşýar. Dünýäniň iň ileri tutulýan meseleleriniň syýasy, diplomatik ýollar we gepleşikler arkaly çözülmeginiň kepili bolup durýar. Dünýä halklary, ýurtlary we iri halkara guramalary bilen döwletimiziň hyzmatdaşlyk etmeginiň düýp manysy asuda durmuşyň kemala gelmegini gazanmakdan ybaratdyr. Şonuň üçinem biz gatnaşyklarymyza çuň many berýäris. Ylym-bilim, saglyk, medeniýet babatda barha rowaçlanýan halkara gatnaşyklarymyz sagdyn, ruhubelent jemgyýetiň kemala gelmegine ýardam edýär. Bularyň ählisi-de asuda durmuşyň özenidir.

Jemgyýetiň ylym-bilim, saglyk, hünär kämilligi babatdaky kanuny erk-islegi pugta goralmalydyr. Döwlet syýasatymyzy «Döwlet adam üçindir!» diýen şygar esasynda durmuşa geçirip, asuda durmuşy bezeýän asylly ýörelgeleri rowaçlandyrýarys.

Mähriban Diýarymyzda raýatlarymyzyň demokratik bähbitlerini goramak, olaryň syýasy erk-ygtyýarlylygyny gazanmak halkara kanunçylygyny pugta nazara almak bi-



*«Konstitusiýa» binasy*

len, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda göz öňünde tutulandyr. Jemgyýetiň hakyky ýagdaýyny nazara almak bilen, döwrebap kanunçylyk esaslaryny yzygiderli berkitmek, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Mejlisiniň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar.

Türkmenistanyň raýatlary özleriniň kanuny ygtyýarlyklaryna hem-de borçlaryna gowy düşünýärler. Şol ygtyýarlyklar, borçlar bolsa jemgyýetiň sagdynlygynyň, adamlaryň bagtyýarlygynyň, iň esasan hem adalatyň, asudalygyň goragyna täsir edýändir. Her bir ynsanyň şu hakykaty duýup ýaşamagy, şol işlere dahyllydygyna aň ýetirmegi durmuşa, ýaşaýşa bolan egsilmez uly hyjuwy döredýär.

Eziz Diýarymyz adalatyň dabaralanýan ýurdudyr. Çünki dünýäde ençeme kuwwatly döwletleri guran ata-babalarymyz ýeňşiň adalatdadygyna, durmuşyň ähli üstünliginiň halal, ynsaply ýaşamakdadygyna pugta ynanypdyrlar. Şol ynamy hem nesilleriniň aňyna ornaşdyrypdyrlar. Oguz han, Görogly beg, Togrul beg, Çagry beg, Soltan Sanjar, Alp Arslan, Baýram han, Keýmir serdar, Nurberdi han ýaly beýik şahsyýetlerimiz, halk gahrymanlary hiç haçan ejize ganymlyk etmändirler. Beýik pederlerimiz durmuşda aýdyň maksat tutunyp, diňe şol maksada sary okgunly hereket edip, mydama ýeňiş gazanypdyrlar. Milletimiz il-halkyna halal, ynsaply ýaşamagyň nusgalyk ýoluny miras galdyran gahrymanlaryna guwanýar, olar hakyndaky rowaýatlardan






*2009-njy ýylyň 1-nji sentýabry. Gökdepe etrabynyň Yzgant obasyndaky 27-nji orta mekdebiň açylyş dabarasy*

durmuşyň ýazylmadyk kanunlarynyň sütünlerini goýýar. Olar tutuş adamzadyň, şol sanda türkmen il-ulsunyň buýsanjydyr.

Halk gahrymanlarynyň atlaryny ebedileşdirmek bilen, biz halallyga, asudalyga, parahatçylyga, agzybirlige, ynsaply ýaşaýşa dowamat berýäris diýip düşünýärin. Sebäbi biz jemgyýetimize halallyk, ynsaplylyk ýörelgelerini öz şahsy göreldesi bilen ündeýän raýatlarymyza aýratyn hormat-sarpa goýýarys. Ýaş nesillere olardan nusga almagy, asylly ýörelgelere ygrarly bolmagy ündeýäris.

Iňňän baý pedagogik mirasyň eýesi, çylşyrymly döwürlerde halkyň aň-düşünjesini ýokarlandyrmak, bilim we terbiýeçilik edaralarynyň işiniň netijeliligini gazanmak ugrunda alada eden mugallym, 1941–1945-nji ýyllaryň urşunda jan aýaman, parahat ýaşaýyş ugrunda söweşen esger, atam Berdimuhamet Annaýew hakyndaky ýatlama ildeşlerimiziň arasynda ebedi ýaşaýar. Gökdepe etrabynyň Yzgant obasynda bina edilen döwrebap 27-nji orta mekdep görnükli mugallymyň adyny göterýär. Mekdebiň taryhy-ülkäni öwreniş muzeýiniň baş eksponaty uly iliň sarpasyna eýe bolan gaýduwsyz esger, bilimleri yhlas bilen wagyz eden ajaýyp ynsan hakynda gyzykly gürrüň berýär. Mekdepde ilhalar mugallymyň heýkeli hem bar.

Ilkinji gezek atam Berdimuhamet Annaýewiň Yzgandyň mekdebindäki şol ýadygärligine gül desselerini






*2009-njy ýylyň 1-nji sentýabry. Gökdepe etrabynyň Yzgant obasyndaky 27-nji orta mekdebiň açylyş dabarasy*

goýanymda, meniň şahsy durmuş menzillerim bilen bagly, ýaşlar bilen işleşen, talyplara tälim beren döwürlerim ýadyma düşdi. Özümden talyplara hakyky döwrüň talaplaryna laýyklykda, soň durmuşda olara uly goltgy bolup biljek öwütleri, halypa tälimlerini berendigim hakynda soraýaryn. Ynsap bilen öz-özüm sowal-jogap alyşýaryn. Çünki munuň özi aýratyn bir üýtgeşik hadysa däldir, hakyky adam ilki ynsabyna geňeş salýar. Ynsap bilen edilen işiň ýerine düşýändigine bolsa berk ynanýaryn.

Ýurdumyzyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynyň düzüminde diňe halal işleýän, watansöýüji, ýüregi bilen il-halkyna berlen, adalata dogry baha bermegi başarýan hünärmenleriň, gullukçylaryň işlemelidigi hakynda oýlanýaryn. Bu ugurdan toplanan tejribäni hyýalymda saldarlap görýärin, özümçe käbir bellikleri ertirki maksatnama hökmünde ýazyp goýýaryn. Kyblam Mälikguly Berdimuhamedow şu ulgamda köp ýyllar zähmet çekdi.

Ene-atanyň ganatynyň astynda ýaşalan ýaşlyk! Hemişe arkalysyň, hemişe göwün islegiň öňünden duýulýandyr. Käbäm bize nämäniň nädogrudygy, her bir amala aşyrylan amalyň üçin jogap bermelidigi hakynda öwüt edýärdi. Şonda ýagşy işiň jogaby – üstünligiňde, ýalňyş hereketiň üçin bolsa durmuşyň özi hasabat soraýar diýip düşündirýärdi. Dünýäde hiç bir bihasap zadyň ýokdugyny nygtaýardy.

Kyblamyň özüni alyp barşy agrasdy. Onuň hereketi oýlanyşyklydy, gepleýşi örän sypaýydy. Biziň bilen köp



*Içerki gullugyň kapitany M. Berdimuhamedow. 1966 ý.*

gepleşmezdi, ýöne aýdan sözi kesgitlidi. Ýaşyň ulalyp, hakyky kämillige ýetişeniňden soň, diňe öz ýakynlaryň, ähli neberäň, obadaşlaryň, ildeşleriň üstünligine guwanyp, olaryň agzybirliginde, üstünliginde göwün diýen belentligiňi duýup ýaşamagyň bagtyny hemmelere arzuw edýärin. Goý, nesillerimiz bizi hemişe guwandyrsynlar, olar yhlasymyza, aladamyza laýyk perzentler bolup ýetişsinler! Şu arzuwym tutuş adamzada niýetlenilen arzuwdyr.

Türkmenistanyň Mejlisiniň Karary bilen, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň 1001-nji harby bölümine eziz pederim Mälikguly Berdimuhamedowyň adynyň dakylmagyna ýurdumyzyň asudalygy, jemgyýetimiziň sagdynlygy üçin jan aýaman zähmet çeken, merdanalygy bilen il-halkymyzyň hakydasynda galan, ilhalar raýatlarymyza jemgyýetçilik söýgüsiniň uludygynyň subutnamasy hökmünde baha berýärin. Munuň özi, elbetde, merdanalaryň mertebesine mynasyp bolmak borjudyr. Bu bolsa, hem buýsançdyr, hem hemişe öwrenip, ruhy taýdan has-da baýlaşmaga, gaýrata galmaga irginsiz ymtylmakdyr. Türkmenistanyň Mejlisiniň şu dogrusynda kabul eden kararynda halkymyzyň gadymy ýörelgesi bolan ula hormat goýmak, halkymyzyň agzybirligini pugtalandyrmakda merdanalaryň baý tejribesini, asylly ýörelgelerini netijeli peýdalanmak, olaryň ýaş nesli watançylyk ruhunda terbiýelemekde durmuşa geçirýän işlerine hormat goýmak däbi hakynda aýdylýar. Mähriban kyblamyň her bir işiň

*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky 1001-nji harby bölümi*




MINISTRLIGINIŇ
HARBY BÖLÜMI




*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň*
*Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky 1001-nji harby bölümi*

netijeli ugry babatdaky anyk pikirlerini ýygy-ýygydan ýatlaýaryn. Ilhalar adamlaryň tükeniksiz uly durmuş tejribesi jemgyýetiň ösüşiniň dürli ugurlarynda bize hemişe ýardam edýär.

Kakam özi hakynda gürrüň berip, şony hem ýaşlara nusga edýän adamlardan däl. Ol hemişe kiçigöwünlilik, saýhallylyk bilen dostlaşmagy başarýar. Şeýdibem seniň dünýäňe aralaşýar, ykbalyňda orun eýeleýär. Sypaýylyk bilen adamlara haýsydyr bir zady düşündirip, olaryň özüniň dogry pikirlenmegi üçin ýagdaý döretmegiň ugruny tapýar. Kakamyň şu häsiýetleri ata kesbine, gönüden-göni ýaşlar bilen işleşmeli bolan mugallymçylyga oglanlykdan uly hormat goýandygynyň netijesi diýip pikir edýärin. «Döwlet guşy» romanymy okan adamlar onuň durmuş pursatlary bilen has ýakyndan hem tanyşdyrlar. Ýöne men özümiň gören, synlan zatlarymyň esasynda netije çykarýaryn. Şeýle adamlar hemişe özüni il-halkynyň öňünde borçly duýup, pikirlenip, döwletli çözgüt gözläp gezýärler. Bir özüniň, öý-ojagynyň asudalygy şol adamlara ýeterlik bolmaýar. Olar ili hakynda, hatda, döwletiň daşyndakylar hakynda hem pikir edýärler. Adamlara ýagşylyk etmek, il-halkyny begendirmek hakynda oýlanýarlar.

Kyblamyň durmuş menzilleriniň her pursady durmuş tälimi bolup hakydamda galypdyr. Heniz mekdep okuwçysyka, ol özünden kiçileri sowatly etmäge girişýär. Şol ýyllar bolsa, iňňän çylşyrymlydy. «Döwlet guşy» ro-



*M. Berdimuhamedow gullukdaş dosty bilen*

manymda gürrüň beren ahwallarymy göz öňüne getirenimde, häzir hem kalbyma ünji dolýar. Şol döwrüň hupbatlaryny başyndan geçiren adamlara nähili kyn düşdi, olaryň durmuşdaky ähli arzuwlary il-ulsuň geljegi barasynda boldy. Olaryň göwün islegi şol döwrüň ýüze çykaran hökmany talaplaryna görä berjaý edildi. Zehinlerini, paýhaslaryny diňe şonuň üçinem bagyş etdiler. Bu gün olaryň gadyry bilinmelidir. Olary aýamak, ýagşy göreldäniň nusgasyny ýaýmak ünsden düşürilmeli däldir.

Kakamyň zähmet ýoly mekdepde okaýan döwürlerinden, kitaphanaçylykdan başlanýar. Bu hem tötänlik däl diýip hasap edýärin. Ýaş ýetginjegi bu mukaddes ojaga ylym-bilime söýgi, öwrenmäge bolan erjellik alyp gelendir.

Mähriban pederimiň kitaplar dünýäsine beletligi bizi käteler çykgynsyz ýagdaýa salýardy. Soň-soňlar hem ol haýsy kitaby okandygyň bilen gyzyklanyp, şol hakyndaky anyk pikiriňi bilmek islegi bilen sowal berýärdi. Ol şeýle ýagdaýlarda hakyky talapkär mugallymdy, ýöne jogabyň mazmunynyň aýdyňlygyny, anyklygyny berk talap edende, ol kanuny borjuňy saňa aýan edýän ýaly görnerdi. Şonuň üçinem men mekdep okuwçysy wagtlarymda hem kitaphanamyzdan bir kitap aldygym, şol barada kakama pikirimi aýdýançam oýlanardym. Sebäbi ýazyjynyň eseriniň hem anyk maksady bolýar. Onuň käteler başga-başga ugurlarda açylýan halatlary hem bolýardy. Ýadyma düşýär, biziň





*Hakydada janlanýan keşpler*

kitap hakynda gelen pikirimiz edebiýatçylaryň derňäp ýazan işlerinde asla agzalmaýardy. Şonda kakam:

– Bu aýdýanlaryň dogry, eseriň şol tarapyny hem öwrenmeli. Ýazyjynyň artykmaçlygyny tapmak kyndyr – diýipdi.

Kakam bilen dünýäniň nusgawy edebiýatlarynyň söhbetini etmek has-da gyzyklydy. Magtymgulyny kakam köp okaýardy. Şahyryň, çagalygyndan aňyna ornan, uruş döwründe obadaşlaryna okap beren goşgularyny okaýarka, olar barada eşiden rowaýatlaryny, obadaşlary bilen bagly wakalary hem köp ýatlaýardy. Şol pursatlar örän ýakymlylygy bilen hakydama ebedilik ýazyldy. Ol wagtlar men goşgynyň, rowaýatlaryň, ýatlamalaryň utgaşdyrylyp aýdylmagyna o diýen ähmiýet hem bermezdim. Görüp otursam, milli edebiýata hakyky geregiçe düşünjek bolsaň, ilki halk paýhasyna, halk döredijilik mirasymyza daýanmaly eken.

1945-nji ýylyň baharynda Berdimuhamet Annaýew Tejen derýasynyň sebitlerinden öz dogduk obasyna dolanýar. Onuň Tejen topragynda 1941–1945-nji ýyllaryň urşundan hem öň, obadaşlary bilen agzybirlikde ýowar edip, bina eden mekdebinde şondan soň, gör, näçe nesiller tapgyrma-tapgyr okap, bilim alandyr. Iliniň asgyn ýerinde arka duran pederimiň asylly göreldesine eýerip, kemala gelen oglanlar, gyzlar halk merdanalaryny hiç unutmaýarlar.






*Ululyga çenli ömür menzilleri*








*Mälikguly Berdimuhamedowyň hala çitilen goşgusy*

## *Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar*

Barça ýürek Watan bilen baglydyr,
Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar.
Watan ýarasynda jiger daglydyr,
Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar.

Mertlik-merdanalyk dünýäň gözbaşy,
Bedew atdyr goç ýigitleň ýoldaşy.
Merdiň depesine gonar bagt guşy,
Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar.

Mertleriň ýolunda duşman eglenmez,
Ýagy gaçar, soňky puşman eglenmez.
Ýeňiş bilen geler urşa gidenler,
Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar.

Aslymy ýzlasam, mertdir pederim,
Şu toprak hakdadyr beýik eserim.
Şu Watany söýüp-söýüp öterin,
Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar.

Geljege ynam bar mekdep jaňynda,
Durmuşa söýgi bar kalbyň ýaňynda.
Watan bolmaz şu Watanyň deňinde,
Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar.





*Çagalygyň süýji ýatlamalary*

Gökdepe etrabynyň I Birleşik obasyndaky 16-njy orta mekdepde kakam orta bilim alýar. Şondan soň kakama Gökdepe etrabynyň II Birleşik obasyndaky 7-nji ýediýyllyk mekdepde türkmen dili we edebiýaty mugallymynyň wezipesi ynanylýar. Harby gulluga çagyrylýança, bu mekdebiň müdiriniň okuw we terbiýeçilik işleri boýunça orunbasarlygyna çenli tejribesini ýokarlandyrypdy. 1952-nji ýylyň baharyndan Türküstan harby okrugynda ýerleşen 1250-nji Gyzyl baýdakly dag-atyjylyk polkunda rýadowoý esger bolup gulluk etdi. Şol ýerde hem kakamy Özbegistan SSR--niň Çyrçyk şäherindäki kiçi leýtenantlar taýýarlanylýan iki ýyllyk okuwa iberýärler. Ine, serkerdelik basgançaklarynyň ilkinjisi! Wzwod serkerdesi bolup, 1954-nji ýylyň güýzünde gullukdan dolanyp gelýär.

Gökdepe etrabynyň Babarap obasyna gelip, 13-nji orta mekdepde okuwçylaryň bedenterbiýe hem-de harby taýýarlygyna ýolbaşçylyk edendigini kakam käteler ýatlardy. Fiziki kämilleşmegiň tärlerini düşündirýärdi. Her günki endik edinilen hereketi yzygiderli gaýtalamagyň bedeniň agzalarynyň ösüşine täsir edýändigini öwrederdi. Lukmançylyk kesbini saýlap almagymda şol söhbetleriň ornunyň uludygyny belläsim gelýär. Ruhy sagdynlygyň gözbaşy täsirli söhbetlerde hem-de kitaplarda diýip hasap edýärin. Fiziki sagdynlyk bolsa, hereketiň kadaly ýagdaýda guralmagy bilen baglanyşyklydyr. Adamlaryň hem ruhy, hem beden sagdynlygy – lukmanyň öz işini talaba-



*M. Berdimuhamedow (çepde) gullukdaş ildeşleri – Baýram Gulnyýazow (ortada) we Daňatar Magtymow bilen. 1952 ý.*

laýyk ýola goýýandygynyň netijesi. Maşgalamyzda ruhy baýlygyň çeşmesi bolan kitaplara söýgi höküm sürýärdi, meniň ýakynlarym fiziki taýdan gujurly bolmagy öz zähmetsöýerlikleri, erjellikleri bilen görkezerdiler.

Köpçülik bilen işlemegiň nusgasyny, jemgyýetçilik bähbidini ileri tutmagy durmuş irginsiz öwredýär. Kakamyň terjimehalynda jemgyýetçilik guramalary bilen bagly ýazgylar hem bar. Gökdepe etrabynyň şol wagtky ýaşlar guramasynda mekdep okuwçylary bilen iş alyp barmak boýunça bölümde kakam uzak işlemän, Babarap obasyndaky mekdebe işe gelýär. Ýöne şol döwrüň özi durmuşyň indiki kämillik basgançagy üçin ýeterlik tejribe bolandyr diýýärin. Gökdepe etrabynyň 13-nji orta mekdebinde ellinji ýyllaryň aýaklarynda okan mekdep okuwçylary öz talapkär, ýokary düşünjeli, sypaýy, medeniýetli, hemişe çagalaryň tarapynda durýan, olaryň pikirini diňleýän mugallymlarynyň, durmuş halypalarynyň söhbetlerini häli-häzirlerem ýatlaýarlar.

Mugallymçylyk juda gowy kär, ýöne onuň jogapkärçiligi ähli zatdan hem ýokarydyr. Nesillerini döwrebap terbiýeläp, il hataryna goşmak her bir ene-atanyň ömrüniň tutuş dowamyndaky aladasydyr. Mugallym özgeleriň perzentleriniň terbiýesine dahylly bolup, olaryň soň durmuş ýolunda hem sähel ýalňyşan pursadynda, şol döwürde ýeterlik işlemändirin diýip, özüni günäli saýýar. Meselä birtaraplaýyn çemeleşmän, ony içgin öwrenseň welin,

mugallyma bagly zatlaryň ählisiniň aňryýany bilen edilendigi ýüze çykýar. Esasy zat bu ýerde ilhalar adamlaryň tutuş iliň agzybirliginiň, döwletli durmuşynyň aladasynda bolýanlygynda. Şeýle adam öz kesbinde manyly netije gazanýança ynjalmaz, soň hem özi köpe göreldedir. «Meniň şeýle tejribäm bar» diýmegiň geregi hem ýok, adamlaryň özi kimden nämäni öwrenmelidigini saýlaýar. Edil gallanyň dänesi bilen harpygynyň saýlanyşy ýaly, durmuşda ýagşy görelde dowamata uzaýar.

Kakam maşgalaly bolup, täze durmuş mekdebiniň gapysyndan girende, eýýäm birnäçe hünäriň eýesidi: harby serkerdedi, terbiýeçidi, mugallymdy, göreldeli jemgyýetçilik, medeniýet işgäridi. Ýöne bu hem hemmesi däldi. Esasy tejribe – durmuşyň iň ýowuz tejribesi Ahal welaýatynyň Tejen sebitlerinde geçen çagalygyndady. Kakam 1932--nji ýylda Gökdepe etrabynyň I Birleşik obasynda dünýä inýär. Uruş başlananda, obadaky ähli çagalar bilen birlikde, şol ýyllaryň kynçylyklaryny ýeňip geçýärler. Aýtdyrman-diýdirmän, näme etmelidigini özüňden bilmek, bu kakamyň zandy terbiýesinde bardyr. Kakamyň az gepläp, töweregindäkileriň näme isleýändigini duýmagy, adamlaryň göwün islegini bar zatdan ýokarda goýmagy onuň tanyşlary, özüne düýbünden nätanyşlar bilen gatnaşygynda hem ýüze çykýardy. Kyblamyň hem-de käbämiň öýümiziň başynyň amanlygyndaky, öý-ojagymyzyň asudalygyndaky bagtyýarlygy türkmen şükürliligidir diýýärin.

Ruhubelentlige çagyryşy dürli ýagdaýda beýan edip bolar. Ykbalyň kyn pursatlarynda asgynlaman, geljege dogry seredip bilmek üçin ruhuň belent bolmaly. Agyr külpetli uruş ýyllarynda zähmetiň ornunyň wajypdygyna düşünen adamlar, ýaşlar, birek-birek bilen ýeňşe bolan ynamyň ruhunda jebisleşmelidiklerini hem duýýardylar. Uruş meýdanynda söweşýän kakalaryna, agalaryna olar çagalyk oýunlarynda duşmany ýeňip, duýgudaşlyk edýärdiler. Mahlasy, hemme duýgy, pikir, aň – urşuň garşysynady. Şol ýyllarda döwrüň syýasy-jemgyýetçilik pikiri Watançylyk terbiýesi bilen dem alýardy. Uruş zerarly obalaryň başyna inýän gahatçylygy ýeňmek üçin, adamlar ekin meýdanlarynda gyzgalaňly işleýärdiler. Etrap, welaýat, merkezi gazet-žurnallarda il-ulsy merdanalyga çagyrýan, ruhubelent goşgular, makalalar, çagyryşlar ýygy-ýygydan çap edilýärdi. Ýeri gelende, ir döwürlerde Türkmenistan Saglygy goraýyş Halk komissarlygynyň, Türkmenistanyň Medisina institutynyň, Saglygy goraýyş Halk komissarlygynyň ylmy-barlag institutynyň we Türkmenistan ylmy-medisina jemgyýetiniň garamagynda 1934-nji ýylyň başlarynda täze žurnalyň çap edilendigini hem bellemekçi bolýaryn. Soň uruş ýyllarynda metbugat neşirleri yzygiderli çap edilmese hem, olary mümkin boldugyndan ilata ýetirmäge synanyşyk edilipdir. Olarda durmuşyň ruhubelentlikde dowam edýändigi, az wagtlyk kynçylyklaryň taryhy tejribe bolup galjakdygy ynamly nygtalypdyr. Şygyrlar bolsa, Watan bilen köňlüň birliginiň mukamy bolup, adamlaryň ýüreginde orun alypdyr.



*Içerki gullugyň maýory*
*M. Berdimuhamedow. 1970 ý.*

### *Uruş ýyllaryna düşdi ykbalym*

Diňe uruş! Uruş girýär düýşüme,
Ör-boýuna galýar Watan goragy.
Är ýigitleň güýç goşular güýjüne,
«Watan!» diýip urýar esger ýüregi.

Göge galýar därileriň tüssesi,
Ýaraly dünýäniň ahy-nalasy.
Weýrançylyk ýowuz urşuň hikmeti,
Döşün oka tutýar merdiň balasy.

Mertler gitdi. Peder gitdi söweşe,
Ýola bakýar urşuň yzynda galan.
Watan jigere deň. Deňdir göreje,
Uruş ynsanyýete, gör, neneň talaň!

Diňe uruş! Uruş girýär düýşüme,
Sebäp Günbatarda däriler ýanýar.
Ýürek sesin goşýar Watan güýjüne,
Halk Watana, Watan halka daýanýar!

Uruş ýyllaryna düşdi ykbalym,
Ýeňiş ähli ýaralara lukmandyr.
Eý, Biribar, gora halkyň yhlasyn,
Watan üçin diňe Ýeňiş hökmandyr!



ТУРКМЕНИСТАН ССР
МАГАРЫФ МИНИСТРЛИГИ

# ЕТИШЕНЛИК АТТЕСТАТЫ

Шу аттестат 1932 йылың авгус айында догулан Бердимухаммедов Мәликгулы берилди. Ол ТССР Ашгабат обл. Гөкдепе району 1 Бирлешик оба № 16 орта мектебине 1940 йылда гирди ве бу мектебиң долы курсыны гутарып, отличного эдеплилик билен предметлер боюнча ашакдакы билимлере ээ болды:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Туркмен дилинден | 4 (дөрт) | СССР тарыхындан | 4 (дөрт) |
| Туркмен эдебиятындан | 5 (бәш) | Умуми тарыхдан | 5 (бәш) |
| Рус дилинден | 4 (дөрт) | СССР конституциясындан | 5 (бәш) |
| Рус эдебиятындан | 4 (дөрт) | Жуграфиядан | 5 (бәш) |
| Алгебрадан | 3 (үч) | Физикадан | 4 (дөрт) |
| Геометриядан | 3 (үч) | Астрономиядан | 3 (үч) |
| Тригонометриядан | 3 (үч) | Химиядан | 3 (үч) |
| Тебигатдан | 5 (бәш) | Дашары юрт дилинден | — |

Шу аттестат өз эесине СССР Союзының ёкары окув жайларына гирмек хукугыны берйәр.

23. VII. 1950 йылда берилди.

*Мектеп директоры* [illegible]

*Окув ишлери боюнча директорың орунбасары* [illegible]

м. п.

*Мугаллымлар:* 1. [illegible]
2. [illegible]
3. К. Аманов
4. [illegible]

№ 002090

Ýetginjek oglanyň kalbynda dörän goşgy setirleri köp oýlandyrýar. Şondan hem ýüregiň bahar joşgunyndan hem-de Watanyň jigerindäki ýara melhem bolmagyň derwaýysdygyndan dörän şygryň aratapawudy görünýär. Beýle şygry döretmegiň güýji ilhalarlyk häsiýetinde bar. Adam erjel bolsa, pähim-paýhasy bilen beýgelende ir kämil çykýar. Şonuň üçinem il-halkymyzda: «Akyl ýaşda däl, başdadyr» diýilýär.

Kakamyň Türkmenistanyň Içeri işler edaralarynyň hataryndaky zähmet ýoly 1958-nji ýylyň awgust aýyndan başlanýar. Köpugurly terbiýeçilik, guramaçylyk işi bilen bir hatarda, dil we edebiýat, syýasaty öwreniş, taryh we ylymlaryň beýleki ugurlary babatdaky toplanan tejribe – özüňe ynamlylygyň binýady. Kakamyň özüniň dürli döwlet edaralarynda işlän ýyllaryndan söz açyp, özüniň ýeňip geçmeli bolan kynçylyklaryny gürrüň bermegini näler isleýärdim. Kakam bize geplemän, ümi bilen pikirini düşündirýärdi.










*Gullukdan pursatlar*


04-33 МХА









*M. Berdimuhamedow gullukdaş dosty bilen*

Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy, bu düşünjelerde nähili uly gaýratyň, zehiniň, pähimiň, ugurtapyjylygyň birleşendigi oýlandyrman durmaýar. Halkyň ykbalyny gerdenine alan gahrymanlaryň ömür menzillerinden käbir pursatlary, olar hakyndaky rowaýatlary, anyk taryhy maglumatlary öwrenmegi yzygiderli dowam edýärin. Men öz halkymyň asuda hem-de eşretli durmuşynyň ebedi bolmagy üçin, ähli gujur-gaýratymy gaýgyrmajakdygym barasyndaky pikiri hemişe aňymda aýlaýaryn. Durmuşda öz-özüne talapkär adam her bir pursatdan hem many almagy başarmalydyr diýýärin. Onda-da perzent üçin öz ýakynlarynyň ömür ýoly hemişe görelde bolýar. Türkmençilikde islendik waka hakynda hem, begenmeli ýerinde-de, aglaba ýagdaýda gynanmaly ýerinde hem: «Bähbit bolsun!» diýen ýörelge bardyr. Munuň özi her bir işiň ahyrynyň bähbide ýorulmagyny aňladýar, ýöne meniň pikirimçe, munda her bir pursat, eger şonda seniň hataň görünýän bolsa-da ondan tälim almalydygyny aňladýar. «Bähbit» hem şol tälimde, durmuşyň beren sapagynda. Durmuşda ata-babalarymyzyň şowsuzlygy hem «bähbide ýormak» barasyndaky pikiri öwrenmegi ündeýän tymsaldyr. Bu öwrenmegiň, bilmegiň soňlanmaýanlygydyr.

Kakamyň Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Jezalary ýerine ýetirmek müdirliginiň düzüminde işlän



*Okuw ýygnanyşygyndan soň düşürilen surat*
*(ikinji hatarda çepden altynjy kapitan M. Berdimuhamedow)*

ýyllarynda ömür menzilleriniň gymmatly sapaklary bir zynjyra düzüldi. Bu gulluk has jogapkärçilikli bolup, diňe bir ugurdan däl, eýsem, hemmetaraplaýyn ylym-bilimiňi, başarjaňlygyňy, häsiýetiňi-de taplaýardy.

Ilçilikde: «Pylany şol ýerden döwlet tapdy» diýilýändir. «Döwlet» – ummasyz uly, tükenmez hazyna däl, onuň özi ruhy hem-de maddy sazlaşygyň netijesinden döreýän düşünjedir. Men ýazan kitaplarym arkaly il-halkym bilen söhbetdeşlikde, şu pikire öň hem salgylanypdym. Biziň maşgalamyzyň döwleti, kakamyň hem nygtaýşy ýaly, il ynamyny ödemegimizdedir. Iliň ynamyny ödäp, oňa anyk işler bilen jogap beren ýagdaýynda, adam öz ömründen hem hemişe razy bolýandyr.

Kakam bu gullukda çärýek asyrdan hem köp ýyllap işläpdir. Onuň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmaga bagyş eden ýyllary meniň ýadyma düşerden has ir. Kakamyň kitap, gazet-žurnal okamaga köp güýmenýändigini bilýärin. Ol meniň hyýalymda hemişe iş stolunyň başyna geçip, dümtünip oturan keşpde janlanýar. Çagakak biz onuň daşyna üýşüp, köp sowal bererdik. Kakam sabyrlylyk bilen bize düşündirmäge başlaýardy welin, mähriban käbämiz kakamyzyň işinden ünsüni bölmeli däldigini tabşyrýardy. Biz mekdepden gelip, öý işlerimize, kakam hem özüniň nobatdaky iş gününe taýýarlyk görýärdik. Kakamyňky ýaly kitaby söýmek, dünýäni unudyp kitap okamak, işiňe

СЛУЖЕБНАЯ ХАРАКТЕРИСТИКА

На слушателя школы мл.лейтенанта
БЕРДИМУХОМЕДОВА Маликкули

Мл.лейтенант БЕРДИМУХОМЕДОВ М. за время учёбы в школе к занятиям относился прилежно. Много прилагал усилий при самостоятельной работе над программным материалом и заметно повысил свои знания по общественным, специальным,юридическим и военным дисциплинам. Учебную программу усвоил на хорошо.

В вопросах внешней политики СССР ориентируется.

Опыт работы в ИТУ МВД имеет небольшой и поэтому полученные знания в школе помогут ему на практической работе в местах заключения.

К несению службы внутреннего наряда относился добросовестно. В общественной жизни школы принимал активное участие.

Лично дисциплинирован. Выдержан. В коллективе с товарищами уживчив. На замечания старших реагирует правильно.

За добросовестное отношение к учёбе, примерную дисциплину и активное участие в общественной жизни школы объявлена благодарность в приказе по школе.

ВЫВОД: Занимаемой должности соответствует.

И.О.КОМАНДИРА ДИВИЗИОНА
МАЙОР (БИСАРОВ)

ЗАМ.НАЧ.ШКОЛЫ ПО ПОЛИТЧАСТИ
МАЙОР (МИЛЕШНИКОВ)

"СОГЛАСЕН" НАЧАЛЬНИК РЯЗАНСКОЙ ШКОЛЫ УСОВЕРШЕНСТВОВАНИЯ НАЧСОСТАВА МВД СССР
ПОЛКОВНИК (ЗЕМЛЯНОВ)

"14"сентября 1959г.

*Rýazanyň SSSR IIM-niň harby ýolbaşçylar düzümini kämilleşdiriş mekdebiniň diňleýjisi, kiçi leýtenant Mälikguly Berdimuhamedowa berlen gulluk häsiýetnamasy. 14.09.1959 ý.*

gümra bolmak biziň üçin şol wagtlar elýetmez menzil ýaly görünýärdi. Mähriban käbäm bilen kyblamyň öz aralarynda durmuşyň dürli meseleleri babatda pikir alyşmaklarynyň şaýady bolmak biz üçin iňňän gyzyklydy. Şeýle gyzykly söhbetdeşlige, işbaşarjaňlyga barymyz höwes edýärdik.

Türkmen zenanlarynyň bir täsin tarapy bar: ol hem olaryň doga zehinliliklerinde! Agaýunusyň Görogla geňeşdar bolmagy şunuň asylky nusgalygy diýýärin. Şunuň dogrusynda «Arşyň nepisligi» atly kitabymda hem ýazypdym. Zenan maşgalalar, ata-babalarymyzyň sözi bilen aýtsak, «dört tärimden başga ýeri» gören hem däldir. Ýöne han-beglere, gahryman batyrlara öz maslahatlary bilen kömek edýärler. Mähriban käbämiň hemişe el işine gümra bolup oturýandygy göz öňüme gelýär. Ýöne maşgalamyzyň meselesine gezek gelende, onuň kyblam bilen maslahatlaşyp, ony hemişe goldaýandygyna düşünýärdim. Halkymyzda şonuň üçinem: «Biribar deň etmän, duş etmez» diýilýär. Maşgalada şol deňlik saklanýar, birek-biregiň sylaşygynyň esasynda agzybir durmuş gazanylýar. Sebäbi özara öwrenmek düşünjesi esasynda hereket edilýär. Şeýdibem maşgalanyň umumy zehin, ylym-bilim, pähim-paýhas, ukyplylyk derejesi ýokarlanýar. Jemgyýetde-de şeýle gatnaşykda ösüş bolýar.

Ine, 1959-njy ýylda şol wagtky SSSR Içeri işler ministrliginiň ýolbaşçylar düzüminiň Rýazandaky (Russiýa



*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany M. Berdimuhamedowyň iş otagy*



*M.Berdimuhamedowyň iş otagynda ulanan hat-ýazuw esbaplary*

Federasiýasy) kämilleşdiriş mekdebinden berlen, kakama degişli resminamalara göz aýlaýaryn. Bu mekdebiň ýolbaşçylygynyň gol çeken gulluk häsiýetnamasy juda yhlaslylyk bilen ýazylypdyr. Gullukçynyň okuw düzgün-tertibini berjaý edişi, aýry-aýry ugurlarda özbaşdak işlemek başarnygy, jemgyýetçilik, hukuk, harby we ýörite dersler boýunça öz hünärini ep-esli artdyrýandygy hakynda bellenip geçilýär. Şol häsiýetnamadan hem kakamyň talapkärligini görmek bolýar. Muny resminamany okan her bir adam hem duýýar. Kakam öz öňündäki borjy ýöne ýerine ýetirmek bilen çäklenmegi göwnüne laýyk görmeýär. Her bir amala ýüregiň bilen ýapyşmagy, el ujundan däl-de, hakyky yhlasyň bilen berilmegi ündeýär. Şonuň üçinem ikinji derejeli diýlen düşünje babatda köp oýlanýar. Sebäbi bir işiň başyna bardyňmy, ony ikinji, üçünji... orunda goýup bolmajakdygyny aýdýar. Kakamyň şol häsiýetleri hem okan, işlän dürli ýerlerinde onuň dostlaryny köpeldýärdi. Baran ýerinde onuň halallygyna, zähmetsöýerligine sarpa goýulýardy. Russiýada okanda hem oňa gowy häsiýetnama berlip, ýörite sagbolsun yglan edilendigi hem resminamada ýazylyp görkezilipdir.

Kakamyň okamaklyga iňňän uly höwesi, söýgüsi hakynda häzir hem pikirlenýärin. Şol wagtky A. M. Gorkiý adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetine (agşamky bölüm) taryh we jemgyýetçilik bilimleri mugallymy hünäri boýun-



*M. Berdimuhamedowyň iş otagynda*
*ulanan gulluk telefony*




*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany*
*M. Berdimuhamedowyň gullukda ulanan hat-ýazuw maşynkasy*



*M. Berdimuhamedowyň iş otagynda ulanan radiosy*



*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany M. Berdimuhamedowyň gullukda ulanan şahsy planşeti*



*7596-njy harby bölümiň işgärleriniň ýadygärlik suraty (ortada kapitan M. Berdimuhamedow). 1970 ý.*




*Içerki gullugyň kapitany M. Berdimuhamedowyň iş ýerinde ýadygärlik suraty*

ça okuwa kabul edilende, maşgalamyz kiçijikdi. Biziň çaga mahallarymyzdy. Uzakly gün iş, okuw bilen başagaý bolýan kakama goldaw bermek, maşgalanyň aladasyny onuň bilen deň çekişmek käbäm üçin, elbetde, ýeňil bolan däldir. Ýöne enem-atamyň şonda özleri ýaş çatynja bolsalar-da, dogan-garyndaşlarymyza, dostlaryna, tanyşlaryna gerek halatynda, gollaryny uzatmaga çalşardylar. Nirede bir ejiz, kömege mätäç adam görse, käbäm özüni unudýar. Onuň şu häsiýeti zerarly durmuşda göwnüne gubar çöken wagtlary hem bolandyr. Käbäm bilen kyblam kimiň el, kimiň hem dil kömegine mätäçdiginiň gürrüňini ederdiler. Şonda olaryň maslahaty hem şolar hakynda bolardy. Maşgala gymmatlyklaryny ilkinji orunda goýup, biziň zähmetde taplanyp terbiýelenmegimiz üçin olar giň şert döretdiler.

«Bikärden Taňry bizar» diýen sözler maşgalamyzda köp aýdylýardy. Kakam hem-de ejem öz görüm-göreldesi bilen hem wagty bisarpa tutmaly däldigini görkezerdiler.

Kakamyň uniwersitetde okan ýyllary meniň üçin has uzak ýaly bolup görünýär. Meniň mekdepdäki okuwymdan kakamyň okuwynyň has wajypdygyna düşünýärdim. Kakam okap başladygy, menem kitabymy alyp, öz otagymyza geçýärdim. Şeýle günlerde kakam biziň mekdepdäki alan bahalarymyzy hem seýregräk soraýardy. Biz uýalarym bilen muňa begenmän hem durmazdyk. Sebäbi, wagt geçdigiçe, mekdepde alnan «bäşlikleriň» sany hem köpelýär. Ara



18

# ВЫПИСКА

из приказа МВД Туркменской ССР

№ 59 от «9» марта 1982 г.

СОДЕРЖАНИЕ: по личному составу

В соответствии с Положением о прохождении службы рядовым и начальствующим составом органов внутренних дел уволить из органов МВД в запас Вооруженных сил СССР по ст. 67 п. „б" (по болезни) подполковника в/с Бердымухамедова Мяликгули (Г-346177) - нач-ка отдела УВД Марыйского облисполкома с 10 марта 1982 года с правом ношения установленной формы одежды.

Выслуга на 10.03.82 г составляет 26 лет, 04 м-ца 08 дней

пр. Министр Р.Н. Бердыев

Инспектор ОК,

ст. лейт-т милиции [illegible] Сузенко

Заказ 370

*Türkmenistan SSR Içeri işler ministrliginiň 1982-nji ýylyň 9-njy martyndaky buýrugy bilen podpolkownik M. Berdimuhamedow ätiýaçlyga (zapasa) geçirildi.*

НАГРАЖДЕН МЕДАЛЬЮ ... степени ... 28.X.71

Выслуга лет в МООП КГБ и Советской Армии

I5 лет IO месяцев

# ПРЕДСТАВЛЕНИЕ

**К награждению медалью „ЗА БЕЗУПРЕЧНУЮ СЛУЖБУ" II степени**

1. Фамилия, имя, отчество Б Е Р Д Ы М У Х А М Е Д О В Мяликкули
2. Специальное или военное звание м а й о р
3. Должность и учреждение (в/ч) старший инструктор пропаганды политотдела войсковой части 7596 МВД СССР
4. Год и место рождения I932 г. с/с Берлешик, Геоктепинского района, Туркменской ССР
5. Служба: а) в МООП в МВД с 3 июня I958 года по 7 ноября I97I года

   (с какого по какое время—число, месяц, год)

   б) в КГБ и Советской Армии с I апреля I952 года по 2 сентября I954 года

   (с какого и по какое время—число, месяц, год)
6. Каким орденом или медалью награжден при последнем награждении за выслугу лет и когда медалью "За безупречную службу" Ш степени в I966 году Приказ МООП Туркм.ССР № 234 от 23.4.I966г.

   (дата и № Указа (приказа) о награждении)
7. Краткая служебная характеристика

Майор БЕРДЫМУХАМЕДОВ М. обязанности старшего инструктора политотдела по пропаганде и агитации выполняет с июня I967 года по настоящее время.

За время службы в указанной должности повысил свое методическое мастерство, правильно организует и проводит учебно-методические семинары с руководителями групп политических занятий.

На весенней контрольной проверке в I97I году личный состав части по политической подготовке получил хорошую оценку.

Много работает над повышением своего идейно-теоретического уровня, над изучением русского языка, принимает меры по усилению действенности политических занятий, на укрепление воинской дисциплины.

На критические замечания о недостатках в воспитании личного состава реагирует правильно и принимает меры по их устранению.

Партийных и дисциплинарных взысканий не имеет.

В Ы В О Д: майор БЕРДЫМУХАМЕДОВ Мяликкули заслуживает награждения медалью "За безупречную службу" II степени.

ВРИО КОМАНДИРА В/ЧАСТИ 7596 МВД СССР

*Подпись начальника (командира)* ПОДПОЛКОВНИК /МАГСЫМОВ/

31 июля 197Iг.

*M. Berdimuhamedowyň «Birkemsiz gullugy üçin» diýen medalyň II derejesine teklipnamasy. 1971 ý.*

ТССР- ИИМ

Ичери ишлер
ДАШХОВУЗ ОБЛИСПОЛКОМЫ
БОЮНЧА УПРАВЛЕНИЕСИ

Дашховуз ш., Пушкин кочеси, 29

МВД—ТССР

УПРАВЛЕНИЕ
Внутренних дел
ТАШАУЗСКОГО ОБЛИСПОЛКОМА

г. Ташауз, ул. Пушкина, 29

Вх. №________ на №________

Отделение___ «3» апреля 1973 г. № 1/271

МИНИСТРУ ВНУТРЕННИХ ДЕЛ ТССР
ГЕНЕРАЛУ В/С Ш-РАНГА

тов. МУХАМЕДОВУ А.М.

г. Ашхабад

Вх. 745
6. IV 73

## П р е д с т а в л е н и е

На начальника отделения кадров УВД Ташаузского облисполкома - майора БЕРДИМУХАМЕДОВА М., 1932 года рождения, туркмен, член КПСС, образование - высшее.

Майор БЕРДИМУХАМЕДОВ М. в органах МВД работает с 1958 года. За последние 9 лет работал в в/части 7596 МВД СССР в должности инструктора политчасти, затем ст. инструктором политотдела по пропаганде. За весь период работы в органах и войсках МВД тов. БЕРДИМУХАМЕДОВ М. характеризуется положительно. К исполнению служебных обязанностей относится добросовестно, обладает организаторскими способностями, умеет мобилизовать личный состав на выполнение поставленных задач, за что он неоднократно поощрялся командиром части и командованием соединения, награжден нагрудным знаком "За отличие службе внутренних войск П степени".

В январе 1972 года тов. БЕРДИМУХАМЕДОВ М. был переведен в органы МВД ТССР и назначен начальником отделения кадров УВД Ташаузского облисполкома. За короткий период работы быстро освоил порученный участок работы. Правильно планирует работу отделения кадров, быстро установил тесный контакт с местными партийными и советскими органами, добился практического осуществления плана по подбору, расстановке, воспитанию кадров и их обучению.

Находясь в резерве на выдвижении кадров МВД ТССР на должность начальника отдела, майор БЕРДИМУХАМЕДОВ за последнее время специализируется в работе штаба УВД, принимает участие в составлении квартальных и годового плана работы УВД, участвует в работе комиссии по комплексной проверке деятельности горрайорганов внутренних дел.

Ташаузская типография, зак. 6486 1972 г.

Принимает активное участие в общественной жизни коллектива, является секретарем партбюро УВД Ташаузского облисполкома. Лично дисциплинирован, морально устойчив, требователен к себе и подчиненным, пользуется авторитетом среди личного состава.

Майор БЕРДИМУХАМЕДОВ М. по своим политическим и деловым качествам заслуживает выдвижения на должность начальника штаба УВД Ташаузского облисполкома. Данный вопрос согласован с обкомом КП Туркменистана.

НАЧАЛЬНИК УВД ТАШАУЗСКОГО
ОБЛИСПОЛКОМА ПОЛКОВНИК В/С П.МАГСЫМОВ

Приказом МВД ТССР
от 26 апреля 1973 г.
тов. Бердимухамедов
назначен на должность
нач. штаба на основании
реализации выводов
аттестации, рассмотренной
УВД Ташаузского облисполкома
20-IV-1973 года (протокол № 1).

*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany*
*M. Berdimuhamedowyň teklipnamasy. 1973 ý.*

# Автобиография

Я Бердымухаммедов Мяликгулы родился 12 августа 1932 г. с/с 1-й Бирлешик Геок-тепинского р-на Ашхабадской области в семье служащих.

Отец Аннаев Бердымухаммет родился 1904 г. в семье крестьянина-бедняка с/с Изгант Геок-тепинского района. До октябрьской революции был несовершеннолетним, после октябрьской революции учился в советском учебном заведении и с 1926 г. до конца жизни работал в народном просвещении в должности преподавателя родного языка, завучем, директором школы Геок-тепинском, Казанджикском и Кировском районе. 6-го Октября 1948 г. погиб во время землетрясения.

Мать Бердымухаммедова Огульбабек родилась в 1906 г. в семье крестьянина бедняка и является домохозяйкой.

Брат Бердымухаммедов Амангулы родился в 1935 г. с/с 1-й Бирлешик, окончил 10 кл. и в настоящий время служит в рядах Советской Армии.

Я поступил учиться в 1940 г. в среднюю школу № 16 с/с 1-й Бирлешик и окончил полный курс средней школы в 1950 г. Начинал работать в должности учителя начальных классов с августа 1949 г. по август 1950 г. в средней школы № 16 с/с 1-й Бирлешик. После окончания 10 кл. в августе 1950 г. по приказу Геок-тепинского райОНО был переведён учителем родного языка 5-7 кл. семилетней школы № 7 с/с 2-й Бирлешик

С октября 1951 г. был переведен на должность завуча этойже школы.
22го марта 1952 г. был призван в ряды Советской Армии и проходил двухгодичный курс младшего лейтенантов в город Ташкенд. После окончаний курс 19 мая 1954 г мне присвоен звания мл. лейтенант и сентября 1954 г. уволился в запас
с октября 1954 г в октября 1955 г. работал преподавателем военного дела и физподготовки средней школы № 13 с/с Бабараб.
с 12 октября 1955 г. по 20 ноября 1956 г. работал Зав. школьным отделом Геок-тепинскую райкома ЛКСМТ.
с 21 ноября 1956 г по настоящее время работаю в средней школ № 13 с/с Бабараб в должности преподователем военного дело и физподготовка 5-10 классах.
Я 1947 г. поступил в ряды членов ВЛКСМ и с июня 1953 г член КПСС.

Семейное положения

1956 г. женился

1) Бердимухаммедова Огулабат (жена) 1937 года рожден, образования средне домхозяйка.

2) Сын Бердимухаммедов Гурбангулы родился 29 июня 1957 г.

БМухаммедов — / Бердимухаммедов

28/IV-58 г.

*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany M. Berdimuhamedowyň öz eli bilen ýazan terjimehaly. 28.04.1958 ý.*

wagt salyp, kakam bizden okuwymyz hakynda sorasa, gündeligimizdäki «başlikleri» görkezip, «berekella» almaly. Şuny duýýanlygy üçin, ejem depderimizi kakamdan öňürti görmäge howlukmaýardy. Sport türgenleşiklerine dagy gidip, agşamlaryna gijä galaýdygyň, mähriban käbämiň jandurmazaklyk bilen elewreýşi ýadyma düşeninde, häzir hem gynanman durmaýaryn. Iliň gadyryny bilip, hormat goýmagy ündäp, enem-atam maňa uly sapak berdiler diýip belläsim gelýär.

Hawa, indi özümiň hususy iş otagymdaky kitaplara aýratyn mähir bilen garap, okamaga bolan höwesiň maňa durmuşda uly goldaw berendigini öz ýanymdan ýene-de tassyklaýaryn. Kitaby dünýä ýaly baýlyga deňän pederlerimize mynasyp bolup, ata-babalarymyzyň dowamatynyň uzaýandygy Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe raýatlarymyzyň durmuş ädimleri bilen ykrar edilýär.

Biziň maşgalamyzda okamak däbi uzak döwürläp dowam etdi. Kakam motoatyjylyk goşunlarynyň serkerdesiniň hünäri boýunça SSSR Içeri işler ministrliginiň Oržonikidze (häzir Wladikawkaz, Russiýa Federasiýasy) şäherindäki S.M. Kirow adyndaky Gyzyl baýdakly harby uçilişşesinde okap, 1968-nji ýylda ony üstünlikli tamamlady. Soňra ylym-bilimini kämilleşdirmekligi Aşgabat garnizonynyň Serkerdeler öýüniň ýanyndaky Marksizm-leninizm uniwersitetiniň umumy fakultetiniň agşamky

bölüminiň üç ýyllyk okuwy bilen dowam etdi. Ylym-bilim, hünär kämilligine gönükdirilen şeýle pursatlar bilen bagly ýatlamalar maşgalamyzda häzir hem iň ýakymly ýatlamalar bolup, olar maňa uly güýç berýär. Kakam 1976-njy ýylda syýasy edaralaryň başlygy maksatnamasy boýunça SSSR Içeri işler ministrliginiň Kiýewdäki (Ukraina) ýokary mekdebine okuwa iberilende, biziň ýaňy bir ýetişip ugran mahallarymyzdy. Ýöne hünäriňi ýokarlandyrmagyň, düýpli syýasy, harby we ýörite taýýarlygy geçmegiň, täze-täze ideýalary we endikleri özleşdirmegiň kakama zerurdygyna düşünýärdik. Kakam: «Öwrenmekden hiç zelel gelmez» diýýärdi. Öýümizdäki kitap tekjelerindäki kitaplary käbämiň mähir bilen eline alýandygy göz öňüme gelýär. Ol kitaby şeýle bir mähir bilen sypalaýar welin, iňňän gymmatly bir zady edinen adama meňzeýär. Şol arzyly duýgy hem onuň göreldesi bilen bize ündän kitaba söýgüsimikä diýýärin.

Hünäriňe ezberlik ukyplaryňy köptaraplaýyn kämilleşdirmegi talap edýär. Zehin, başarnyk ukybyň, akyl-paýhas goruň hem şonuň esasynda baýlaşýar. Kakamyň durmuşynda terjimehaly şol pursatlardan ýazylyp, onuň her sahypasy il içinde abraý almagyň, sylanmagyň, sarpalanmagyň nähili buýsançlydygynyň ündewi bolup duýulýar.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynyň düzüminde gulluk etmek hiç döwürde hem aňsat däldir, bu

ПАРТИЙНАЯ ХАРАКТЕРИСТИКА

на коммуниста Бердымухамедова Маликкулы, члена КПСС
с 1953 года, партийный билет №03379721.

Коммунист Бердымухамедов М., находясь на должности инструктора по комсомольской работе, к работе относится добросовестно. Над повышением своего идейно-теоретического уровня работает, учится на 1-м курсе вечернего университета марксизма-ленинизма при Ашхабадском Доме Советской Армии. Часто выступает перед личным составом с докладами и беседами. Ранее избирался в состав партийного бюро.

В общественно-политической жизни коллектива принимает активное участие. Дисциплинирован, в быту ведет себя скромно, авторитетом в коллективе пользуется. Постоянно поддерживает деловую связь с местными комсомольскими и партийными организациями.

Партийная характеристика обсуждена на заседании бюро парторганизации Управления штаба. Протокол №4.

СЕКРЕТАРЬ ПАРТБЮРО ПАРТОРГАНИЗАЦИИ
УПРАВЛЕНИЯ ШТАБА

А. Мирзоянц /А.МИРЗОЯНЦ/.

*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany M. Berdimuhamedowyň partiýa agzalygynyň häsiýetnamasy. 1953 ý.*

iň bir jogapkärçilikli wezipe. Geçen asyryň ikinji ýarymynda hem şol kynçylyk ýiti duýulýardy. Halkyň medeniýetinden gelip çykýan düýpli ýörelgeleriň şol döwrüň talaplaryna laýyk ýaşamagynyň üpjün edilmegi iňňän oýlanyşyklylygy talap edýärdi. Ýiti sowatly, ylym-bilim taýýarlygyň ýetik bolmasa, göwnüňe jaýlap, wakalara baha bermek hem kyndy.

Islendik döwürde hem wakalara dogry baha bermek, adalatly çözgüt çykarmak üçin, ýiti aň, akyl hem sowatlylyk, başarnyklylyk, pähimlilik möhüm bolup durýar.

Merdana asudalygy goraýjy!

Sen her bir ädimiňde jemgyýetiň sagdynlygyny, adamlaryň adalatly ýaşaýşa bolan ynamyny goramalysyň. Ata-babalarymyzdan galan asylly adamkärçilik ýörelgeleriniň goragçysydygyňy hiç haçan unutmaly dälsiň. Çünki bu mähriban ilde ynsaplylyk, rehimdarlyk, sahawatlylyk, zähmetsöýerlik barasyndaky öwüt-ündewler sähranyň deminde, daglaryň belentliginde, Garagumuň çägesiniň her düwürinde ýaşaýandyr.

Çagakaňyz haýyr-sogap, günä işlerden daş durmak hakyndaky öwütleri size ýetirýän diňe bir ýaşuly nesliň yhlasy bolman, ol eziz tebigatymyzyň tutuş durkuna ýazylandyr hem-de onda ýaşaýandyr.

Ene-atanyň perzendi bilen mähirli sözleşmäge hemişe mümkinçiligi bolmasa-da, olar öz yhlaslary

bilen ogullarynyň, gyzlarynyň kalbynda ýaşaýarlar. Türkmen maşgalasynda «Kakaň näme diýerkä?» diýen sowalyň perzent üçin nähili uly ornunyň bardygyny göz öňüňize getiriň. Eneler öz perzentlerine edermenlik, zähmetsöýerlik, erjellik hakynda gyzykly söhbetleri aýdyp berip, ojagyň asuda durmuşyny rowaçlandyrýarlar. Göwün göteriji, ýakymly söhbetlerden gulagy ganyp, perzent kemala gelýär. Perzendini ile ýararlykly edip terbiýeläp, jemgyýetiň hataryna goşmak ene-atanyň durmuşdaky iň möhüm maksady bolup durýar.

Şu ýerde türkmen halk döredijilik eserleriniň ýörgünli ýordumlaryndan ençemesi hyýalyma gelýär. Jygalybeg serdaryň Görogla berýän terbiýesi, atanyň öz ogluny sargyt bilen uzak ýola ugradyşy, bularyň hemmesiniň mazmunyndan hem terbiýe babatdaky jogapkärçilik meselesi ör-boýuna galýar. Şunuň esasynda hem terbiýäniň jemgyýetçilik wezipesi ýüze çykýar. Ene-ata özüniň öý--ojagynda agzybirligi, tertip-düzgünliligi saklap, jemgyýete ýagşy göreldesini ýaýýar. Bir öý-ojagyň ýagşy göreldesi il-ulsa ýörelge bolýar. Gorkut ata, Görogly, Magtymguly ýaly asylly ýörelgeleri ýaşadýan şahsyýetler nesillere ruhy dowamatlaryny galdyrýarlar.

«Her göreniň Hydyr bil!» – men şu jümleleriň çuň paýhas gözbaşy hakynda nygtamagy zerur hasap edýärin. Her adama şeýle ýagşy garaýşy kemala getirmek üçin

nähili ruhubelentligiň, aýna ýaly arassa kalbyň gerekdigi düşnükli ahyryn. Şonuň üçinem gowulygy ündäp, diňe sypaýylyga, päk ahlaga, ynsaba daýanýan ebedi daragty gülletmäge ýardam edýäris. Şular bilen ugurdaş pikirleri öňki kitaplarymda hem teswirländigim okyja aýandyr diýip pikir edýärin. Edermenlikde Görogly, danalykda Gorkut ata, ylymlylykda Magtymguly ýaly perzentler bu topragyň guwanjy, bakylyk binýadydyr. Ýaş nesillerimiz öz geçmişdäki neberelerinden beýikleriň, ussatlaryň ruhy güýjüni duýmalydyrlar. Olarda bu duýgy mähribanlyk, watançylyk söýgüsini döretmelidir. Çünki ozal hem aýdyşym ýaly, atalar öz perzentleriniň ruhy dowamynda ýaşaýarlar.

Kakamyň göz öňüne getirişi ýaly bolup, durmuşda özüňi alyp barmak maksady maňa hemişe uly güýç berýärdi. Sebäbi kakamyň ynsaplylyk, zähmetsöýerlik, sypaýylyk, pähimdarlyk ýoly maňa hemişe nusgady. Elbetde, men onuň göwnüniň islän ugry boýunça bilim alyp, durmuşymy şoňa görä dowam etdirmedim. Ýöne men kakamyň ynamynyň nämelerdedigi hakynda oýlanýardym. Biziň her bir üstünligimize onuň çäksiz begenýändigini bilýärdim. Ene-ataň ynamyny ödäp, olaryň ýörelgelerine wepaly bolup, özüňe iň ýakyn mähribanlaryňy begendireniňden soň, durmuşyň manysy öňküsinden has çuň bolup görünýär.

Kakamyň durmuşynyň her bir pursady hakynda häzir hem köp oýlanýaryn. Şol pursatlaryň beren sapagy meniň



*M. Berdimuhamedow harby ştabyň diwar gazetiniň redaktory ýefreýtor Sergo Lukaşwili bilen gazetiň nobatdaky sanynyň materiallaryny maslahatlaşýar. 1963 ý.*



*M. Berdimuhamedow (sagda) serkerdelik okuwyny gutarandan soň öz ýoldaşlary bilen. 1967 ý.*

tutuş durmuşymyň bezegidir diýýärin. Haýsy ýerde işleseň-de, kämilleşmek zerur. Durmuşyň şu ýörelgesine bolsa gündelik durmuşda endikleriňi taplamak arkaly erk edilýändigi dogrudyr. Kakamyň mydama möhüm bir işe ýetişmelidigini, wagtynyň hemişe çäklidigini biz bilýärdik. Kakam işden geldigi, ümsümlik aralaşardy. Onuň bir zat diýerine garaşýardyk. Kakamyň ýekeje sözi hem biziň üçin üýtgeşik täsirlidi. Kakam: «Tüweleme, batyr ýigit bolupsyň!» diýýärdi welin, ýadyma düşýär, şol hem egsilmez uly güýç berýärdi. Kakamyň ömür menzilleri hakynda hem öz ýandepderçäme belleşdirýärin. Häzir hem öz mähribanlarymyň durmuş hakyndaky sargytlaryny ünsden düşürmezlik, şolary öz gezegimde nesillerimize öwretmek üçin ýazyp goýmak endigim bar:

«Zähmetden hiç zelel gelmez. Zähmet ynsanyň ýaraşygydyr».

«Käteler wada bereniňden, köňül bilen wepadarlygyňy aýan edeniň has gowudyr».

«Hormatyň bahasynyň ölçegi seniň il-günüňe yhlasyňda, mähriňde, söýgiňde».

«Hakyky gözelligiň nämedigini bilmeýän, Watanyň gudratyna düşünmez».

«Ogul-gyzyň – dowamatyň, sen olardan, iň bolmanda, köňlüň bilen gatnaşygyňy üzmejek bol!»

«Ýigidiň iň güýçli hossary onuň ilidir».



«Oka, oka, dyngysyz oka, munuň miwesi göze görünmez. Çünki özüniň akylynyň nähilidigini ölçemäge hyýal edýände şol akyl ýokdur».

«Batyrlyk ähli ejiz häsiýetleri ýeňýän uly güýçdür».

«Ýöwsellemek adamy bezeýän häsiýet däldir».

«Adam häsiýeti, ony okap bilýän kişi üçin ynsanyň keşbinde ýazylýandyr».

«Watan söýgüsiniň iňňän kiçijik zatlardan başlanýandygyny unutma!»

Kakam üçin öňde goýlan maksadyň diňe bir gulluk borjunyň çäginde ýerine ýetirilmeli işler däldigine meniň gözüm ýetýärdi. Mähriban kyblamyň işiň netijeliligini gowulandyrmak pikiri bilen ýaşaýan adamlardandygyna men hemişe buýsanýaryn. Jemgyýetiň öňe gitmeginde şol adamlaryň iňňän uly hyzmaty bardyr. Şonuň üçinem il bähbidi bilen ýaşan adamlaryň durmuşyndan öwrenmäge mysallar örän köpdür. Kakam bu ulgamda dürli döwürde syýasy bölümiň ýaşlar bilen işleşmek boýunça instruktory (1963–1967 ý.), wagyz işleri boýunça uly instruktor (1967–1971 ý.), TSSR IIM-niň Zähmet-düzediş edaralary müdirliginiň başlygynyň syýasy-terbiýeçilik işleri boýunça orunbasary (1975–1980 ý.) wezipelerinde işledi. Men wagt tapdygymdan, taryhy maglumatlary agtaryşdyrýaryn. Şonda kakamyň partiýa býurosynyň agzalygyna, partiýa guramasynyň sekretarlygyna

Ичерки ишлер Министрлигиниң
жарбы бөлүмлеринде гуллук эден
дөврүмде болудан ачыма вакалар
бирада кә-бир ятламалар.

Мен 1954-нжи йылың март айында
Түркменистан Жарбы окуржының 2 йыллык
жарбы мекдебини тамамлап, Гыргыз-
стан ССР-ниң Ош шәхеринде ерлешйән
Даг-атыжылык жарбы бөлүминде
взвод командири болуп ишләп башла-
дым. Эмма шол йылың ахырында
биздиң Дивизиямыз расформировать
эдилип запаса гайтардым.
1955-08.1968 йыл аралыгында ЛКСМТ
Гөкдепе райкомының мекдеплер бөлү-
миниң мудири, Бахарлы обласындакы
№13-нжи орта мекдепде башлангыч
жарбы тайярлык мугаллымы вежипе-
леринде ишледим.
1958-нжи йылың август айындан
1982-нжи йылың 1-нжи апрелине ченли
ичерки гошунның шахсы дузиминде,
Түркменистаның ичерки ишлер минис-
трлигинде ве онуң Мары, Дашховуз
облуправленияларында дүрли вежипелерде
ишледим.
Ичерки ишлер министрлигиниң 7596-нжы
жарбы бөлүминде илки взвод командири
соңра болса полкуң комсомол иш-

лери боюнча инструкторы болуп харбы бөлүмиң комсомол ишгәри болмак орун тутмакдыр ве [illegible]

Ол довурде харбы бөлүмде СССР-иң 15 республикасының җемлесинден гошун гуллугына чагырмак дүрли ~~[illegible]~~ миллетлер гуллук эдйәрдилер.

Оларың агзыны бир этмек учин җемде җемде харбы бөлүмиң өңүнде гоюлмак везипэни үстүнликли берджай этмек учин сыясы-тербиячилик ишлерини ызыги-дерли кәмиллешдирмели болярды.

1967-нҗи йылда СССР ичери ишлер министрлигиниң дөредилмеги, хемме республикаларың ичерки гошун харбы бөлүмлери, ичери ишлер гошунының табынлыгына берилди. Шол довур комсомол билетлерини чалышмак довур билен габат гелди.

Шол иш себәп боюнча ичерки гошуның комсомол ишгәрлериниң җемлемесини Москва шәхерине 3-гүнлик семинар маслахата чагырдылар.

Семинар-маслахатың 2-нҗи гүни биз билен СССР ичери ишлер Министри генерал-полковник Н.А. Щелоковың ду-шушыгы болянлыгыны айтдылар. Министр бизи [illegible] кабул этди.

Ол иши билен бизи тэзе беленен ичерки гошунының командующиси генерал-лейтенант Яковлиев ве гошуның Политуправлениесиниң начальниги генерал-майор Потопов

билен таныштырдым. Соңра чыкышлара сөз сорап Министрлигиң ачылан гүнүнден бәри биринҗи гезек бизи кабул эдйәнлигини ве бизиң өсер биримиз билен якындан таныш болмак ислег эдйәндигини айдып, бизе етмекчиле сөз бердим.

Мениң ол гезегимде эсгерби бөлүмимизиң шахсы дүзүминиң сыясы-соватлылыгы, материал-техники үпҗүнчилиги, оңы чекилен вазыпалары үстүнликли амала ашырмакда ве эсгерлере эсгерби-ватанчылык тербиесини бермекде алып барян ишлеримиз барада хабар берип, шол бир вагтың өзүнде эсгерлериң сыяси-соватлылык тайярлыкларының вагтында ёкарландырмакда, Партия ве комсомол гурамаларының тербиечилик ишинде активлигини гүйчлендирмек барада бизе бағлы болмаяк кемчиликлериң барлыгыны, айратынам оларда:

1-нҗиден, бизиң гарамагымыздакы айратын батальонларда ве роталарда бар болан ишлериң партия ве комсомол гурамаларының ерли райком-горкомларың гөзегинде дурмаклары, бизе олар билен гоны иш алып бармакда көп кынчылыкларың барлыгы барада бирин-бирин дурүт гечдим.

2-нҗиден, эсгерби бөлүмимизде бар болан от ачян яраглары, авто-броне техникаларың, йөрите серишделериң өрән көнелдигини, довруң талабына лайык гелмейәнлигини ве башгада бир нәче ёлбачы-

ликлериң бардыгыны айтдым, йөне биз ол кемчиликлери дүзетмек барада алан бәрен чәрелеримиз барада жогап бердим. Министр мениң жогабымы үнс билен диңледи, соңундан мениң айдан затларымың оларда бар болан маглуматлар билен габат гелйәнлигини айдып маңа миннетдарлык билдирди йөне бу меселеде-де бизиң еке дәлдигимизи шейле ягдайың Орта Азия ве Прибалтика республикаларында бардыгыны билдире, йөне нәме үчин шол республикаларың комсомол ишгәрлериниң бу барада дил язгарманлыкларына гең галярын дийди. Ол кемчиликлери тиз-ара дүзетмек-лик үчин, биз ССКП-ниң Меркези Комите-тиниң ыгтыяр бермеклери билен, хемме республикаларың харбы бөлүмлеринде райком партияның ыгтыярлыкларындакы Полит-отделы ачмак барада карара гелдик, Сизи болса ёлдаш Капитан, дийип маңа йүзленип, Сизи болса комсомол ишинден партия ишине, яңы төзе ачылян Политотдела уллы инструктор эдип белләрлер дийди.

Умуман Сыяси бөлүмиң уллы инструк-торы болуп ишлемек өрән җогапкәрли иш эди. Умуман өвренмек үчин өзүң көп зат билмек герекди, өз харбы ве сыяси шу әскерлериңи взводлары кәмиллешдир-мелиди. Мен ёкары билимимиң барлыгына гарамаздан Марксизм-Ленинизм Университе-тиниң агшамкы бөлүмини, Орджоникидде

шәхериндәки С.М.Киров адындакы ёкары харби мекдебини гутарып, билим дереҗелерими ве вэзипелерими кәмилләшдирдим.

Ак йүрек билен зәхмет чекиң, хемме дөвүрде-де гадырың билинйәр. Мен харба бөлүмлеринде ве ичери ишлер органында гуллук эден дөврүмде 7 гезек хөкүмет сыйлыкларына хем-де „Ичерки гошун гуллугында айратын тапавутланандыгы үчин" диен дөш дашынат нышанына мынасып болдум.

Мен 1982-нҗи йылда подполковник званиясы билен харби пенсия чыкдым.

Мөрди — М. Бердимухаммедов.

2.02.2012 й.

telim gezek saýlanylandygyny, agitator we wagyz-ündewçi bolup işländiginiň subutnamalary bilen tanyşýaryn. Kakam Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynyň ulgamynda 26 ýyldan gowrak wagtlap zähmet çekdi. Özi hem ýurdumyzyň dürli künjeklerinde iş tejribesini üstünlikli dowam etdirdi. Içeri işler ministrliginiň ulgamynda işlän ýyllarynyň içinde Aşgabat, Daşoguz, Mary şäherinde toparyň serkerdesi, otrýad başlygy, nobatçy bölüme, işgärler bölümine ýolbaşçy, ştab başlygy ýaly wezipelerde işledi.

Kakamyň dürli ýyllarda ýazan goşgularyny gaýtalap okaýaryn. Şol şygyrlaryň ýüregiň emri bilen dörän gudratdygyna ynanýaryn.

## *Ýürekleň buýsanjy – Watan*

Şuny mydam ýatda saklaň, dostlarym,
Ýürekleň buýsanjy Watandyr, Watan!
Watana sežde etmek hökman, dostlarym,
Pederleň daýanjy Watandyr, Watan!

Okuwda mydama bäşlik okalyň,
Işläliň! Ýap çekip, ekin ekeliň.
Bu durmuşda taplanalyň, bekäliň,
Ýürekleň söýenji Watandyr, Watan!

Köp işläliň, ýadawlygy duýmalyň,
Şu sähralaň hiç mährinden doýmalyň,
«Watan» sözün dillermizden goýmalyň!
Dünýäň baýlyk-genji Watandyr, Watan!

Kakamyň öz eli bilen ýazan ýazgylaryny dykgat bilen okaýaryn. Olaryň arasynda Içeri işler ministrliginiň harby bölümlerinde gulluk eden döwrüniň ýatlamalary hem bar. Olary köp okadygyňça, täsiri barha artýan ýaly duýulýar. Ine, olar:

Men 1954-nji ýylyň maý aýynda Türküstan harby okrugynyň 2 ýyllyk harby mekdebini tamamlap, Gyrgyzystan SSR-niň Oş şäherinde ýerleşýän Dag-atyjylyk harby bölüminde wzwod komandiri bolup işläp başladym.

Emma şol ýylyň ahyrynda biziň diwiziýamyz ýatyrylyp, men ätiýaçda galdym.

1955–1958-nji ýyllar aralygynda LKSMT Gökdepe raýkomynyň mekdepler bölüminiň müdiri, Babarap obasyndaky 13-nji orta mekdepde başlangyç harby taýýarlygy mugallymy wezipesinde işledim.

1958-nji ýylyň awgust aýyndan 1982-nji ýylyň 1-nji apreline çenli içerki goşunyň şahsy düzüminde, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginde we onuň Mary, Daşhowuz oblast müdirliklerinde dürli wezipelerde işledim.

Içeri işler ministrliginiň 7596-njy harby bölüminde ilki wzwod komandiri, soňra bolsa syýasy bölümiň komsomol işleri boýunça instruktory boldum. Harby bölümde komsomol işgäri bolmak örän gyzyklydy we jogapkärlidi. Ol döwürde harby bölümde SSSR-iň 15 respublikasynyň hemmesinden goşun gullugyna çagyrylan dürli milletleriň wekilleri gulluk edýärdiler. Olaryň agzyny bir etmek üçin hem-de harby bölümiň öňünde goýlan wezipäni üstünlikli, yzygiderli kämilleşdirmeli bolýardy.

1967-nji ýylda SSSR Içeri işler ministrligi döredilip, hemme respublikalaryň içerki goşun bölümleri Içeri işler ministrlikleriniň tabynlygyna berildi. Şol döwür komsomol biletlerini çalşylýan döwür bilenem gabat geldi.

Şol sebäp bilenem içerki goşunlaryň komsomol işgärleriniň hemmesini Moskwa şäherine 3 günlük seminar-maslahata çagyrdylar.

7*

Seminar-maslahatyň 2-nji güni biz SSSR Içeri işler ministri general-polkownik N. A. Şelokow bilen duşuşdyk. Ministr bizi gadyrly kabul etdi. Ol ilki bilen bizi içerki goşunlaryň täze bellenen komanduýuşisi, general-leýtenant Ýakowlew we soňra içerki goşunlaryň Syýasy müdirliginiň naçalnigi general-maýor Poýopow bilen tanyşdyrdy. Soňra ministr gysgaça söz sözläp, ministrlik açylan gününden bäri birinji gezek bizi kabul edýänligini we biziň her birimiz bilen ýakyndan tanyş bolmak isleýändigini aýdyp, bize ýekeme-ýeke söz berdi.

Menem öz gezegimde harby bölümimiziň şahsy düzüminiň syýasy-söweşjeň ýagdaýy, maddy-enjamlaýyn üpjünçiligi, öňde goýlan wezipeleri üstünlikli amala aşyrmakda we ýaşlara harby-watançylyk terbiýesini bermekde alyp barýan işlerimiz barada habar berip, şol bir wagtyň özünde esgerleriň syýasy-söweşjeň taýýarlyklaryny yzygiderli ýokarlandyrmakda, partiýa we komsomol guramalarynyň terbiýeçilik işinde bize bagly bolmadyk päsgelçilikleriň bardygyny nygtadym:

Birinjiden, biziň garamagymyzdaky aýratyn batalýonlarda we rotalarda bar bolan ilkinji partiýa we komsomol guramalarynyň ýerli raýkomlaryň ýa-da şäherkomlaryň hasabynda durýandyklaryny aýtdym. Bu bolsa bize olar bilen göni iş alyp barmakda köp kynçylyklary döredýär.

Ikinjiden, harby bölümimizde bar bolan ot açýan ýaraglaryň, awto-bronly tehnikalaryň, ýörite serişdeleriň örän

könelişendigini, döwrüň talabyna laýyk gelmeýänligini we başga-da birnäçe ýetmezçilikleriň bardygyny aýtdym, ol kemçilikleri düzetmek barada alyp barýan işlerimiz barada hasabat berdim. Ministr meniň hasabatymy üns bilen diňläp, soňundanam, meniň aýdan zatlarymyň olarda bar bolan maglumatlar bilen gabat gelýändigini aýdyp, maňa minnetdarlyk bildirdi. Ol bu meselede şeýle ýagdaýyň beýleki Orta Aziýa respublikalarynda hem dowam edýändigini belledi, ýöne näme üçin şol respublikalaryň komsomol işgärleriniň bu barada dil ýarmaýandyklaryna geň galýandygyny aýtdy. Ol kemçilikleri tizara düzetmeklik üçin, biz hemme respublikalaryň harby bölümlerinde syýasy bölümleri döredip, olaryň hem partiýanyň ýerli raýkomlaryna tabyn bolmazlyklary barada karara geldik diýip, ministr habar berdi.

– Sizi bolsa, ýoldaş kapitan – diýip, ol maňa ýüzlendi, – sizi bolsa, komsomol işinden partiýa işine, ýagny täze açylýan syýasy bölüme uly instruktor edip bellärler – diýdi.

Umuman, syýasy bölümiň uly instruktory bolup işlemek örän jogapkärlidi. Öwretmek üçin özüňe köp zat bilmek gerekdi. Öz harby we syýasy iş hünäriňi yzygiderli kämilleşdirmelidi. Men ýokary bilimimiň barlygyna garamazdan, marksizm-leninizm uniwersitetiniň agşamky bölümini, Oržonikidze şäherindäki S. M. Kirow adyndaky ýokary harby mekdebini gutaryp, bilim derejelerimi yzygiderli kämilleşdirdim.

Ak ýürek bilen zähmet çekseň, hemme döwürde-de gadyryň bilinýärdi. Men harby bölümlerde we içeri işler organlarynda gulluk eden döwrümde 7 gezek hökümet sylaglaryna hem-de «Içerki goşun gullugynda tapawutlanany üçin» diýen döşe dakylýan nyşana mynasyp boldum.

Men 1982-nji ýylda podpolkownik çininde harby pensiýa çykdym.

***M. Berdimuhamedow.***
***2.02.2012 ý.***

Mähriban kyblamyň oba mekdebiniň mugallymlygyndan zähmet ýoluna başlap, soňra gulluga başlap, tä içerki gullugyň podpolkownikligine çenli şöhratly zähmet ýoluny geçen ýeri bolan içeri işler edaralarynyň häzirki edermen gullukçylaryna men rowaçlyk, synmaz erklilik, merdanalyk arzuw edýärin. Onuň üç sany ýörite, iki sany hem ýokary biliminiň eýesi bolmakdan hem başga, mertlik, gaýratlylyk, zähmetsöýerlik, batyrlyk hakyndaky durmuş sapaklarynyň, meniň üçin bolşy ýaly, siziň üçinem has gymmatlydygyna ynanýaryn.

Asudalygy goraýan merdana esger!

Mertleriň batyrlyk ýörelgesine ygrarlylyk seniň eziz Watanymyzyň öňündäki perzentlik borjuňdyr.

Saňa daglaryňky ýaly sarsmaz gaýratlylyk, abraýlylyk, egsilmez gujurlylyk arzuw edýärin.

**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň weterany Mälikguly Berdimuhamedowyň harby atlary we olaryň dakylan seneleri:**

kiçi leýtenant – 1954-nji ýylyň 5-nji iýuly;

leýtenant – 1960-njy ýylyň 5-nji marty;

içerki gullugyň uly leýtenanty – 1963-nji ýylyň 22-nji fewraly;

içerki gullugyň kapitany – 1966-njy ýylyň 25-nji fewraly;

maýor – 1970-nji ýylyň 8-nji maýy;

içerki gullugyň podpolkownigi – 1974-nji ýylyň 29-njy maýy.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň weterany Mälikguly Berdimuhamedowyň ylmy makalalarynda hem ýaşlaryň bilim-sowatlylygyny, kämil düşünjeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen pikirler aýdyň duýulýar. Metbugat sahypalarynyň saralan gatlary şol hakykaty durky bilen özüne siňdiripdir.

## HÖKÜMET SYLAGLARY WE OLARYŇ BERLEN WAGTY:




*«1941–1945 ý. Beýik Watançylyk urşunda Ýeňiş gazanylmagynyň 20 ýyllygy» diýen medal – 1965-nji ýylyň 7-nji maýy*



*«Birkemsiz gullugy üçin» diýen medalyň III derejesi – 1966-njy ýylyň 23-nji apreli*



*«SSSR Ýaragly Güýçleriniň 50 ýyllygy» diýen medal – 1967-nji ýylyň 26-njy dekabry*




*«Söweş edermenligi üçin, W. I. Leniniň doglan gününiň 100 ýyllygynyň şanyna» diýen medal – 1970-nji ýylyň 22-nji apreli*



*«Gullukda tapawutlananlygy üçin» diýen nyşanyň II derejesi, 1971-nji ýylyň 19-njy fewraly*



*«Birkemsiz gullugy üçin» diýen medalyň II derejesi – 1971-nji ýylyň 10-njy noýabry*



*«Birkemsiz gullugy üçin» diýen medalyň I derejesi – 1976-njy ýylyň 10-njy noýabry*




*«Zähmet weterany» diýen medaly – 1982-nji ýylyň 9-njy marty*






УДОСТОВЕРЕНИЕ

МА № 199156

М. П.

ВОДИТЕЛЬ МОТОЦИКЛА

Фамилия Бердимухамедов

Имя Маликкулы

Отчество —

Личная подпись водителя

Выдано Госавтоинспекцией

Туркменской ССР

на основании протокола № 138

от 29 августа 1972 г.

Председатель комиссии

(подпись)

М. П.

Для особых отметок

п. № 064398

от 29.08.72 г

Гознак.

*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany M. Berdimuhamedowyň motoulagy dolandyrmaga ygtyýar berýän sürüjilik şahadatnamasy*



МООП/УООП ________ ССР, АССР, края, области

ТАЛОН ПРЕДУПРЕЖДЕНИЙ II № 064398

к удостоверению на право управления мото

серии „ТА" № 199156

Талон действителен в течение 15 суток после изъятия удостоверения

Фамилия водителя Бердимухамедов

Имя Малликулы

Отчество

Талон выдан ГАИ Ташауз 29 августа 19 72 г.

м. п. Подпись

При утере возобновляется после проверки знаний правил движения



*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany M. Berdimuhamedowyň 1963–1972-nji ýyllar aralygynda ulanan gozakly gulluk motoulagy*







*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany M. Berdimuhamedowyň awtoulagy dolandyrmaga ygtyýar berýän sürüjilik şahadatnamasy*


8 1 1 1 2 2 2 3

МООП/УООП Туркменская ССР г. Ташауз ССР, АССР, края, области

ТАЛОН ПРЕДУПРЕЖДЕНИЙ II № 064397

к удостоверению на право управления шоф-люб

серии „ту" № 012217

Талон действителен в течение 15 суток после изъятия удостоверения

Фамилия водителя Бердимухамедов

Имя Маликкулы

Отчество

Талон выдан ГАИ Ташауз 29 августа 1972 г.

м. п.

Подпись

При утере возобновляется после проверки знаний правил движения

6 6 6 5 5 5




*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany M. Berdimuhamedowyň ulanan «GAZ-69» kysymly gulluk awtoulagy*




*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany M. Berdimuhamedowyň ulanan «RAF-997» kysymly gulluk awtoulagy*




*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany M. Berdimuhamedowyň 1972–1975-nji ýyllar aralygynda ulanan «GAZ-69 A» kysymly gulluk awtoulagy*




*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany M. Berdimuhamedowyň 1980–1982-nji ýyllar aralygynda ulanan «GAZ-21» kysymly gulluk awtoulagy*




*Içeri işler edaralarynyň hormatly weterany M. Berdimuhamedowyň 1980–1982-nji ýyllar aralygynda ulanan «WAZ-2102» kysymly gulluk awtoulagy*



*Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi*


RKMENISTANYŇ IÇERI IŞLER MINISTRLIGI
04 12 AGY
04 13 AGY





*Içeri işler ministrliginiň Dolandyryş merkeziniň ýanyndaky Seljeriş merkezi*

# «HER IŞ GELSE, IL BILÄNI»

Adamzadyň asylly ýörelgeleriniň rowaçlanýan ýerinde asudalyk bolýar. Asudalyk birek-birege köňüldeşlik duýgusyndan döreýär. Asudalyga bolan sarpa adamlara çensiz uly gaýrat, erjellik, güýç berýär. Merdanalygy, batyrlygy, ugurtapyjylygy, ezberligi döredýän hem asudalyga bolan söýgüdir. Durmuşda töwekgelçilik etmän, maksadyňa batyrgaý ýapyşmagyň özi hem asudalyga goýulýan sarpanyň netijesidir. Asudalygy goraýan her bir watançy Magtymguly akyldaryň «Her iş gelse, il biläni» diýip, il ykbalyny öz ykbaly hasap edýän setirlerine eýermelidir. Batyrlyk, merdanalyk bilen ynsan durmuşyň dürli ugurlarynda özüniň tejribesini baýlaşdyrýar. Ýurdumyzyň Içeri işler ministrliginiň merdanalarynyň her gününiň şeýle aýgytly pursatlar bilen çuň mana eýe bolýandygy, baýlaşýandygy hakykatdyr. Bu ulgamyň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmaga, asudalygy goraýan merdanalaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli gowulandyrmaga biz döwlet derejesinde uly üns berýäris. Garaşsyzlygymyzyň ýyllarynda bu ulgamyň ösüşinde üstünlikli menzillere ýetildi. Garaşsyzlygymyzyň çärýek asyrlyk taryhy ösüşiniň dowamynda ýurdumyzyň içeri işler edaralarynyň hünärmenleriniň ata-babalarymyzyň




Türkmenistan
Aşgabat Howpsuz Şaher

ynsanperwerlik wesýetlerine wepaly täze nesli kemala geldi. Geçmişde at-abraýy bilen jemgyýetiň nusgasyna öwrülen pederlerimiziň baý durmuş ýörelgeleri esasynda terbiýelenen şol nesillere Watanymyz bil baglaýar. Çünki batyrlygyň, merdanalygyň nusgasy terbiýe, görüm-görelde bilen nesilden-nesle geçýär.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ulgamynda döwrebap işiň ýola goýulmagynyň, ýokary düşünjeli, ezber hünärmenleriň iş ussatlygyny ýokarlandyrmagyň wajyplygyndan ugur alyp, biz bu ulgamyň ösüşinde düýpli özgertmeleriň durmuşa geçirilmegine badalga berdik. Ulgamda Garaşsyzlyk ýyllarynyň içinde amala aşyrylan işler kalbyňy ruhubelentlige besleýär. Her bir taryhy senäniň aňyrsynda döwrüň iň öňdebaryjy tejribelerini durmuşa giňden ornaşdyrmagyň maksatlary jemlenýär.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň baý taryhy bar. 2012-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda Içeri işler ministrliginiň Dolandyryş merkeziniň ýanynda Seljeriş merkeziniň täze binasynyň açylmagy şol taryhyň sahypalaryna zer setirler bilen ýazylandyr diýip pikir edýärin. Onuň gullukçylar üçin iň ýatda galyjy pursatlaryň biri bolandygyna ynanýaryn. Çünki bu merkezde ulgamyň işgärleriniň halkymyzyň asuda durmuşyny we jemgyýetçilik howpsuzlygyny üpjün etmekde innowasion tehnologiýalardan peýdalanyp,


Türkmenistan



ýokary netijeli işlemegi üçin döwrebap şertleriň ählisini göz öňünde tutduk. Häzirki döwürde ýurtda asudalygy goramak boýunça iş alyp barýan hünärmenleriň işini ösen tehnikasyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Jemgyýetiň ösüşiniň beýleki ugurlarynda bolşy ýaly, bu ulgamda yzçylyk, görgürlik, ýatkeşlik, akyly kesgirlik, eserdeňlik ýaly tebigy ukyplar esasynda aýan edilen pikiri anyk subut etmekde tehniki enjamlaryň hyzmaty bimöçber uludyr. Men milli hünärmenlerimiziň bu wezipäni abraý bilen berjaý etjekdiklerine ynanýaryn.

Men okyjylaryma Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň düzüm birlikleriniň alyp barmaly işleri hakyndaky käbir pikirlerimi beýan etmek isleýärin. Bu gullugyň diňe özüne mahsus bolan taraplaryna içgin aralaşman, ministrligiň müdirlikleriniň öňünde durýan wezipeler, olaryň jogap berýän ugurlary, çözmeli meseleleri baradaky garaýyşlarym ata Watana wepaly gulluk etmekde ýaşlarymyza ugur-çelgi bolar diýen umydym bar.

Haýsydyr bir ýerde nähili wakalaryň bolup geçendigini biz dünýäniň gündelik habarlarynyň çäginde bilýäris. Ýöne öz islän künjegiň bilen bagly gündelik wakalardan habarly bolmak welin kyn. Görogly begiň aýaly Agaýunusyň şolar ýaly uzakdaky wakalary görmek ukybynyň bardygy eposda beýan edilýär. Ýa-da rowaýatlaryň gahrymanlary aýna





ýa dyrnagyna seredip, nirede nämeleriň bolýandygyny anyk görýärler. Häzirki zamanda «şeýle mümkinçilikleri» asudalygyň goragçylary üçinem döredýäris. Häzir nirede wideogözegçilik enjamy oturdylsa, şol ýerdäki gündelik wakalary äşgär görüp bolýar. Aşgabat şäheriniň çägin-de hem wideogözegçilik ulgamynyň üsti bilen köçelerde, seýilgählerde we beýleki köpçülik ýerlerinde (aeroport, demir ýol, awtomenziller, bazarlar we söwda merkezleri we ş. m.) jemgyýetçilik howpsuzlygyna gözegçilik etmek ýola goýuldy. Bu bolsa hukuk bozulmalaryna gaýragoýulmasyz täsir etmegi göz öňünde tutýandyr. Şunuň özi biziň durmuşymyza ýene bir düşünjäni – «Elektron karta» düşünjesini ornaşdyrýar diýsek, dogry bolar. Ol düzgün-tertibiň ünsden düşürilendigini duýdurýar, şol esasda hem hukuk bozulmalarynyň bolup geçen ýerini salgy berýär. Şoňa laýyklykda, degişli gullugyň işgärleri wakanyň bolan ýerine baryp, gözegçiligi dowam edýärler. Wideogözegçilik ulgamlary arkaly awtoulag serişdeleriniň hereketine, ýüze çykan awtoulag dykynlaryna, bolup geçýän ýol-ulag hadysalaryna dessin täsir etmek, gerekli ýagdaýda jebir çekenlere lukmançylyk kömeginiň berilmegini guramak ýaly işler hem Seljeriş merkeziniň esasy wezipeleridir.

Merkeze birikdirilen wideogözegçilik ulgamynyň üsti bilen welaýatlaryň Polisiýa müdirlikleriniň nobatçy bölümleri, ýerlerdäki aeroportlar, demir ýol, deňiz, derýa we awtomenziller, şeýle-de beýleki wajyp desgalar bilen


M. MAMMEDOW

aragatnaşyk saklap, gözegçiligi amala aşyrmak mümkinçiligi bar. Bir döwürlerde şeýle mümkinçilikleri göz öňüne getirmek hem kyn bolandyr. Bularyň ählisi häzirki ösen zamanda biziň Türkmenistanymyz üçin adaty ýagdaýdyr. Iň esasy zat bolsa, olar halkymyzyň abadan, asuda durmuşda ýaşamagyna hyzmat edýändir.

Biz geljekde hem ýurdumyzyň içeri işler ulgamyny zamanabap tehnikalar bilen üpjün etmäge, olaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga döwlet derejesinde giňden ýardam bereris. Çünki biziň baş maksadymyz hemmetaraplaýyn ösen jemgyýeti döredip, asuda durmuşy üpjün etmekden ybaratdyr. Türkmen polisiýasynyň işini maksadalaýyk guramaly, şahsy düzümiň arasyndaky düzgün-tertibi berk ýola goýmaly, olaryň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmaly. «Abraý mirasda däl-de, akyl bilen edepdedir» diýlen dana sözi «Kowusnamadan» okapdym. Islendik döwür üçinem düzgün-tertipliligiň, kanun babatda düşünjeliligiň orny aýratyndyr. Kanunlar, her bir zadyň öz ugry, düzgün--tertibi hakyndaky bilim-sowat adamyň kämilliginiň netijesinde ýaşamalydyr. Oňa medeniýetlilik, sypaýylyk, halallyk, iň esasan hem ynsaplylyk düşünjesi gursagyna pugta guýlan adamlar gowy düşünýändirler. Biziň öz nesillerimize sypaýyçylyk, köpçülikde özüňi edepli alyp barmak, ulyny sylamak, uly gürlemezlik, zähmetsöýerlik, halal ýaşamak babatdaky berýän öwüt-ündewlerimiz ertirki gün ösen jemgyýetiň asuda durmuşynyň döredilmegine öz




*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň atly gözegçilik topary*





*Pederlere tagzym*

täsirini ýetirmelidir. Ýurdumyzyň Içeri işler ministrliginiň düzüminiň işgärleriniň ynsabyna ygrarlylyk, ýadamazaklyk, galjaňlyk, batyrgaýlyk ýaly häsiýetleri özünde yzygiderli terbiýelemekleri iňňän wajypdyr. Bu ugurdan işlejek gullukçylaryň juda eserdeňlik bilen seçilip alynmagy hem gerekdir.

Şu babatda men Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Işgärler müdirliginiň işine aýratyn talap bildirýärin. Olaryň işiniň özboluşly tarapy hem ýokarda aýdanlarymy berk berjaý etmek bilen bagly.

Biz Garaşsyz Türkmenistanymyzyň içeri işler edaralaryny döwletiň hukuk goraýjy we harby edaralarynyň ulgamyna degişli etmek bilen, jemgyýetçilik tertibini, raýatlaryň janynyň saglygyny, hukuklaryny, azatlyklaryny, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini jenaýatçylykly we hukuga garşy gelýän nogsanlyklardan, hyýanatçylyklardan goramagy üpjün etmek, şeýle hem öňüni alyş çärelerini, wagyz-nesihat işlerini geçirmek ýaly işleri olaryň borjy hökmünde kesgitledik. Ýurdumyzyň içeri işler edaralarynyň daşary ýurtlaryň hukuk goraýjy edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmegi, tejribe alyşmagy, kämilleşmegi, birek-birekden öwrenmegi, dostana gatnaşyklary ýola goýmagy üçin ähli şertleri döredýäris. Men bu ulgamyň işiniň dünýäniň öňdebaryjy tejribelerine daýanmalydygyny hemişe-de nygtaýaryn. Içeri işler edaralarynyň hünärmenleri, gullukçylary, işgärleri mukaddes Kasamyna wepaly bol-


GARAŞSYZ BAKY BITARAP
TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY
Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.
GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP
TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET KASAMY
WATANYŇ WEPALY OGLY
ASUDALYGYŇ GORAGYNDA

malydyrlar. Olar bedew bady bilen öňe barýan Berkarar döwletimiziň dost-doganlyga daýanýan içerki hem daşary syýasatyny gözüniň göreji deý goramalydyrlar. Sebäbi şol mukaddeslikler tutuş jemgyýetiň sagdynlygynyň, ruhubelentliginiň esasy şertidir. Şonuň üçinem türkmen polisiýasynyň işini maksadalaýyk guramak, şahsy düzümiň arasyndaky düzgün-tertibi berk ýola goýmak, olaryň hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak boýunça işleriň birjik-de ünsden düşürilmeli däldigini aýratyn bellemek isleýärin.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň işini talaba laýyk ýola goýmakda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň aýratyn orny bar. «Asudalygyň goragynda» žurnalyny döretmek hakyndaky Karara 2008-nji ýylyň 6-njy maýynda gol çekdim. Biz şonda ulgamyň işi babatda anyk maksady göz öňünde tutýan, şonuň bilen birlikde hem okyjy üçin täsirli makalalaryň bu žurnalda çap edilmegini göz öňünde tutupdyk. «Adalat» gazetinde polisiýanyň işgärleriniň alyp barýan işleri barada, olaryň gündelik durmuşy, aladalary baradaky dürli žanrlarda ýazylan materiallary çap etmäge mümkinçilik döretdik. Telewideniýede we radioýaýlymlarda goýberilýän ýörite gepleşikler hem bar. Ulgamyň işini beýan etmekde, ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýelemekde möhüm orny bolan bu serişdeler barada ýöne ýerden ýatlamaýaryn. Olaryň işini ýene-de kämilleşdirmek, bildirilýän talaplary ýokarlandyryp, çeperçilik we hil taýdan many-mazmunlylygyny güýçlen-

9*





*Aýdym-saz asudalygyň goragçylarynyň durmuşynda*

dirmek zerur. Sebäbi asudalagyň gullugyndaky her bir hünärmeniň sowatlylygyna, syýasy taýýarlygyna, onuň özüni alyp baryş medeniýetine çap edilýän makalalar, teleýaýlymlarda berilýän gepleşikler düýpli täsir etmelidir. Bulardan başga-da içeri işler edaralarynyň gullukçylary watançylyk temasyndan neşir edilen täze kitaplaryň, çeper eserleriň, gündelik metbugatyň – gazet-žurnallaryň ilkinji okyjylary bolmalydyr. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Metbugat merkeziniň işi hut şulary pugta nazara almak bilen ýola goýulmalydyr. Ýangyn howpsuzlygy, ýol hereketiniň howpsuzlygy bilen bagly kiçi göwrümli filmleri taýýarlap, teleýaýlymlarda görkezmek barada-da degişli tabşyryklary beripdim. Bu çäreler wagyz-nesihat işleriniň talabalaýyk alnyp barylmagyna düýpli täsir etmelidir. Şonuň ýaly mazmunly ýazgylary, plakatlary peýdalanmak, ýurdumyzyň ösen neşirýat-çaphana ulgamynyň mümkinçiliklerinden ýerlikli peýdalanmak bilen merkeziň işgärleri öz işleriniň netijeliligini has-da ýokarlandyryp bilerler. Bu işler asudalygyň goragçylarynyň – polisiýa işgärleriniň sagdyn, ýokary medeniýetli jemgyýeti kemala getirmekde alyp barýan tagallalarymyzy durmuşa geçirmekde iňňän uly goşandy bolar. Men ýurdumyzda her ýyl geçirilýän Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşiginiň ýeňijileriniň arasynda polisiýa işgärleriniň hem bardygyna guwanýaryn.




GMC
GMC





Ýurdumyzda demokratik prosesleriň dolanuwsyzdygyna şaýatlyk edýän giň möçberli hukuk özgertmeleriniň geçirilýändigi örän wajypdyr. Biz dünýäniň iň gowy tejribelerini içgin öwrenmegiň hem-de täze kanunçylyk namalaryny işläp taýýarlamakda ony işjeň ulanmagyň ähmiýetine ýokary baha berýäris. Sebäbi ösüş gazanmak, öňe gitmek üçin halkara tejribesi derwaýys bolup durýar. Biziň bu gatnaşyklarymyz dostlarymyz hem-de hyzmatdaşlarymyz üçin hemişe açyk ýurt hökmünde eziz Watanymyzyň halkara abraýyny has-da ýokarlandyrmaga ýardam etmelidir. Biz bu işlere Türkmenistanyň syýasy-jemgyýetçilik ösüşleriniň ähli ugurlarynda uly ähmiýet berýäris. Bu ýerde esasy wezipäni Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň hukuk we halkara gatnaşyklary müdirligi ýerine ýetirmelidir. Sebäbi biz hyzmatdaşlyk esasynda tejribe alyşmak, hünärini kämilleşdirmek boýunça işi guramak, halkara hyzmatdaşlygynyň iň netijeli usullaryny öwrenmek babatda müdirligiň işgärleri üçin ähli şertleri döretdik. Dünýäniň beýleki ýurtlarynyň içeri işler edaralarynyň wekilleri bilen duşuşyklaryň, maslahatlaryň ornunyň örän ýokarydygy iňňän üns berilmeli meseledir. Biz özara tejribe alyşmak maksady bilen Türkmenistanyň Içeri işler edaralarynyň wekillerini daşary ýurtlara gulluk saparlaryna ýollaýarys. Şol saparlaryň hünär kämilligini ýokarlandyrmak, şeýle





*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Hojalyk desgalar toplumy*

hem mähriban Watanyň gymmatyna düşünmek üçinem giň mümkinçilikdigi hakynda aýratyn bellenilmelidir. Hukuk we halkara gatnaşyklar müdirliginiň üstüne Türkmenistanyň kanunçylygynda durmuşa geçirilýän özgertmeleri nazara almak bilen, ministrligiň işiniň hukuk esaslaryny üpjün etmek wezipesi hem ýüklenilendir.

Dünýäde tebigy baýlyklaryň ätiýaçlyk goruny aýap saklamagyň wajyplygy barha ýiti duýulýar. Ýurtlaryň ählumumy howpsuzlyk meseleleri boýunça jebislikdäki işiniň esasynda onuň netije berjek çözgüdini tapmak mümkin diýip hasap edýärin. Ykdysady taýdan öz-özüňi dolandyrmaklyga gönükdirilen tagallalar bolsa, häzir diňe bir önümçilik ugurly pudaklaryň baş maksady bolman, eýsem, döwlet ulgamynyň beýleki dürli ugurlary üçin-de häsiýetli ýagdaýdyr. Bizde bu işler boýunça oňyn tejribeler bar. 2016-njy ýylyň noýabr aýynda biz Içeri işler ministrliginiň täze Hojalyk desgalar toplumynyň işine badalga berdik. Bu toplumyň düzümine maldarçylyk, Merkezi ammar hem-de Awtohojalygyň binalar we desgalar toplumy girýär. Bu täze binany gurmagy Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýanyndaky gurluşyk birleşigine ynandyk. Binalaryň talaba laýyk gurlandygy birleşikde gurluşyk işleri boýunça köpugurlaýyn tejribäniň toplanylandygyny, biziň gurluşykçylarymyzyň başarnyklarynyň hiç kimiňkiden pes däldigini görkezdi.





Içeri işler ministrliginiň düzümleriniň işgärleriniň göwnejaý gulluk etmegi üçin, biz degişli şertleri döretmek boýunça yzygiderli çäreleri durmuşa geçirýäris. Bu ulgama degişli bolan tehniki parkyň yzygiderli döwrebaplaşdyrylmagyna we täzelenmegine pugta gözegçilik edýäris. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Hojalyk desgalar toplumynyň Merkezi ammarynda dolandyryş we ammar maksatly binalar we desgalar, şeýle hem tikinçilik bölümi, öz çaphanasy we ussahanasy bar. Olaryň işi barada jikme-jik durup geçýändigim, işiň guralyşyny başgalara nusga edýändigim ýöne ýerden däldir. Tikinçilik bölüminde Içeri işler ministrliginiň edaralarynyň işgärleri üçin niýetlenilen gulluk egin-eşikleriniň ulanyş maksadyna hem-de estetiki talaplaryna laýyk gelmegi babatdaky şertleri üpjün etmegiň mümkinçilikleri göz öňünde tutulandyr.

Şeýle hem bu binany tehniki taýdan döwrebap enjamlaşdyrmaga aýratyn üns berdik. Bu şert soňky ýyllarda ýurdumyzda gurlup, ulanylmaga berilýän medeni hem-de önümçilik maksatly desgalar üçin iň häsiýetli aýratynlyk bolup durýar. Şunuň özi toplumyň çaphanasyna hem mahsus ýagdaýdyr. Toplumyň çaphanasynda ýokary çap ediliş usuly bilen neşir önümlerini taýýarlamaga mümkinçilik berýän, dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň ýokary tehnologiýaly enjamlary ornaşdyrylandyr.





*Asudalygyň goragçylary üçin döwrebap ýaşaýyş jaý toplumy we medeni dynç alyş merkezi*

Biziň halkymyzda «elin» diýlen düşünjäniň orny hakynda şu ýerde aýtmagy makul hasap edýärin. Sebäbi maşgalada öý tutmak, azyk hem-de hojalygy gerek bolan beýleki derwaýyslyklar bilen üpjün etmek wezipesini bir özi üstüne alan adamlar durmuşyny ählitaraplaýyn gurgun ýagdaýda saklamagy hem başarýarlar. Olaryň maşgalasynyň elin azyk önümleri bilen bir öz hojalygyny üpjün etmek däl, ýakynlaryna hem goldaw bermäge gurby ýetýär. Oba ýerlerinde bölünip berlen mellek ýerlerinde özleriniň binagärlik taslamalarynyň esasynda öý gurunýan hojalyklar elin zadyň gadyryny has gowy bilýärler. Hakyky hojalykçy maşgalabaşylar giç agşam ýa-da ir säherde özüniň esasy işinden boş wagtlarynda daýhançylyk ýa-da maldarçylyk bilen meşgul bolýarlar. Şulary aýtmak bilen, jemgyýetimiziň dürli toparlarynda bu asylly däbiň mynasyp dowam etdirilýändigine ünsüňizi çekmekçi bolýaryn. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň döwrebap hojalyk toplumy sagdyn jemgyýeti kemala getirmegiň esasy şertleriniň biri bolan arassa azyk önümleriniň önümçiligine saldamly goşandyny goşýar. Ýeri gelende aýtsak, bu hukuk goraýjy edaralaryň şahsy düzümini azyk önümleri bilen üpjün etmegiň hilini ýokarlandyrmaga niýetlenen ilkinji hojalykdyr.



*Atly gözegçilik*

Ministrligiň düzümlerinde önümçilik hojalyk kuwwatlyklaryny artdyrmak, maldarçylykdan alynýan önümleriň mukdaryny ýokarlandyrmak boýunça-da yzygiderli iş alyp barmagy zerur hasap edýärin. Iri mallaryň, dowarlaryň, guşlaryň baş sanyny artdyrmak bilen, ulgamyň maddy binýadynyň berkidilýändigi düşnükli zat. Ýöne ministrlige degişli bolan ahalteke bedewleriniň idedilişi hakynda aýtmak gerek. Şol bedewler gowy seýsiň, ynamdar eýäniň eline düşendigini toý-baýramlarda, döwletimizde guralýan medeni-köpçülikleýin çärelerde, paýtagtymyzda geçirilýän at çapyşyklarynda alýan baýraklary bilen subut edýärler. Ahalteke bedewi, türkmen alabaýy türkmen üçin hemişelik hemradyr. Türkmen bedewiniň syrdaş, dost, gözellik nusgasy hökmündäki alamatlary hakynda köp ýazylandyr. Biz ahalteke bedewlerimiz bilen bagly ata-babalarymyzdan miras galan medeni baýlyklarymyzy öz nesillerimize öwretmegi yzygiderli dowam etdirmelidiris. Iň ýakymly buşluk habarlarynyň, toý sargytlarynyň adamlara bedewler bilen ýetirilmeginde-de many bardyr. «At – myrat», «döwletlilik», «bagt» ýaly düşünjeleriň döremegi hem bedewlerimiziň şu hyzmaty bilen hem baglydyr diýilse, dogry bolar. Häzirki wagtda habarlaşmagyň usullary juda özgerdi. Wagt, serişde babatda bu ugurdan örän tygşytly enjamlar peýda bolýar we barha kämilleşýär.



*2015-nji ýylyň aprel aýynda «Türkmen Älem 52°E» ilkinji türkmen aragatnaşyk emeli hemrasy Älem giňişligine çykaryldy*

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Aragatnaşyk müdirliginiň işini kämilleşdirmegiň derwaýyslygy hem hut şunuň bilen aýrylmaz bagly bolup durýar. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralaryny iň kämil hem zamanabap aragatnaşyk serişdeleri we ýöriteleşdirilen tehnikalar bilen üpjünçiligi içeri işler edaralarynyň özara sazlaşykly we bir-biri bilen utgaşykly işlemeginiň baş şertidir.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň ulag-aragatnaşyk ulgamynyň ösüşine aýratyn üns berýäris. 2015-nji ýylyň aprel aýynda «Türkmen Älem 52°E» ilkinji türkmen aragatnaşyk emeli hemrasy Älem giňişligine çykaryldy. Bu taryhy sene mähriban Watanymyzyň milli aragatnaşyk emeli hemrasy ulgamyna eýe bolandygyny hem dünýä äşgär etdi. Ýurdumyzda halkara optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň işiniň barha rowaçlanýandygynyň şaýady bolmak iňňän ýakymlydyr. Häzir ýurdumyzda ähli adaty awtomatlaşdyrylan telefon beketleri sanly ulgamlar bilen çalşyryldy. Myhmanhanalarda, ilatyň dynç alýan ýerlerinde we söwda merkezlerinde Wi-Fi tehnologiýasyny ornaşdyrmak işleri geçirilýär, munuň özi ýokary tizlikli internete girmäge mümkinçilik berýär. LTE tehnologiýasynyň binýadynda 4G häzirki zaman ykjam aragatnaşyk ulgamynyň ýaýrawy giňeldilýär.

Ilkinji türkmen milli emeli hemrasynyň ulanylyp başlanylmagy innowasiýa häsiýetli aragatnaşyk ulgamyny



*Asuda asman*

hem-de ýurdumyzda kämil dolandyryş ulgamyny kemala getirmekde möhüm sepgit boldy. Hemra aragatnaşygynyň häzirki zaman düzümleri we degişli täze tehnologiýalar Türkmenistanda kosmos bilen bagly ylmy-barlag işlerini geçirmegi kämilleşdirmäge, dünýäniň ösen ylym ulgamyna dahylly bolmak bilen, ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Bulardan başga-da Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ulag we aragatnaşyk ulgamy okgunly ösüşe eýe bolmak bilen, täze belentliklere tarap ynamly öňe barýan, yklymyň möhüm söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşýän ýurdumyzy dünýä ähmiýetli, iri halkara ulag-üstaşyr we telekommunikasiýa merkezine öwürýär. Hut şu ösüşleriň Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Aragatnaşyk müdirliginiň işiniň talabalaýyk gurnalmagynda hem öz täsirini ýetirýändigini bellemelidiris.

Jemgyýetçilik howpsuzlygy biziň halkymyz üçin, bellibir derejede, türkmençilik ýörelgeleriniň berjaý edilmegi bilen baglydyr diýilse, iňňän ýerlikli bolar. Şu ýerde durmuşyň adaty bir pursadyna salgylanmakçy bolýaryn. Çagalar dürli hili oýunlara ýykgyn edegen bolýarlar. Häzir, elbetde, oýunlaryň görnüşleri, usullary hem birneme özgerdi. Bu tehnikanyň, ynsanyň aňynyň yzygiderli ösüşleriniň netijesidir. Ýöne çagalykda özara gatnaşyklarymyzy has-






*Asudalygyň goragynda*






TELEFON

-da berkiden şol oýunlaryň nähili özüne çekijidigini ýatlamak hem ýakymlydyr. Her döwrüň öz oýunlary bolýar. «Döwlet guşy» romanymda şol döwrüň çagalarynyň has köp oýnan oýunlary barasyndaky wakalardan gürrüň beripdim. Çaga oýunlaryna hem bäsdeşlik, güýç synanyşmak mahsus bolup, şol oýunlaryň çaganyň beden hem-de ruhy taýdan taplanmagynda örän uly täsiri bardyr. Soňraky ýyllarda, geçen asyryň aýaklarynda hem çagalaryň arasynda içeri işler gullugynyň gözegçisiniň, polisiýa işgäriniň keşbinde oýnamak has ýörgünli boldy. Çagalar şol keşpde oýnap, akyl babatda kesgir, iňňän ugurtapyjy, fiziki taýdan ezber bolup görünmäge çalyşýarlar. Munuň teleýaýlymlarda görkezilýän filmleriň täsirinden bolmagy hem mümkin, ýöne oglan mahalynda batyr, ugurtapyjy bolmagy arzuw etmeýänimiz ýokdur diýsem, meniň bilen hemmelerem ylalaşarlarmyka diýýärin. Güýçlülik, batyrlyk, pälwanlyk, ugurtapyjylyk oglanjyklaryň kiçi wagtlaryndaky arzuwlary, heniz haýsy käri saýlap almalydygy barasynda düşünje kemala gelmänkä, olarda şol arzuwlar ýaşaýar. Ene-atalar hem öz perzentleriniň batyr kişilere mahsus häsiýetleriniň bolmagyny arzuw edýärler. Men asudalygyň goragçysynyň keşbiniň meşhurdygyny aýtmakçy bolýaryn. Asudalygyň goragçysynyň käri iň bir arzyly kärleriň biri bolmalydyr. Biz onuň şeýle bolmagy üçin ähli zerur çäreleri görmelidi-





*Ilat bilen gürrüňdeşlik*

ris. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň jemgyýetçilik howpsuzlygy gullugynyň hem beýleki gulluklar bilen bir hatarda, häzirki zaman maddy-tehniki enjamlar we serişdeler bilen üpjün edilmegi wajypdyr.

«Kowusnamadaky» «Dogruçyl we ygtybarly adam bolgun, dünýäniň bütin döwleti dogruçyl hem ygtybarly adamlaryňkydyr» diýen sözler sagdyn jemgyýetiň iň ilkinji daýanjy bolmalydyr. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýerli wekilleri müdirliginiň işiniň hem ýeňil däldigi düşnüklidir. Çünki iş ýeňil bolanda talapkärlik duýgusy aradan aýrylýar diýip hasap edýärin. «Kämil raýat – sagdyn jemgyýet» diýen şygar olaryň işiniň esasy ýörelgesini aňladýar. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýerli wekilleriniň müdirliginiň «Maşgala», «Gözegçilik» atly tapgyrlaýyn öňüni alyş çärelerinde ýerlerdäki polisiýanyň ýerli wekilleri tarapyndan jenaýata meýilli raýatlar ýüze çykarylyp, olar bilen şäher we oba ýerindäki ýerli döwlet we jemgyýetçilik guramalarynyň, şeýle hem halkyň arasynda abraýdan peýdalanýan ýaşuly nesliň kömeginden peýdalanyp, degişliligi boýunça öwüt-ündew äheňli işler guralýar. Türkmenistanyň jemgyýetçilik guramalary bilen ýakyn aragatnaşykda bolup, polisiýanyň ýerli wekilleri ýokardaky görkezilen döwlet edaralarynyň gatnaşmaklarynda edara-kärhanalarda, ýokary we orta hünär






*Çagalar biziň geljegimizdir*

okuw mekdeplerinde, umumy orta bilim berýän mekdeplerde, şeýle hem ýaşaýyş toplumlarynda we oba arçynlyklarynda ilat bilen duşuşyklary, wagyz-nesihat işlerini yzygiderli geçirmelidirler. Şularyň ählisi ýurdumyzyň milli polisiýa gullugynyň işgärleriniň adalata daýanýan, batyr, erjel, merdana hereketleriniň netijesinde il-ulsumyz bilen has-da jebisleşmegine getirer. Asudalygy goramak, düzgün-tertipliligi berjaý etmek diňe bir degişli ulgamyň wekiliniň işi bolman, eýsem, sagdyn jemgyýetde her bir raýatdan edilýän kanuny talapdyr. Asudalygy goramak jemgyýetçilik, durmuş institutlarynyň barha jebisleşmeginiň esasynda guralýan utgaşykly tagallalaryň jemidir diýilse-de nädogry däldir.

Biziň durmuşa geçirýän maksatnamalarymyz ýaş nesilleriň abadan geljegine gönükdirilendir. Nesilleriň hatyrasyna berjaý edilen amal iň gymmatly, iň möhüm amaldyr. «Iň gymmatly» diýenimde men şol nesilleriň arasyndaky baglanyşygy göz öňünde tutýaryn. Sebäbi ertirki nesilleriň öz pederlerine guwanmaklary, olaryň geçmişine buýsanç duýgulary bilen durmuşa hyjuwly ýapyşmaklary üçin, biz hemişe oýlanyşykly hereket etmäge, birbada göze görünmeýän ýaly ownuk işlerde hem jogapkärçiligi duýmaga çalyşýarys. Jemgyýetiň şu uly wezipesini durmuşa geçirmegiň ýörite iş maksatnamasy Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işi boýunça gözegçileriniň işinde öz mynasyp beýanyny tapmalydyr.





*Wagyz-nesihat işleri*

Jemgyýetiň ösüşlerinde halkara tejribesiniň ähmiýetiniň uludygyny ozal hem belläpdim. Onuň hiç haçan ünsden düşürilmeýändigini döwletimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) hem-de beýleki düzüm gurluşlary bilen hyzmatdaşlyklarynyň netijeleri, bilelikde durmuşa geçirilýän işler aýan edýär. Mälim bolşy ýaly, eziz Watanymyz «Çaganyň hukuklary hakyndaky» konwensiýasyna 1994-nji ýyldan bäri agza bolup durýar. 2016-njy ýylyň aprelinde BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň mejlisiniň barşynda mähriban Watanymyzyň BMG-niň üç gurluşyna: 2017–2020-nji ýyllar üçin ösüş maksatnamalarynda ylym we tehnika boýunça BMG-niň Komissiýasyna, 2016–2020-nji ýyllar üçin ýurduň ilatynyň köpelmegi we ösmegi boýunça BMG-niň Komissiýasyna hem-de 2017–2021-nji ýyllar üçin BMG-niň durmuş ösüşi Komissiýasyna saýlanylandygyny hem belläsim gelýär. 2013–2017-nji ýyllar üçin BMG-niň bilim, ylym we medeniýet boýunça ýerine ýetiriji Geňeşine, 2016–2018-nji ýyllar üçin BMG-niň gender deňliginiň we aýallaryň hukuklaryny hem-de mümkinçiliklerini giňeltmegiň meseleleri boýunça Ýerine ýetiriji Geňeşiniň gurluşyna Türkmenistanyň saýlanmagy bu iri halkara guramasy bilen gatnaşyklaryň ýokary derejesini aýan edýän mysallardyr.



*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň çagalar awtoşäherçesi*







*«Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy»*

Şular dogrusyndaky ähmiýetli wakalaryň her biri täze netijeli ösüşler arkaly durmuş beýanyna eýe bolýar. Biz ýurdumyzda her ýylyň 1-nji iýunynda Çagalary goramagyň halkara gününi belleýäris. Şu sene mynasybetli ýurdumyzda guralýan baýramçylyk dabaralarynyň mazmuny bolsa barha baýlaşýar.

Şu ýerde ýene-de Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň taryhynyň buýsançly sahypalaryna dolanmak isleýärin. Häzirki döwürde, umuman alnanda, ulag gatnawlarynyň hili-de, ýygylygy-da ýokarlanýar. Paýtagtymyzyň, ýurdumyzyň şäherleriniň, şäherçeleriniň, obalarynyň köçelerinde howpsuzlygyň üpjün edilmegi babatdaky talaplar hem şoňa görä barha artýar. Ýollarda pyýada, şonuň bilen bir hatarda sürüji hökmünde-de düzgün-nyzamlylygyň üpjün edilmegi ýaşlaryň terbiýesinde hem aýratyn orun eýeleýär. Ýurdumyzda geçirilýän «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň çäginde, 2015-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda paýtagtymyzda gurlup, ulanylmaga berlen Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Çagalar awtoşäherçesi hut şu maksada hyzmat edip, düzgün-tertibi talabalaýyk berjaý etmegiň esaslaryny öwredýär. Çagalar awtoşäherçesini Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Awtoulag sporty merkeziniň ýanynda ýerleşdirip, bu künjekde ulular we

11*





*Ýaş awtosöýüjileriň okuw merkezi*

çagalar üçin awtomobil sport – okuw merkezi döretmegimiz ýakyn ýyllarda öz netijesini berer hem-de bu künjekde tehniki sportuň ussatlarynyň mekdebi dörär. Sportuň bu täze döredilen görnüşi boýunça meşhur boljak türgenleriň ýetişip gelýändigine ynanýaryn.

Awtoşäherçäniň binasynda ýerleşdirilen ýol hereketiniň muzeýi, ýaş awtosöýüjileriň okuw otaglary, mekdep okuwçylary üçin kiçi kino zaly sürüjiniň hem-de pyýadanyň medeniýetini kemala getirmäge uly ýardam etmelidir. Munuň üçin olaryň başarjaňlyk bilen netijeli ulanylmagy möhümdir. Milli hünärmenlerimiziň ýetişip gelýän täze nesli bu işiň hötdesinden ussatlyk bilen gelerler diýip pikir edýärin.

Hawa, dünýäde ulaglaryň sany şeýlebir köpeldi, olaryň ekologik gurşawa ýetirýän täsirini aradan aýyrmak wezipesi hem adamzady biynjalyk edýär. Şonuň üçin biz syýasy-jemgyýetçilik, guramaçylyk we beýleki çäreleriň esasynda ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak mümkinçiliginden netijeli peýdalanmagy başarmalydyrys. Eziz Watanymyzda ýollaryň, ýol geçelgeleriniň gurluşygy güýçli depginde alnyp barylýar. Gurulýan döwrebap ýollar hem-de ulag-ýol, pyýada geçelgeleri howpsuzlygyň üpjün edilmegine ýardam edýär.





*Çagalaryň arasynda alnyp barylýan terbiýeçilik-öňüni alyş işleri*

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işi boýunça gözegçileri tarapyndan ýurdumyzyň bilim we saglygy goraýyş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri hem-de beýleki hukuk goraýjy edaralarynyň işgärleri bilen bilelikde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we ýaşlaryň hukuklaryny goramak, olaryň okamaklaryna, bilim almaklaryna, zähmet çekmeklerine we durmuş gurmaklaryna oňaýly şertleriň döredilmegi hem-de ýaşlaryň hukuk bozulmalardan daş durmaklary üçin birnäçe çäreler durmuşa geçirilmelidir. Geçirilýän çäreler terbiýäniň binýatlyk sütünleriniň kemala gelmeginiň esasy bolmalydyr. Olaryň işi barada gürrüň edilende, aýratyn üns bermeli bir ýagdaý bar, ýagny ýetginjekleriň arasynda alnyp barylýan terbiýeçilik-öňüni alyş işlerinde maşgala bitewüligi we maşgala terbiýesiniň artykmaçlyklary hökman göz öňünde tutulmalydyr. Sebäbi türkmen halky hut şu gymmatlyklara aýratyn sarpa goýýandygy bilen dünýäde tanalýar ahyry. Bu gullugyň işgärleri öz işlerini türkmeniň milli däp-dessurlaryna sarpa goýmak bilen sazlaşykly guramagyň wajypdygyna düşünmelidirler.

Türkmende «Tüssesiz ot bolmaz» diýilýär. «Sebäpsiz çöp başy gymyldamaz». Bu nakyllaryň gönüden-göni manysy hiç zadyň tötänlik däldigini ýatladýanlygyndadyr. Asuda durmuş hakynda alada edýän her bir raýatyň






*Ýol hereketiniň kadalaryna eýerip*

şu hakykaty içgin saldarlap görmegi hökmandyr. Günä edýänler hem tarpdan döremeýärler. Olaryň ýalňyş hereketlerine geleňsizlik bilen sereden jemgyýet hem bellibir derejede günäkärdir. Hawa, geleňsizlik biziň halkymyzyň milli häsiýetine düýbünden laýyk gelmeýär. Il-güni bilen özüni bir bitewi göwre hasap eden ata-babalarymyz ýaşlaryň terbiýesi babatda hem jebisleşipdirler. Şoňa görä hem bidüzgünçilikli hereket eden ýetginjek näme üçin ilki bilen öz obadaşlaryndan, özüni dünýä inderen mähribanlaryndan, ýakynlaryndan utanmaýar?! Hawa, özüniňkilerden utanmaýan kişi özgeleri sylamagy hem bilmeýär. Ýaşlaryň terbiýesi babatda ählimiziň jem bolup, degişli ulgamyň işgärleriniň işine ýardam etmegimiz gerekdir. Şular bilen baglylykda bilim we terbiýeçilik edaralarynda alnyp barylýan işlerde hem täze usullaryň gözlenilmegi, işjeňlik möhümdir.

Ýurdumyzda baýramçylyk seneleri mynasybetli Günä geçişlik çäreleriniň yglan edilmegi ynsanperwerlikli döwlet syýasatymyzyň mazmunyny has-da aýdyňlaşdyrýar.

Ýene-de jemgyýetiň her bir agzasynyň asudalygy goramaga özüniň goşandyny goşmalydygy barasynda aýratyn nygtap belleýärin. Bu siziň watançylyga, ata-babalarymyzyň tälim-terbiýesine ygrarly bolmagyňyz üçin ähmiýetli bolar.




*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň*
*Kriminalistik barlaglar merkezi*








*Döwrebap enjamlara daýanyp*

2016-njy ýylyň iýul aýynyň başynda biz paýtagtymyzda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň täze binalar toplumyny ulanmaga berdik. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Kriminalistik barlaglar merkeziniň hem-de Ilaty pasportlaşdyrmak we hasaba almak müdirliginiň bu täze binalar toplumynyň açylmagyny ulgamyň ösüşiniň aýgytly ädimi hökmünde häsiýetlendirmek bolar. Merkeziň fizika-himiýa, nebit önümleri we hat-ýazuw, şeýle hem el yzlary barlaghanalarynyň iş aýratynlyklary degişli barlaglary we kriminalistik seljermeleri ýokary derejede geçirmäge mümkinçilik berýär. Ýeri gelende aýtsam, şeýle enjamlary edinmekde Ýaponiýa ýaly ykdysadyýetiniň ösüşinde kämil tehnologiýalara daýanýan ýurtlaryň tejribeleri, hyzmatdaşlarymyzyň tehniki-önümçilik mümkinçilikleri peýdalanyldy. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Kriminalistik barlaglar merkezinde oturdylan, Ýaponiýanyň belli «Shimadzu» kompaniýasynyň we ABŞ-nyň «Agilend Techologiýes» enjamlary bu merkezde dürli görnüşli barlaglary hem-de seljermeleri ýerine ýetirmäge niýetlenilendir. Şeýle hem bu ýerde meýdan şertlerinde we wakanyň bolan ýerinde ulanmak üçin göçme enjamlar bolup, olaryň kömegi bilen ýurdumyza getirilýän ýükleriň içinde gadagan edilen harytlaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny kesgitlemek mümkinçiligi bu ulgamyň işinde döwrebap amatlyklary döretdi.




*Merkeziň fizika-himiýa barlaghanasy*

Fizika-himiýa barlaghanasyndaky täzeçil tehnologiýalar gurluşyklarda ulanylýan mermeriň we beýleki gurluşyk materiallarynyň hilini seljermäge mümkinçilik berýär. Bu bolsa biziň gurluşygyň hili babatda bildirýän ýokary talaplarymyzy berjaý etmekde örän uly hyzmata eýedir. Merkeziň nebit önümleri barlaghanasyndaky enjamlar ýurdumyzyň ýangyç guýujy beketleriniň işini, awtoulag ýangyjynyň ýokary halkara ölçegleriniň talaplaryna laýyklyk derejesini yzygiderli gözegçilige almaga niýetlenendir. Şeýle hem beýleki nebit önümlerine, şol sanda, bituma, mazuda, motor ýagyna degişli seljermeleriň geçirilmegi hem ünsden düşürilmeli däldir. Şeýle nebit önümleri ýurdumyzyň howa şertleriniň aýratynlyklaryna doly gabat gelmelidir.

Bu merkeziň Hat-ýazuw barlaghanasy dürli resminamalara, möhürlere, maliýe serişdelerine seljermeleri geçirmek we olaryň galp görnüşlerini ýüze çykarmak, resminamalaryň zaýalanan ýazgylaryny, beýleki könelişen maglumatlary dikeltmek we grafologiýa seljermesini geçirmek mümkinçiligine eýedir. Kriminalistik merkeziň düzümindäki El yzlary barlaghanasy hem dünýäniň iň kämil enjamlary we ylmyň iň soňky gazananlary bilen üpjün edilendir. Merkeziň işgärleriniň ygtyýarynda kriminalistik barlaghana bilen üpjün edilen we jenaýatyň bolan







*Raýatlaryň biometrik maglumatlary elektron görnüşinde saklanýar*

ýerine kriminalistika işgärlerini eltmek üçin niýetlenen ýöriteleşdirilen ulagy bar. Munuň özi hadysanyň bolup geçen ýerinde netijeli iş alyp barmagyň mümkinçiligini ýokarlandyrýar. Ulagda dessin-gözleg işleriniň aýratynlyklary nazara alnyp, zerur häzirki zaman enjamlar toplumy oturdylandyr. Bu bolsa maddy subutnamalary ýygnamaga, seljermäge we saklamaga mümkinçilik berýär. Şulary birin-birin bellemek bilen, jemgyýeti nogsanlyklardan goramak üçin, bu ulgamyň maddy-tehniki binýadynyň barha pugtalandyrylýandygyny aýratyn nygtamak isleýärin. Ýöne degişli ugurda zähmet çekýän gullukçylaryň hem öz bilim derejelerini şolara laýyklykda ýokarlandyrmaklary hökmandyr.

Dogrusy, il arasynda «tehnikanyň dili» diýlen düşünje şertli ýagdaýda bolup, ol wagt geçdigisaýyn manysyny giňeldýär. Şonuň üçin ösen jemgyýetiň her bir raýaty ylmy-tehnikanyň ösüşiniň kanunalaýyklygyny özünde kabul etmegi başarmalydyr. Bu Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň edaralarynyň gullukçylarynyň işleri babatda hem hökmany talapdyr.

Biz Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Ilaty pasportlaşdyrmak we hasaba almak müdirliginiň täze binasynda işi döwrebap guramaga mümkinçilik berýän häzirki zaman, ýokary hilli enjamlary oturtdyk. Biz bu müdirligiň






*Raýatlaryň biometrik maglumatlary elektron görnüşinde saklanýar*

tehniki taýdan enjamlaşdyrylyşyna aýratyn üns berýäris. Onda ýöriteleşdirilen enjamlar, şol sanda raýatlaryň bökdençsiz we yzygiderli kabul edilmegine mümkinçilik berýän elektron robot enjamy oturdylypdyr. Biometrik enjam awtomatik usulda raýatlary surata düşürmegi amala aşyrýar. Onuň IKAO halkara guramasynyň degişli ölçeglerine doly laýyk gelýändigi hem bellenilmelidir. Şeýle hem bu ýerde barmak yzlaryny surata düşürmek, şahsy elektron goly almak, şeýle hem resminamalary, şahsyýetnamalary taýýarlamak mümkinçiligi üpjün edilendir. Raýatlaryň biometrik maglumatlary ýörite ulgamyň üsti bilen Içeri işler ministrliginiň bitewi maglumat binýadyna ugradylýar. Şeýlelikde, bu maglumatlaryň müdirligiň Seljeriş merkezine ugradylmagy Türkmenistanyň raýatlarynyň pasportlarynyň çalt we bökdençsiz taýýarlanylmagyna mümkinçilik berýär. Raýatlaryň ýaşyna görä suratlary goýmak işlerini ýerine ýetirmek üçin zerur şertler döredildi. Şeýle enjamlardan şäher, etrap polisiýa bölümleriniň pasport gulluklarynda peýdalanylmagy olaryň öňünde durýan wezipeleri gyssagly ýerine ýetirmäge, resminamalary resmileşdirmek üçin zerur bolan wagty ep-esli tygşytlamaga ýardam edýär. Ýörite maksatnamanyň kömegi bilen ähli degişli maglumatlar bir bitewi ulgama birikdirilýär hem-de Içeri işler ministrliginiň maglumatlar binýadynda elektron görnüşinde saklanylýar.




*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň*
*Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugy*


POLISIÝANYŇ
TM 04 12 AGY
POLISIÝANYŇ
ÝOL
GÖZEGÇILIGI






*Ýol hereketiniň howpsuzlygy amala aşyrylýar*

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugy bu ulgamyň iň iri düzüm bölegi bolup durýar. Bu gullugyň işiniň barşynda «Ýol hereketiniň howpsuzlygy – ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlygyň çäklerinde geçirilýän çäreleriň ähmiýetlidigi aýratyn bellenilmelidir. Onuň dowamynda ýol hereketine gatnaşyjylaryň her biriniň onuň howpsuzlygy üçin şahsy jogapkärçiligine düşünmegine degişli maksatnamalaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Munuň özi ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak boýunça amala aşyrylýan işleriň aýdyň miwesidir.

Eziz Diýarymyzda gurluşyk maksatlary üçin ummasyz köp serişdeler harçlanylýar. Ýurdumyzda ýol gatnawlarynyň howpsuzlygy hem-de oňaýlylygy bu ulgamda durmuşa geçirilýän giň gerimli işleriň netijesidir. Ýurdumyzyň tutuş taryhynyň dowamynda awtomobil ýollaryny gurmak boýunça täze taslamalaryň entek şeýle giň gerimde amala aşyrylmandygy bellenilmeli ýagdaýdyr. Çünki munuň özi Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Ýol gözegçiligi gullugynda hem işiň ýokary düşünjelilik, köpugurlaýyn bilimlilik esasda özgertmegiň zerurlygyny degişli hünärmenleriň öňünde äşgär edýär. Ýol gullugyndaky toplumlaýyn işleriň çäklerinde inžener-kommunikasiýa ulgamlarynyň doly çalşyrylmagy, ýol







*Elektron maglumatlar tablolary, LED-monitorlary we beýleki gözegçilik enjamlary işleriň ilerlemegine itergi berýär*

hereketiniň howpsuzlygynyň häzirki zaman ulgamlaryny ornaşdyrmak, elektron maglumatlar tablolaryny, LED-monitorlary we beýlekileri gurnamak bu ulgamyň işinde täze, döwrebap ilerlemeleriň esasyny düzýär. Dünýä ölçeglerine laýyk edilip gurulmagy we enjamlaşdyrylmagy dürli sebitleri birleşdirýän awtomobil ýollarynyň esasy häsiýetnamasydyr. Eziz Diýarymyzda «2012–2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň ulag we aragatnaşyk pudagyny ösdürmegiň maksatnamasynyň» çäklerinde ulag ulgamyny halkara ülňülerine laýyk getirmek babatda ägirt uly işleri amala aşyrýarys. Men bu işler barada 2014-nji ýylyň sentýabrynda gije-gündiziň dowamynda iki müň ýolagçа hyzmat etmäge ukyply Halkara ulag terminalyny açyp, ulanmaga beren pursadymyzda hem aýdypdym. Ulanylmaga berlen desgalaryň ýene birnäçesi, aýna ýaly tekiz ýollar hakynda aýratyn söhbet etmek mümkin. Indi Ýol gözegçiligi gullugynyň işgärleriniň öňünde duryan esasy wezipe şol ýollarda asudalygyň bolmagyny gazanmakdyr. Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugyna dünýä ülňülerine laýyk gelýän awtoulaglary, motosiklleri we beýleki tehnikalary alyp bermek bilen, biz ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmekde olaryň jogapkärçiligini has-da ýokarlandyrýarys. Ýol hereketiniň howpsuzlygyna we ýol-ulag hadysalaryna gözegçilik etmek işini tehniki taýdan has kämilleşdirmek üçin paýtagtymyzyň şaýollarynda we köçelerinde, beýleki ilatly ýerlerde wideogözegçilik enjamlaryny oturtdyk.







*Tehniki gözegçilik kämil enjamlarda*

Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugy tarapyndan adamlaryň, aýratynam, çagalaryň we ýetginjekleriň arasynda ýol hereketiniň howpsuzlygy barada düşündiriş işlerini geçirmegiň, hereket howpsuzlygynyň düzgünlerine düşünjeli garaýşy terbiýelemegiň örän möhüm wezipedigi hem birjik-de ünsden düşürilmeli däldir. «Ýol hereketiniň howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda pyýada, sürüji, tirkeg, ulag, ýol, ýolagçy, ýol hereketi, ýol hereketine gatnaşyjy, ýol hereketiniň guralyşy, ýol-ulag hadysasy, ýol hereketiniň howpsuzlygy, ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bagly anyk kesgitlemeleriň mazmunyny ilat arasynda düşündirmek hem zerur bolup durýar.

Pyýadalaryň howpsuzlygyny üpjün etmek çäreleri häzirki wagtda bütindünýä hereketine öwrüldi. Ol herekete gös-göni Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan howandarlyk edilýär. 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje giren «Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda» Kanunda ulaglar, ýol hojalygy we aragatnaşyk çygrynda administratiw hukuk bozulmalary barada birnäçe maddanyň bardygy hem nazara alynmalydyr. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň işini kämilleşdirmegiň käbir kanunçylyk esaslary «Demir ýol ulagy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda hem öz beýanyny tapýar.





*Lukmançylyk gulluklary*

Ulag edinmek häzirki döwrüň ýüze çykaran zerurlyklarynyň biridir. Ir döwürlerde öňegidijilikli ýaşaýşyň serişdesi behişdi bedewlerimizdi. Men «Gadamy batly bedew» atly kitabymyň başynda şular bilen bagly pikir ýöretmelerimi teswirläpdim. Häzirki döwürde dünýä boýunça ulaglaryň ornunyň ähmiýetli bolmagy şol asylky mazmuna laýyk gelýär.

Jemgyýetiň ösüşiniň esasy sagdynlyk hem-de ruhubelentlik ýörelgeleriniň rowaçlanmagyndadyr. Döwletiň ähli ulgamlary birleşip, adam gymmatlygynyň aýalmagyna gönükdirilen ynsanperwer aladalary durmuşa geçirýärler. Döwletimizde ynsan saglygyny goramaklygy syýasatymyzyň iň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitledik. Şoňa laýyklykda hem Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Lukmançylyk gullugy bilen ministrligiň Işgärler müdirliginiň öňünde Içeri işler edaralarynyň hataryny gulluga, okuwa isleg bildiren, halal, ak ýürekli, il-halkymyza, Watanymyza wepaly raýatlar, ýokary derejeli, tejribeli hünärmenler bilen doldurmak üçin degerli çäreleri amala aşyrmak barada kesgitli wezipeleri goýduk. Ministrligiň we welaýatlardaky Polisiýa müdirlikleriniň Lukmançylyk gulluklarynyň garamagyndaky Saglyk öýlerinde Içeri işler ministrliginiň ähli edaralarynda gulluk edýän şahsy düzüminiň beden taýdan sagdyn bolmagy




*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet Ýangyn howpsuzlygy gullugy*


HOWPSUZLYK BÖLÜMI
SCANIA
SCANIA






*Döwrebap tehnikalar Döwlet Ýangyn howpsuzlygy gullugynyň ygtyýarynda*

üçin yzygiderli gözegçiligiň alnyp barylmagy zerurdyr. Munuň özi ulgamyň ygtybarly işini ýola goýmagyň esasy şertleriniň biridir. Şeýle hem ähli ulgamlarda bolşy ýaly, bu ulgamyň hem ösüşiniň häsiýetli alamaty döwrebap tehniki üpjünçilik bilen baglanyşyklydyr.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň işiniň iň jogapkärçilikli taraplarynyň biri-de Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet Ýangyn howpsuzlygy gullugynyň işini kämilleşdirmek boýunça durmuşa geçirilýän çärelerden başlanýar.

Ata-babalarymyz: «Ot belasyndan, suw belasyndan Taňry gorasyn!» diýipdirler. Şeýle hem tebigy betbagtçylykly hadysalar ýüze çykmaz ýaly, hatyrjem bolmagy ündäpdirler. Biz soňky gysga döwürde bu ugurdan iş alyp barýan Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet Ýangyn howpsuzlygy gullugyna degişli desgalaryň birnäçesini gurup, olary häzirki zaman tehnikalary, serişdeleri bilen üpjün etdik. Täze desgalarda Döwlet Ýangyn howpsuzlygy gullugynyň işgärlerine öz hünärlerini kämilleşdirmek, hünär ussatlyklaryny ýokarlandyrmak maksady bilen yzygiderli türgenleşikleri geçirmäge niýetlenen okuw minara meýdançasynyň bolmagy işiň bähbidinedir.

2016-njy ýylyň ilkinji günlerinde, ýagny ýanwar aýynyň 12-sine Türkmenistanyň «Ýangyn howpsuzlygy






*Okuw-türgenleşik taýýarlygy*

hakynda» Kanuny tassykladyk. Bu Kanun Türkmenistanyň çäginde fiziki we ýuridik şahslaryň ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek çygryndaky hukuk gatnaşyklaryny kesgitleýär. «Ýangyn howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna birnäçe talabalaýyk, degişli üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Şolara laýyklykda hem bu gulluk Döwlet Ýangyn howpsuzlygy gullugy diýlip atlandyryldy. Şeýle hem Döwlet Ýangyn howpsuzlygy gullugynyň baýramçylyk, sport, medeni we beýleki köpçülikleýin çäreleriniň geçirilýän döwründe ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, çäreleriň geçiriljek ýerinde ýangyn-tehniki barlaglaryny geçirmäge we ýerine ýetirilmeli çäreler boýunça tabşyryknamalary bermäge, şeýle-de Türkmenistanyň çäginde uglewodorod serişdeleriniň gözleginiň, gazylyp alnyşynyň we nebit işleriniň beýleki görnüşleriniň ýerine ýetirilişiniň barşynda şertnamalaýyn çäklerde ýangyn howpsuzlygynyň talaplarynyň berjaý edilişine barlaglary we gözegçilikleri Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde geçirmäge hukuklary esaslandyryldy.

Häziki döwürde bu gullugyň maddy-tehniki binýady hem pugtalandyrylýar. Biz dünýä ülňülerine laýyk gelýän, Finlýandiýa döwletinde öndürilen «BRONTO SKAÝLIFT» kysymly, ýörite tirsekli teleskopiki, ýokary göterijilikli, ýöriteleşdirilen ýangyn söndüriji awtoulagy

13*





*Hünär ussatlygyna taýýarlyk*

satyn aldyk. Ol bellibir derejede gullugyň işini göwnejaý guramagyň şertlerini üpjün edýär. Binalaryň ýokary gatynda dörän ýangyny söndürmäge mümkinçiligi bolup, ulag ýokary gatly binalardan adamlary tiz wagtda howply çäkden halas etmäge niýetlenen enjam bilen üpjün edilendir. Şeýle-de suw geçirijileriniň üsti bilen suwy dürli belentliklere çykarmaga ukyplydyr. Köp gatly binalarda ýangyn dörän halatynda, ýangyn söndüriji söweşjeň toparlary tiz wagtda ýangynyň dörän ýerine galdyrmakda, ýokary gatly jaýlardan adamlary halas etmekde-de örän ähmiýeti uludyr. Elbetde, gullugyň işine şol ulagy köp ulanandygy bilen däl-de, öňüni alyş çärelerini köpräk geçirip, ony ulanmandygy bilen baha berilse, dogry bolar. Ýöne söweşjeň toparlar mydama garaşylmadyk ýagdaýlara taýýar bolmalydyrlar.

Biz Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Gorag müdirliginiň wezipelerini döwlet desgalary bilen birlikde, jemgyýetçilik we hususy kärhanalaryň, şeýle hem raýatlaryň jaýlarynyň goralyşynyň guralyşyny has-da kämilleşdirmegiň esasynda, asuda durmuşyň döredilmegine gönükdirilen tagallalara ýardam bermek diýip kesgitledik. Şeýle maksatlar bilen Merkezleşdirilen gorag nokatlarynda, goralýan desgalarda we raýatlaryň jaýlarynda häzirki döwrüň kämil, döwrebap, ýokary hilli, täze görnüşli gorag-ýangyn we howsala-habar beriji, şeýle hem wideogözegçilik tehniki enjamlaryndan giňden peýdalanylýar.




*Aşgabadyň Halkara howa menzili*


ASHGABAT INTERNATIONAL AIRPORT





Desgalaryň, gymmat bahaly metallardan we gymmat bahaly daşlardan ýasalan önümleriň söwdasyny amala aşyrýan dükanlaryň we raýatlaryň jaýlarynyň goragy ikitaraplaýyn baglaşylan şertnama laýyklykda, Merkezleşdirilen gorag nokady arkaly gije-gündiziň dowamynda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň işiniň döwrebap ilerlemeleriniň Ulaglardaky polisiýa müdirliginiň işi arkaly aýdyň mazmuna eýe bolýandygyny hem bellemek ýerlikli bolar diýip hasap edýärin. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Ulaglardaky polisiýa müdirligi ýurdumyzyň howa, demir we deňiz ýollary ulgamynda ýokary derejede jemgyýetçilik howpsuzlygyny berjaý etmekde raýatlaryň howpsuzlygyny we asudalygyny gorap saklamakda, jenaýatçylygyň öňüni almakda gerek bolan ähli başarnyklaryny görkezip, döwlet derejesinde wajyp işleri alyp barýar. Ulaglardaky polisiýa işgärleriniň esasy ünsi ýolagçylaryň howpsuzlygyna gönükdirilip, demir, howa we deňiz ýollarynda tertip-düzgüniň we kanunyň berjaý edilmegine-de, bu ulgamlara degişli çäklerde jemgyýetçilik tertibini goramakda, jenaýatçylygyň öňüni almakda hem möhüm wezipeleri ýerine ýetirýär.

Ýurdumyzyň daşary ýurtlar bilen ykdysady, dost-doganlyk aragatnaşygynda uly köpri bolup hyzmat edýän ulag ulgamynda, howa, demir, we deňiz ýollarynyň üsti bilen daşary ýurtlardan gelýän we gidýän ýüklere gözegçilik et-


İSTANBUL
ANKARA



mek uly jogapkärçiligi talap edýär. Aşgabat demir ýol menzilinde oturdylan wideogözegçilik ulgamy arkaly jemgyýetçilik ýerlerinde tertip-düzgüniň, kanunçylygyň üpjün edilişine gözegçilik edilýär. Ulaglardaky polisiýa bölüminiň portdaky gözegçileriniň wezipe borçlaryna deňiz portunda asudalygy goramak, deňiz gämileriniň gatnawlarynyň rahat bolmagyny gazanmak, deňiz ýoly arkaly daşalýan ýükleriň howpsuzlygyny üpjün etmek, jemgyýetçilik düzgün-tertibini saklamak degişli bolup durýar. Biziň halkara derejesindäki howa menzillerini, döwrebap deňiz portlaryny gurmagymyz netijesinde bu gullugyň işi möçberi taýdanam, mazmun taýdanam baýlaşýar. Men milli hünärmenlerimiziň, gullukçylarymyzyň öz üstüne ýüklenen wezipeleri abraý bilen berjaý etjekdiklerine ynanýaryn.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň işiniň talabalaýyk ýola goýulmagynda Interpoluň milli býurosynyň orny aýratyn bellenilmelidir. Şu ýerde Interpol guramasynyň taryhy hakynda hem kelam agyz aýdaýyn. 1914-nji ýylda dünýäniň on dört sany döwletiniň, şol sanda, Russiýanyň hem wekilleriniň gatnaşmagynda Jenaýaty agtaryş polisiýasynyň Halkara kongresi bolup geçdi. Şol kongresde hem jenaýaty agtaryş polisiýasynyň Halkara toparyny döretmek hakyndaky teklip bilen çykyş edýärler. Ýöne soňraky bolan syýasy-taryhy wakalar zerarly, ol şol durşuna galdyrylýar. Diňe I jahan urşy tamamlanyp, parahatçylykly durmuş ýola goýlandan soň, 1923-nji ýyl-






*«Interpol» halkara guramasy bilen hyzmatdaşlykda*

da Wena şäherinde şol teklibe täzeden garalýar. Jenaýaty agtaryş polisiýasynyň Halkara topary esaslandyrylýar. Bu Topar öz işini 1941–1945-nji ýyllaryň urşy döwründe hem nähili ýagdaýda bolsa-da dowam etdi. Onuň ştab-kwartirasy Germaniýanyň Berlin şäherine geçirilenden soň, Interpoluň halkara guramasy hökmündäki täsiri pese gaçýar. Dünýä halklarynyň aglabasy bu gurama öz agzalyklaryny hem bes edýärler. 1946-njy ýylda Interpol täzeden döredilip, onuň ştab-kwartirasy hem Pariž şäherine geçirilýär. Onuň häzirki hereket edýän Düzgünnamasynyň kabul edilen wagty 1956-njy ýyldadyr. Şol hem bu guramanyň Jenaýaty agtaryş Polisiýasynyň halkara guramasy adyny – Interpol adyny doly girizýär. Häzirki wagtda bu guramanyň agzalarynyň sany 190-a ýetdi. 2005-nji ýylyň sentýabr aýynda Germaniýanyň Berlin şäherinde geçirilen 74-nji mejlisiň çözgüdi bilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanymyz «Interpol» halkara guramasynyň agzalygyna kabul edildi. Şonuň yzysüre, ýagny 26-njy sentýabrda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýanynda Interpoluň milli býurosy döredildi. Interpoluň milli býurosy dünýä ýurtlarynyň polisiýa gulluklary bilen ysnyşykly hyzmatdaşlykda bolup, jenaýatçylyga garşy alnyp barylýan göreşi özara utgaşdyrmak üçin döredilen ýörite birlikdir. Ministrligiň ýanyndaky Interpoluň milli býurosy tertip-düzgüni we kanunçylygy goramagyň halkara ähmiýetli meseleleriniň çözülmegine işjeň gatnaşýar. Interpoluň








*Gulluk itleri ýakyn ýardamçylardyr*

işiniň esasy ugurlary umumy ykrar edilen serişdeler arkaly halkara jenaýatkärlerini gözlemekden, üstüni açmakdan we ele salmakdan ybaratdyr.

Ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gezek geçirilýän Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň şekili bolan türkmen alabaýlarynyň hem gözegçilik, yzçylyk, jenaýaty agtaryş işlerinde peýdalanylýandygy hakynda bellemek isleýärin. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Gulluk itşynaslygy merkezinde türkmen alabaýlaryndan başga-da gulluk üçin niýetlenen itler ýetişdirilýär. Biz milli medeniýetimiziň aýrylmaz bölegi bolan alabaýlaryň yzçylyk, sakçylyk ukyplaryndan peýdalanmagyň däplerini dowam etdirmelidiris. Merkeziň hünärmenleriniň gulluk itleri bilen başlangyç taýýarlyk okuwlarynda ata-babalarymyzyň bu ugurdan toplan tejribesinden peýdalanmaklarynyň wajypdygyny bellemek isleýärin.

Merkezde itlEere dört ugur boýunça: yz çalmak, neşe serişdelerini gözläp tapmak, gorag gullugyna degişli we terrorizme garşy göreşmek endiklerini öwredýän okuw tälimleri geçirilýär. Olar öwredilenleri diýseň oňat özleşdirýärler we gerekli pursatda, adatça bolşy ýaly, ornuny çalşyp bolmajak kömekçä öwrülýärler. Gulluk itşynaslygy merkezinde yzygiderli geçirilýän ýaryşlara welaýatlaryň Polisiýa müdirlikleriniň itşynaslary gatnaşyp, özara tejribe alyşýarlar. Şunlukda, gulluga öňdebaryjy iş usullary



*Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäheriniň Polisiýa bölümi*


POLISIYA





ornaşdyrylýar, şeýle hem işgärleriň hünär ussatlyklary ýokarlandyrylýar. Biz bu işlere oňyn baha berýäris.

Ykdysady taýdan ýokary netijeleri gazanýan her bir döwletde ösüşiň tapawutly alamaty hökmünde şäherleriň we obalaryň ajaýyp binalary, döwrebap keşbi täsir galdyrýar diýilse dogry bolar. Şeýle diýmek bilen, ýurdumyzyň dürli ulgamlarynda gurluşyklaryň güýçli depginde alnyp barylýandygyny bellemekçi bolýaryn. Türkmenistanyň Içeri işler ministrligine degişli bolan döwrebap binalar bu ulgamyň işiniň ýokary derejede guralmagyna özüniň täsirini ýetirýär.

Döwrüň özgerişleriniň aýdyň nyşany bolan oňaýly ýaşaýyş jaýlary, medeniýet, bilim maksatly binalar, önümçilik kärhanalary we beýleki ajaýyp ymaratlar eziz Watanymyzyň ähli ulgamlarynyň ösüş taryhynyň aýratyn sahypasydyr. 2016-njy ýylda Türkmenistanyň Içeri işler edaralarynyň gününi Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäheriniň Içeri işler ulgamynyň gullukçylary, hünärmenleri täze binada bellediler. Şeýle mazmundaky wakalar bu ulgamyň işiniň ilerlemeginiň esasyny düzýär. Deňizýaka şäheriniň polisiýa bölüminiň edara binalar toplumynyň umumy meýdany 11 gektara deň bolup, onda Türkmenbaşy şäheriniň polisiýa bölüminiň we Balkan welaýat polisiýa müdirliginiň ýangyn howpsuzlygy bölüminiň

14*




312-NJI

harbylaşdyrylan bölüminiň edara binalary ýerleşýär. Bu ýerde häzirkizaman kompýuter enjamlary ornaşdyrylan iş otaglary, ýygnak geçirilýän we mejlisler zallary, sport zaly, naharhana, dynç alyş otaglary bar. Hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri üçin myhmanhana, Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky harby bölümiň Türkmenbaşy şäherinde ýerleşýän bölüminiň esgerleri üçin häzirki zaman ýatak jaýlary, bularyň her biri ýurdumyzyň bu ulgamynda ata-babalarymyzyň batyrlyk, ynsaplylyk, zähmetsöýerlik, erjellik ýörelgelerine ygrarly hünärmenleriň täze nesliniň kemala gelmegi babatdaky aladalarymyzyň aýdyň beýanydyr. Toplumyň howlusynda «Dor bedew» hojalyk jemgyýetiniň bina eden okuw-türgenleşik diňi, ýangyn söndüriji awtomobiller üçin awtoduralga we beýleki desgalar milli gurluşykçy hünärmenlerimiziň ussatlygynyň, ezberliginiň mysaly bolup durýar. Bular barada has jikme-jik gürrüň edýändigimiň sebäbi, biz asudalygyň goragçylary üçin şeýle şertleri, amatlylyklary bolan binalary ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda hem gurarys.

Täze döwrebap binalar hünär ussatlygyňy ýokarlandyrmagyň hökmany borçdugyna pugta eýerýän watansöýüji gullukçylaryň, işgärleriň talaplaryna doly laýyk gelýär. Häzirki zamany tehniki taýdan häsiýetlendirmegiň mümkinçiligi juda kyndyr. Biz muňa gysgaça, «tizlikli


SPORT TOPLUMY



ösüşler» diýýäris. Ýöne şolaryň aňyrsynda adamlaryň egsilmez uly yhlasy, zehini, iş başarjaňlygy, ukyby bar ahyryn! Ykbalyňy baglan hünäriňi hem yzygiderli okap, täze ylmy-tehniki öňegidişliklerden habarly bolup durmasaň, ukybyňy mahal-mahal amalyýet taýdan hem taplamasaň, oňa mynasyp bolmak aňsat däldir. Türkmenbaşy şäherindäki bu toplumyň polisiýa bölüminiň dolandyryş merkeziniň döwrebap enjamlaşdyrylyşyny görenimde hem şular dogrusynda pikir etdim. Şunuň özi hem täze açylýan binalarda, senagat kärhanalarynda işlejek hünärmenleriň, işçileriň taýýarlygy babatdaky sowallary tebigy ýagdaýda ýüze çykarýar. Döwrebap binalarda işlejek hünärmenleriň täze enjamlardan oňat baş çykarýandygyna göz ýetireniňden soň bolsa, şol ýerde hyjuwa beslenen, netijeli durmuşyň başlangyç alýandygynyň hakykaty duýulýar.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň işgärleriniň, gullukçylarynyň üstüne ýüklenilen wezipe iňňän möhümdir. Olar beýleki hukuk goraýjy we harby edaralaryň işgärleri bilen bilelikde, hukuk bozulmalaryna we jenaýatçylyga garşy barlyşyksyz göreşde ýokary hünär başarnyklaryny görkezmelidirler. Raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, döwletiň bähbitleriniň goragynda durup, halkymyzyň agzybirligini we jebisligini, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň belentliklerine tarap ynamly barýan





ýurdumyzyň gülläp ösmegini üpjün etmäge ýardam bermelidirler.

Döwletimiziň bedenterbiýäni we sporty ösdürmek babatdaky syýasatynyň esasy ugry ýurdumyzyň ilatynyň, jemgyýetçilik gulluklarynyň şu ugurda türgenleşikleri alyp barmaklary üçin degişli şertleriň döredilmegi bolup durýar. Fiziki taýdan ezberlik, sport babatdaky başarnyklylyk batyrlyk, ugurtapyjylyk, gaýduwsyzlyk, ýokary düşünjelilik asudalygy goraýjynyň häsiýetine mahsus bolmaly esasy aýratynlyklar bolmalydyr.

Mirasa sarpa goýmak, Watany özgertmek ýyly bolan 2016-njy ýylyň iýul aýynda ýurdumyzyň günorta welaýatynyň merkezi Mary şäherinde Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky 1001-nji harby bölüminiň täze binalar we desgalar toplumynyň açylyş dabarasy bu waka gatnaşanlaryň kalbynda halal, öz-özüne örän talapkär, mähriban Watanymyza söýgüsi gaýratyna gaýrat goşýan harby gullukçylaryň döwrebap nesliniň kemala gelýändigi hakyndaky ýakymly duýgy bolup ýaşaýandyr. Şeýle wakalar harby we hukuk goraýjy edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmaga, mähriban topragymyzyň asudalygynyň hem-de türkmenistanlylaryň abadançylygynyň goragynda duran harby gullukçylaryň netijeli gulluk etmegi we göwnejaý dynç almagy, ýaşamagy üçin ähli şertleri döretmäge





*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky 1001-nji harby bölüminiň taryh muzeýi*

uly üns berýändigimiziň aýdyň subutnamasydyr. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň bu harby bölüminiň gullukçylarynyň içeri işler edaralarynyň hormatly weterany podpolkownik Mälikguly Berdimuhamedowyň ömür ýoluny görelde mekdebi saýýandyklaryna buýsanýaryn. Bu olaryň ata-babalarymyzyň merdanalyk, ynsaplylyk, ýokary ahlaklylyk ýörelgesine wepaly bolup gulluk etjekdiklerine ynam döredýär. Aslynda, özüni ýagşy tarapdan ile tanadan merdanalarymyzyň atlaryny okuw mekdeplerine, harby bölümlere dakmak ýörelgelerimizi ýene-de dowam etdirmek gerek. Çünki halkymyzyň şular ýaly asylly milli ýörelgeleriniň gözbaşynda agzybirlik bar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň şöhratly taryhynyň ýazgylary bu ulgamyň ösüşinde ähmiýetli orny eýeleýär. 2013-nji ýylyň 12-nji awgustynda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky 1001-nji harby bölüminiň we Ýörite toparlary taýýarlaýan okuw merkeziniň täze binalarynyň açylyş dabarasy şeýle wakalaryň biridir. Bu açylyş dabarasyna gatnaşmagym meniň üçin aýratyn mazmuna eýe boldy. Çünki bu ýerde biziň maşgalamyzyň ýarym asyr mundan öňki döwür bilen bagly ýatlamalary ýaşaýar. Bu harby bölümdäki taryh muzeýinde geçmişiň hakyky durmuş pursatlaryny hakydaňa getirýän gymmatlyklar jemlenipdir. Olary synlanyňda, şol döwürleriň dünýäsine berleniňi duýman galýarsyň.





*Polisiýanyň howa gullugy merkezi*

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýanynda Polisiýanyň awiagullugynyň döredilmegi hem, ilkinji nobatda, asudalygy goraýjylaryň zähmetine uly ynam bildirýändigimiziň netijesidir. Asmana uçmak – bu adam arzuwlaryny, adaty ýagdaýda bitirip bolmajak hatarly ýumuşlary hem berjaý etmegiň mümkinçiligini özünde jemleýän ýagdaý. Haýsydyr bir işiň derwaýysdygy duýlup, ony hem ýerine ýetirmäge gujuryň, wagtyň ýeterlik bolmasa, «Ganat baglap uçaýmasaň, ýetişip boljak däl», «Ganatym ýok» diýilýändigine duş gelensiňiz.

Gadyrly asudalygy goraýjylar! Siziň her biriňizde halallygyň, batyrgaýlygyň, hyjuwyň, yhlasyň joşgunly gomlar deýin bady egsilmesin. Ertiriň asudalygy siziň geljek hakyndaky göwün matlabyňyza baglydyr. Ýaşaýşyň asudalygynyň sähelçe bozulan pursady siziň durkuňyzy eýelän duýgy ganatyňyzdyr, ol siziň egsilmez gujuryňyzdyr, gaýratyňyzdyr, batyrgaýlygyňyzdyr. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň düzüminde işleriň talabalaýyk ýola goýulmagyna ýardam bermek maksadynda döredilen Polisiýanyň awiagullugy olar üçin täze bir kämillik menzilidir. Polisiýanyň awiagullugynyň işgärleri öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde jenaýatçylyga garşy göreşmek, jemgyýetçilik tertibini hem-de düzgün bozujylary agtarmak, ýüze çykarmak, yzarlamak we tutup saklamakda ýardam bermek, betbagtçylyga uçran raýatlary



*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň binasy*







halas etmek, şahsy düzümi we ýükleri daşamak boýunça uçuşlary amala aşyrýar. Şeýle hem Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugynyň işgärleri bilen dag eteklerinde we başga-da ýangyn howpy döräp biläýjek ýerlerde howada gözegçilik uçuşlaryny ýerine ýetirýärler. Döwrümiziň joşgunly ruhy bu gullugyň ezber uçarmanlarynyň mähriban Watanymyzda geçirilýän her ýylky taktiki-türgenleşik okuwlaryndaky ussatlyklarynda aýdyň ýüze çykýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe jemgyýetiň esasy daýanjy kämil ylym-bilimli, ýokary taýýarlykly hünärmenlerdir. «Är ýigitler gaýrat üçin dogulýar». Şu berk ýörelge asudalygy goraýjylaryň geljekki nesliniň ylym-bilimliligini, başarnyklylygyny, batyrlygyny, merdanalygyny kemala getirmelidir. Ýaş asudalygy goraýjylar lebzini ynsabyna deňän ata-babalarymyzyň ýörelgelerini mynasyp dowam etdirijilerdir.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutyny esaslandyryp, ylym-bilimiň rowaçlanmagynyň täze bir merkeziniň binýadyny tutduk. Bu institutyň ylym-bilimiň döwrebap basgançaklaryna, hususan-da, matematika, fizika, hukuk, taryh ylymlarynyň belentliklerine aralaşýan geljekki hünärmenleriň gaýratlylygy, ezberligi, ugurtapyjylygy, batyrlygy şahsyýetlik keşbiniň esasy aýratynlygy bolmalydyr. Çünki adalatyň, batyrlygyň nusgasy bilen olar ýaşlara görelde bolmalydyrlar.







*«Galkan» gyşky sport merkezi*

Häzirki döwürde bedenterbiýäniň, sportuň jemgyýetçilik üçin ähmiýeti, wajyplygy hakynda köp ýazýarlar. Dünýä döwletlerinde hut şu ugra gönükdirilýän serişdeleri hasap etmäniňde hem, adamlaryň medeniýetine barha ornaşýan bu düşünje gündelik durmuş keşbiniň esasyna öwrüldi diýilse hem dogry bolarmyka diýýärin. Eziz Diýarymyzda döwlet syýasatymyzyň hem şu ugra gönükdirilmegi raýatlarymyzyň sagdyn durmuş babatdaky işjeňliklerini has-da ýokarlandyrdy.

Ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň batyrgaý gullukçylary edermen, gaýratly, namysyny Tuguna deňän pederlerimiziň nesilleridir. Bu ulgamda sportda gazanylýan üstünlikler Watanymyzyň sport taryhynyň sahypalaryny bezeýär, olara çuň mazmun berýär.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň «Galkan» gyşky sport merkezinde türgenleşýän ezberler Türkmenistanyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň şahsy düzüminiň arasynda yglan edilen «Türkmenistan – ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly spartakiadada yzygiderli ýedi gezek ýeňiji boldy. Sportuň milli hem guşakly göreş görnüşleri boýunça içeri işler edaralarynyň işgärleriniň ezberlik bilen, janypkeşlikli taýýarlyklary, yzygiderli türgenleşikleri olaryň yklymyň çägindäki bäsleşiklere gatnaşmaklaryna mümkinçilik döretdi. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň «Köpetdag» fut-






*Köpetdag sport toplumy*

bol toparynyň üstünlikleri hakynda aýratyn bellenilmelidir. 2015-nji ýylyň awgust aýynyň başyna «Köpetdag» stadionynyň açylyp ulanmaga berilmegi köpçülikleýin bedenterbiýe hereketini we ýokary netijeler sportuny höweslendirmek hem-de ösdürmek meseleleriniň aýdyň çözgütleriniň biri boldy. Şol gün «Köpetdag» stadionynda ýurdumyzyň Kubogy ugrunda geçirilen futbol duşuşygy sportuň bu ugrunyň janköýerleri üçin täsirli bolandyr diýip pikir edýärin. Futbolçylara «Köpetdag» futbol klubunyň nyşanyny hem-de futbol topary üçin niýetlenilen «Hundaý» kysymly awtobusyň açaryny gowşuranymda, olaryň ýeňşe bolan synmaz uly ynamyň alamatyny uçganaklaýan nazarlarynda gördüm. «Köpetdag» sport toplumynda şol gün ýerli topar bilen Marynyň «Merw» futbol toparynyň bäsleşip, «Köpetdagyň» ýeňiş gazanandygy janköýerleriň ýadyna düşýändir. Ýeri gelende, futbol oýny hakynda käbir mysallary ýatlamak isleýärin. Watanymyzyň merdana goragçylaryna niýetlenilen «Mertler Watany beýgeldýär» atly kitabymda milli «çöwgen» oýny hakynda ýazylan ýeri bardy. «Altyn polo» ady bilen bu oýnuň häzir meşhurdygyny aýdypdym. Futbol oýny hem meşhur oýunlaryň biridir. «Owlak gapdy», «Çöwgen» ýaly milli oýunlarymyza ezber merdanalar üçin bu oýnuň endiklerini ele almak kyn düşmeýär. Futbol oglanlary, ýetginjekleri dostlaşdyrýan oýun, häzirki döwürde hem ýurdumyzdaky döwrebap





*Sagdyn bedende – sagdyn ruh*

sport merkezlerinde futbol oýnaýanlar köpçüligiň ünsüni özüne çekýär. Türkmenistanyň Futbol federasiýasy döwlet Garaşsyzlygymyza eýe bolmagymyzyň yzysüre, 1992-nji ýylyň aprel aýynda döredildi. 1994-nji ýylda Türkmenistan Halkara futbol federasiýasynyň (FIFA) hem-de Aziýanyň Futbol konfederasiýasynyň (AFK) doly hukukly agzasy boldy. Sportuň bu görnüşi boýunça ýurdumyzda baý tejribe toplanandygyny «Köpetdag» sport toparynyň taryhy ýeňişleri hem subut edýär. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň «Köpetdag» futbol toparyna şol irki şöhraty gaýdyp getirmegi arzuw edenimde, elbetde, şol wezipä hötde gelmek üçin bu topara ýadawsyz türgenleşikleriň gerek boljakdygyny bilýärdim. Ýöne içeri işler gullugynyň toparynyň erjelligine, gujuryna, batyrlygyna, ýadamazaklygyna, maksada okgunlylygyna ynam edip, men olaryň bu menzili eýelejekdiklerine doly bil baglaýaryn.

Biz içeri işler edaralarynyň ulgamynda sagdyn durmuş ýörelgelerini giňden rowaçlandyrmak maksady bilen düýpli özgerişleri durmuşa geçirýäris. Içeri işler ministrligine 2013-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda heniz ýurdumyzyň taryhynda bolmadyk, dünýäniň iň abraýly şereketlerinde ýaryşa niýetlenip öndürilen ýeňil awtoulaglaryň ençeme görnüşi bilen üpjün edilen, awtosporty söýýänleri begendiren «Sport-ulag» merkezini sowgat etdik. Şeýle-de buzly meýdançaly «Galkan» gyş sport merkeziniň içe-





*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Sport-ulag merkezi*

ri işler edaralarynyň türgenlerinden hem-de ministrligiň institutynyň talyplaryndan düzülen «Galkan», «Asudalyk», «Nesil» toparlarynyň ygtyýaryna berilmegi türkmen hokkeýiniň abraýyny halkara derejesinde gorajak türgenleriň ýetişmegi, täze ýetginjekler toparynyň döredilmegi üçin döredilen giň mümkinçilikdir. 2016-njy ýylda hem, mälim bolşy ýaly, «Sagdynlyk we bagtyýarlyk» atly köpçülikleýin bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş-medeni çäreleri uly ruhubelentlik bilen badalga aldy. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň «Sport-ulag» merkeziniň toplumyna girýän täze sport desgasynyň açylyş dabarasy hem bu şygaryň durmuş netijeliliginiň binýatlyk esasyny äşgär etdi. Döwrebap sport desgasynda motosport bilen meşgullanmak we sportuň bu görnüşi boýunça ýaryşlary geçirmek üçin motoulag bölümi bolup, sportuň tehniki görnüşlerini ösdürmäge berilýän ünsüň uludygynyň ykrarnamasyna öwrüldi. Belli bolşy ýaly, paýtagtymyzda Türkmenistanyň «Sport-ulag» merkezinde ýurdumyzda ilkinji gezek sportuň bu görnüşi boýunça toplumlaýyn ýaryşlaryň geçirilmegine badalga berdik. Sporta bagyşlanan şol dabaralara gatnaşmak üçin paýtagtymyza daşary ýurtly myhmanlar – Halkara awtomobil federasiýasynyň, iri awtomobil sport kompaniýalarynyň ýolbaşçylary, beýleki awtosport guramalarynyň hem-de Halkara awtoulag bileleşiginiň wekilleriniň gelmegi şol çäreleriň äh-





miýetini has-da artdyrdy. Awtomobil sportunyň ösüşiniň uly geljeginiň bardygyny aýratyn bellemelidiris. Türkmenistanyň «Sport-ulag» merkezine halkara derejesiniň berilmegi hem bize bildirilen ynamyň nyşanydyr.

Rul aýlamak endiginiň özünde, meniňçe, uly filosofiýa bar ýaly görünýär. Çagakalar, ýaş oglanlaryň ulag sürmek hakynda arzuwlary hem heserli bir duýgy diýýärin. Aýlaw hereketi, dyngysyzlyk – bu Äleme meňzeşlik. Hakykatdanam, hereketi döredýän, dolandyrýan ýene-de hereket, şol hereket sözündenem «hereketlendiriji» sözi emele gelýär. Häzirki döwürde, elbetde, dolandyryşyň awtomatik usuly has giňden ornaşýar. Ýaradylyşdaky kanunlaryň özeni welin üýtgemeýär. Paýtunlar, arabalar barada aýdylanda, olar ulagyň täsin hem-de şol bir wagtda ekologiýa taýdan arassa görnüşi hökmünde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda we beýleki dynç alyş ýerlerinde ulanylsa, maksada laýyk bolardy. Atlara tirkelen arabada gezelenjiň dynç alýanlara diňe Awazanyň gözelliklerini synlamaga mümkinçiligi däl-de, eýsem, ýatdan çykmajak ajaýyp duýgulary peşgeş berjekdigi ikuçsuzdyr. Şular dogrusynda «Sagdynlyk we bagtyýarlyk» biraýlygyna bagyşlanan şol tutumly dabarada hem belläpdim.

Häzirki döwürde gözel Awaza – il-halkymyzyň buýsanjyna öwrülen gözel mekan. Şu sapaly mekan Watanymyzyň beýik ösüşlerini dabaralandyrýan buýsançly taryhy wakalara şaýat bolýar. Hazaryň kenarynda bina edilen





«Awaza» sport toplumy sagdynlyga we ruhubelentlige sary beýik maksatlaryň hasyl bolýan mekanydyr. Merdanalaryň, ezberleriň, sportuň ussatlarynyň kemala gelýän bu sport toplumy asudalygy goraýan watançylaryň gaýratlylygyna synmaz ynamymyzdyr. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň sagdyn jemgyýeti kemala getirmeklige gönükdirilen tutumly işleriniň durmuşa geçirilmeginde bu toplum düýpli binýatdyr. «Awaza» sport toplumynda iri sport ýaryşlarynda döwlet Tugumyzy belentde pasyrdadyp, ilimize at-abraý getirjek türgenleriň taýýarlanylmagy üçin hem ähli mümkinçilikler ýola goýuldy. Çünki sport gözellik, sagdynlyk. Bular bolsa, asuda durmuşy üpjün edýärler.

Ýurdumyzda sportuň tehniki görnüşleriniň binýadynyň pugtalandyrylmagynyň iňňän uly manysy bardyr. Awtomobil sporty, motosport – bu diňe fiziki taýdan taplanmak hem bolman, eserdeňligi, oýlanyşyklylygy, şeýle hem tiz pikirlenmek endiklerini hem terbiýeleýär. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň «Sport-ulag» merkeziniň toplumyna girýän täze sport desgasy 15 gektara barabar meýdany eýeleýär. Täze motodromda motosikl tehnikalarynyň dürli görnüşleri üçin ýaryşlary geçirmäge zerur bolan şertler göz öňünde tutulandyr.

Sport ulagynda sürüjiniň özüni ykjam duýmagy, amatly oturmagy esasy şert bolup durýar, şeýle hem ulagyň tehniki ýagdaýyny gözden geçirmek sportuň bu görnüşi boýunça ýokary netije gazanmagyň baş şertidir. Türkmenistanyň


*«Awaza» sport toplumy*


EDARA BINASY


"AWAZA" SPORT TOPLUMY



Içeri işler ulgamyna degişli toplumyň işine uly badalga bermek bilen, sportuň tehniki görnüşlerini ösdürmek babatdaky ilkinji ädim ädildi diýilse dogry bolar. Munuň-da sebäbi, ýurdumyzyň içeri işler edaralarynyň gullukçylary şu ugurda görelde bolmalydyrlar. Bu olaryň hünär başarnygynyň esasynda subut edilen hökmany endiklerine öwrülmelidir. Men awtosportuň aýratynlyklary hakynda şol günki dabarada aýdan pikirlerimde bu ugurdan şahsy tejribäme hem esaslanandygymy bellemekçi bolýaryn. Awto we motosport adama tutanýerliligini artdyrmak üçin ajaýyp mümkinçilik berýär. Üstüňe düşýän agramlaryň bedene dogry täsir etmegini gazanyp, bedeni uýgunlaşdyrmaga ýardam berip, sportuň bu görnüşleri saglygyň umumy ýagdaýyna oňyn täsir edýär. Birnäçe görnüşleri özünde jemleýän awto we motosport dürli ýaşdaky adamlary özüne çekýär hem-de olara oňat beden gurluşyny saklamaga kömek edýär.

Kwadrasikle hem-de skutere erk etmegiň ynsana bogunlaryň, biloňurganyň berkemeginde, hereketleriň sazlaşygynyň gowulanmagynda, umuman, adamyň özüni oňyn duýmagynda möhüm ähmiýeti bardyr. Kwadrasikl we skuter sporty bilen meşgullanmak işjeň dynç alyşda örän ähmiýetlidir. Hususan-da, ulagyň bu görnüşiniň çylşyrymly ýerlerden geçmäge ukyplylygy, ýeňil dolandyrylyşy islendik ýollarda, islendik howada ulanmak mümkinçiligini, şeýle hem motosportuň köp ugurlylygyny, aýratyn-da, onuň syýahatçylyk ulgamynda ulanmagyň derejesiniň artyk-






*Köpugurly sport toplumy*









*Sport – asudalygyň goragçylarynyň hemrasy*

maçlygyny äşgär edýär. Şulardan görnüşi ýaly, ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy ulgamlarynyň gullukçylary üçin bu iň möhüm hünär endiklerini terbiýelemegiň ygtybarly bir mekdebidir. Sportuň şu görnüşi boýunça tejribe toplamakda Bütindünýä Saglyk gününe bagyşlanylan «Sagdynlyk we bagtyýarlyk» atly köpçülikleýin bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş-medeni çäreleriniň hatarynda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň çäginde welosport, awtosport we sportuň beýleki görnüşleri boýunça gyzykly bäsleşikleriň, Motosport biraýlygynyň ýaýbaňlanmagy uly ähmiýete eýedir.

Içeri işler edaralarynyň agzybir, zähmetsöýer işgärleri dünýewi, demokratik, hukuk döwletimiziň syýasy, ykdysady, durmuş özgertmelerini amala aşyrýan raýatlarymyzyň asuda, abadan, parahat durmuşynyň, jemgyýetçilik tertip-düzgüniniň, kanunlarymyzyň gyşarnyksyz berjaý edilmeginiň goragy bu ulgamyň hünärmenleriniň eziz Watanymyzyň öňündäki perzentlik parzydyr. Biziň 2017-nji ýyly «Sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýyly» diýip yglan etmegimiziň aýratyn manysy bar. Sebäbi bu ýyl Aşgabat şäherinde geçiriljek Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň ýylydyr. Aziada – 2017 ýurdumyzyň raýatlarynyň sagdyn durmuş ýörelgelerine, bedenterbiýä we sporta bolan garaýyşlaryny özgertmelidir. Bu şygaryň astynda müňlerçe sagdyn ýaş nesillerimiz kemala gelmelidir.





*Dabaraly harby ýöriş*

Men 2017-nji ýylyň 2-nji iýunynda Türkmenistanyň Ykdysady jenaýatlara garşy göreşmek baradaky döwlet gullugyny döretmek hakyndaky Permana gol çekdim. «Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, korrupsiýa bilen bagly hukuk bozulmalaryny ýüze çykarmak, duýdurmak, olaryň öňüni almak, üstüni açmak we derňemek boýunça işi has-da kämilleşdirmek maksady bilen döredilen bu döwlet gullugynyň işine hem rowaçlyk arzuw edýärin.

Indi çärýek asyrlyk menzil aşan eziz Watanymyzyň ähli ulgamlary, şol sanda ykdysady pudaklary hem özbaşdaklyk ýoluna düşdi.

Goý, asudalyk, abadanlyk ýaşasyn!

Mähriban Watanymyzyň her asuda säherinde seniň yhlasyň bardyr, merdana gerçek!



*Ahalteke bedewi – baýramlaryň bezegi*

# YNSANLYK DOWAMATYNYŇ EBEDILIGI

Eziz Watanymyz togap edilýän egsilmez baýlyklaryň mekanydyr. Şol baýlyklara sarpa goýmak adamzadyň bahasyz uly baýlygyna sarpa goýmakdyr.

Asudalygyň goragçysy! Sen gaýraty bilen ömrüni bezän merdanalaryň neslisiň. Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygyny goramak seniň gursagyňa borç bolup guýlan iň arzyly kesbiňdir.

Eziz Diýarymyzyň asuda durmuşy seniň bilimiň, yhlasyň, gaýratyň, merdana pederlere goýýan sarpaň bilen gazanylýandyr.

Merdana goragçy!

Iň mertebeli mukaddeslige deňelen eziz Watanymyzda parahatçylygy, agzybirligi, batyrlygy, zähmeti, halal ýaşaýşy wasp edip ýaňlanýan ganatly aýdymlar seniň kesbiňe söýgiňden dörän aýdymlardyr.

Göroglynyň watançylyk namalary seniň köňül namalaryňdyr. Çünki adalatly, asuda durmuşy söýmegi biz ady rowaýata öwrülen gadymy pederleriň nusgalyk ömri bilen geljege ýetirýäris.

Bu toprakda Gorkut ata, Görogly beg, Nejmeddin Kubra, Alp Arslan, Soltan Sanjar, Baýram han ýaly merdanalaryň nepesinden janlanan jadyly daragtlar saýa bolýar.



Seniň oňa wepaly bolup, adalaty, asudalygy goramagyň hökmandyr.

Merdana asudalygy goraýjy!

Ata-babalarymyzyň başlarynyň täjine deňän gymmatlyklarynyň biri ynsapdyr. Ynsap bize tebigatyň özüniň beren üşükleriniň toplumydyr. Ol öwrenilýän zat däl-de, zandy tebigatymyza siňdirilen gymmatlykdyr. Ynsabyň bar ýerinde adamkärçiligiň bardygyna ynanan ata-babalarymyz bu düşünjä jemgyýetiň derejesini aýan edýän ölçeg hökmünde garapdyrlar.

Asudalygy goraýjy gerçek! Sen bu garaýşyň gözbaşynda ýaradylyşyň nähili uly manysynyň ýatandygyna gowy düşünýänsiň. Jemgyýetimiziň mundan buýana hem asuda ýaşaýşyny gorap saklamakda saňa egsilmez güýç-gaýratlylyk ýaran bolsun!

Saňa ärleriň gaýraty, mertligiň göreldesi nusga bolsun.

Bu mähriban Diýarda adamyň bagtyýar ýaşaýşy hakyndaky arzuwlar hasyl bolýar.

Seniň wezipäň agzybirligi, howpsuzlygy, döwletliligi goramakdyr.

Ilhalar adamlaryň ömür ýoluny öwrenip, öňüňde özüň üçin täze geljegi aç!

Oka, öwren, bil, merdanalaryň ömür ýoly saňa her pursatda güýç bersin! Çünki okamak, öwrenmek, yzygiderli kämilleşmek saňa ýaraşýar. Bu seniň mertebeliligiňdir.



*Türkmen Tugy belentde pasyrdaýar*





*Mukaddes Tugumyza baky tagzym*

Dünýäniň täze ylym-bilimlerinden habarly bolmak üçin, okamagy hemişelik endigiňe öwürmegiň wajypdyr.

Il ykbaly – seniň ykbalyň. Magtymguly akyldaryň «Her iş gelse, il biläni» diýen setirleri seniň üçin başarjaňlygyň, ugurtapyjylygyň, töwekgelligiň ündeýän dana kelamydyr. Çünki sen ata-babalaryň gerçeklik edebine, merdanalyk sargytlaryna wepaly bolup, öz-özüňi yzygiderli kämilleşdirmelisiň.

Seniň halal zähmetiň netijesinde eziz Diýarymyzyň her gününde asudalyk baýramy dabaralanýar. Asudalyk geljekdir, asudalyk agzybirlikdir, asudalyk ynamdyr. Çünki her günüň asudalygynyň özi eziz Diýarymyzyň gözelliginiň dowamlylygyny äşgär edýän ajaýyp baýramdyr.

Goý, durmuş asuda bolup, jebislik ýaşasyn.

Eziz Watanymyza söýgiňiz ertirki nesillere, gözel durmuşa söýgiňizdir.

Gadyrdan asudalygy goraýjy! Men saňa hemişe Watan diýen beýikligiň gudratyny duýup, erkana, parahat durmuşda ýaşamagy arzuw edýärin.

Dünýäde abadanlyk bolsun!

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanymyz ýaşasyn!

## MAZMUNY


Durmuşyňyz asuda bolsun! .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 9

Iň gymmatly miras .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. . 27

«Her iş gelse, il biläni» .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 115

Ynsanlyk dowamatynyň ebediligi. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. .. 247

GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

# MERT ÝIGITLER GAÝRAT ÜÇIN DOGULÝAR


Jogapkär redaktor W. M. Hramow

Redaktorlar *N. Aşyrmämmedow,*
*B. Annabaýewa,*
*Ş. Myratgulyýewa*
Surat redaktory *O.Çerkezowa*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*
Kompýuter bezegi *I. Zasarinnaýa,*
*M. Sapargeldiýew*

Çap etmäge rugsat edildi 08.08.2017.
Ölçegi 60x84 1/8. Şertli çap listi 29,76.
Şertli-reňkli ottiski 119,29. Hasap-neşir listi 28,41.
Çap listi 32,0. Sargyt № 2131. Sany 14 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.

4 833001 501483